**MAGTYMGULY ADYNDAKY DIL WE EDEBIÝAT INSTITUTY**
**ÇÖLLER, ÖSÜMLIK WE HAÝWANAT DÜNÝÄSI MILLI INSTITUTY**

**S. Atanyýazow, Ö. Gurbanow, P. Esenow**

# HALK GEOGRAFIK ADALGALARYNYŇ SÖZLÜGI

*Professor M. Penjiýewiň redaksiýasy bilen*

**Aşgabat • Ylym • 2013**

UOK 81.344.3 (038)
A 87

**Atanyýazow S., Gurbanow Ö., Esenow P.**

A 87 **Halk geografik adalgalarynyň şözlügi.** *Prof. M. Penjiýeýewiň red. bilen*. – A.: Ylym, 2013. – 184 s.

Syn ýazanlar:
g.y.k. *G. Gurbandurdyýew*, t.y.d. *A. Ýazberdiýew*

Sözlük geografik adalgalarynyň türkmen dilindäki we türkmen diline başga dillerden geçen, dürli edebiýatlarda duş gelýän, şiwelerde ulanylýan, şonuň ýaly-da häzir diňe gadymy ýazuw ýadygärliklerinde saklanyp galan köneli̇şen (arhaizm) sözleriň görnüşleriniň 2300-e golaýyny özünde jemleýär. Sözlük makalalarynda halk geografik adalgalarynyň manysy, mazmuny, ulanylyşy barada maglumatlar berilýär.

Sözlük tebigy we adam tarapyndan döredilen gurşawyň desgalaryny öwrenijiler, geografiýaçylar, taryhçylar, dilçiler, aragatnaşyk we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işgärleri, ýokary mekdepleriň mugallymlary we talyplary, mekdep mugallymlary, şonuň ýaly-da ýurdumyzyň halk geografik atlary bilen gyzyklanýan giň okyjylar köpçüligine niýetlenendir.

TDKP № 20 KBK 80.2-4+26.891

© Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat instituty, Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty, 2013
© “Ylym” neşirýaty, 2013



*Biziň ösen döwletimizde, kämil jemgyýetimize laýyk aňyýetimiz we ruhy binýadymyz bolmalydyr. Munuň üçin biz hemişe ata-babalarymyzyň ýokary ylmy akyl ýetirişine, ösen dünýägaraýşyna şaýatlyk edýän gymmatly mirasymyza ýüzlenýäris.*

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Halk geografik adalgasy näme? Daşymyzy gurşap alan tebigy gurşaw biri beýlekisine meňzemeýän dürli-dürli tebigy desgalardan: depelerden, düzlerden, çöketliklerden, gyrlardan, daglardan, hanalardan, köllerden, haýwanat we ösümlik dünýäsinden… duryar. Ỳer üstüniň gurluşynyň dürli bolşy ýaly, onuň üstünde öwüsýän ýeller-de, beýleki klimatik şertler-de biri-birine meňzemeýär. Gadymy ata-babalarymyz şeýle hadysalary we ýer üstünde tebigatyň döreden dürli desgalaryny özlerine kybapdaş adaty sözler bilen atlandyrmagy başarypdyrlar. Ynha, olaryň şol hadysalara we desgalara dakan ýerli atlaryna edebiýatda halk geografik adalgalary, halky geografik adalgalar, geografik jyns atlar, ýerli geografik atlar ýaly dürli jemleýji atlar berilýär. Biz öz işimizde bulardan diňe halk geografik adalgalary diýen söz düzümini ulanmagy makul bildik.

Halk geografik adalgalarynyň ençemesiniň ylmy-barlagçylar tarapyndan ylmy geografik adalgalarynyň hataryna geçirilendigini ýatlamak ýerliklidir. Şunlukda ylmy adalgalar has takyk, kä halatlarda bolsa belli bir hadysa ýa-da ýere mahsus bolan mana, ölçege, aňlatma, mazmuna eýe bolýar. Şol sebäpli hem hödürlenilýän işde käbir atlaryň we sözleriň geografik adalgalary hökmünde seredilmegi jedelli hasaplanylyp bilner. Bu sözlükde, ylmy jedellere goşulmazdan, öňden bäri gepleşik we edebi dillere giren, çeper hem halk döredijiliginiň eserlerinde - folklorda duş gelýän geografik adalgalar ýa-da olaryň derejesine dalaş edýän atlar we sözler girizildi.

Ỳokarda aýdylanlar halk geografik adalgalaryny özleşdirmegiň, olary düşündirmegiň göräýmäge ýeňil ýaly bolmagy hakykata laýyk däldir. Dürli döwürlerde döränligi, taryhy-medeni hadysalaryň we

dürli halklaryň özboluşly däp-dessurlarynyň täsirlerine sezewar bolanlygy käbir adalga-atlaryň manysyny, aňlatmasyny, ähmiýetini diýseň baýlaşdyrýar. Halk geografik adalgalarynyň ylmy seljermesi heniz geçirilenok we öz barlagçylaryna garaşýar. Şol sebäpli nädogry teswirlemelerden we düşünjelerden gaça durmak üçin, halk geografik adalgalary ulanylanda, olara örän uly eserdeňlik bilen çemeleşmelidir.

## HALK GEOGRAFIK ADALGALARY BARADA GYSGAÇA MAGLUMATLAR

**Halk geografik adalgalarynyň geografik atlar bilen umumylygy we olaryň biri-birinden tapawudy.** Halk geografik adalgalarynyň *geografik atlar* diýen düşünje bilen gatyşdyrylýan ýerleri hem bar, ýöne beýle etmek düýbünden nädogrudyr. Çünki geografik adalga biri-birine meňzeş ýa-da meňzeşräk desgalaryň tutuş ulgamyny aňladýan umumy jyns atdyr. Meselem, *ýol* sözi iki nokadyň aralygyndaky gatnawly ugry bildirýän jyns atdyr. *Howa ýoly*, *gara ýol*, *demir ýol, suw ýoly* ýaly ýoluň dürli görnüşlerini aňladýan sözler hem şol bir adalganyň görnüşleridir, sebäbi olar *Demirgazyk deňiz ýoly*, *Ortaýol, Ỳolöten, Ỳolçilik* ýaly ýoluň belli bir ýeriniň has adyny aňlatmaýarlar. Şonuň üçin hem geografik adalgalar, edil beýleki jyns atlar ýaly, setir harpy bilen, emma geografik has atlar bolsa baş harp bilen ýazylýarlar.

Ỳöne weli geografik adalgalar bilen geografik has atlaryň arasy ýakyndyr, olar biri-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Sebäbi, geografik adalgalar geografik has atlaryň emele gelmegi üçin esasy özen, başlangyç nokat bolup hyzmat edýärler. Hatda adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň ilkinji basgançaklarynda hem geografik adalgalar geografik has atlaryň deregine ulanylyp hem bilnipdir. Meselem, şol döwürlerde gaýalaryň, daglaryň has atlary hökmünde *dag* ýa-da *daş*, derýalaryň hem *suw* ýaly jyns adyny ulanmak ýeterlik bolupdyr. Muňa *Gang, Don, Dnepr, Dnestr, Dunaý, Ỳewfrat, Ỳeniseý, Nil, Ob, Oder, Oka, Oks (Ügüz), Ohota, Prut, Reýn, Sind, Tarim (Tärim), Tibr, Tigr, Huanhe, Huaýhe, Çu, Ỳaýyk, Ỳanszy* ýaly derýa atlarynyň olary ilki döreden dürli halklaryň dillerinde "suw", "derýa", "akyn", *Apennin, Balkan, Karpat, Kaşgar, Kordilýer, Pireneý, Týan-Şan* ýaly dag atlarynyň

bolsa “dag”, “daş”, “gaýa” ýaly manylary aňladandygy hem mysal bolup biler [44].

Bu pikiriň delili hökmünde şu ýerde ýene bir zady ýatlamak ýerliklidir. Türkmenistanyň ýer-ýurt atlarynyň arasynda başga hiç hili aýyklaýjy we anyklaýjy sözleri kabul etmezden, diňe geografik adalgalaryň özünden durýan has atlar näçe diýseň bar. Muňa *Adak*, (“ada”), *Arkaç, Balkan* (“dag”), *Bokurdak, Burun, Ganaw, Gorgan, Daýna* (*dahana*, ýagny “agyz”), *Deşt* (“çöl”, “sähra”), *Jebel* (“dag”), *Jeňňel, Mekan, Nohur* (“akyn”, “çeşme”), *Ok, Takyr, Tirsek, Üňüz, Howdan, Çagyl, Çöňür, Çukur, Çäçe* (*çahça* – “çeşmejik”), *Şarlawuk, Etek, Etrek, Ỳasga* ýaly ýer-ýurt atlary mysal bolup biler. *Özegaryk, Gumdag, Tagtabazar, Çaýburun, Çölgum* ýaly ençeme atlar bolsa iki adalganyň birikmeginden hasyl bolupdyrlar. Diýmek, geografik adalgalar ýer-ýurtlara dakylýan has atlardan ep-esli öň dörändir.

Halk geografik adalgalarynyň geografik has atlar bilen ýakyn arabaglanyşygyny görkezýän ýene bir möhüm alamat bar – ol-da dürli halklaryň ýer-ýurt atlarynyň düzüminde geografik adalgalarynyň esli orny eýeleýänligidir. Meselem, Gazagystanyň ýer-ýurt atlarynyň ýarpysy [33], Türkmenistanyň ýer-ýurt atlarynyň hem ýüzden 54-55 bölegi geografik adalgalardan ýa-da şolaryň gatnaşmagyndan hasyl bolupdyrlar [4].

**Halk geografik adalgalaryny öwrenmegiň ähmiýeti.** Geografik adalgalaryň bir böleginiň dar çygra we şiwelere mahsus häsiýete eýedigine görä, olary öwrenmezden, ýer-ýurt atlarynyň käbiriniň aňladýan manysyny anyklamak mümkin däl. Meselem, *gala, depe, guýy, dag, derýa* ýaly sözler ähli türkmen şiweleri üçin umumy adalgalardyr. Emma *oýuk* (Garagumda çelgini anladýan söz), *çelgi* (o-da şeýle), *iýşme* (deňiz kenarynda süýji suw almak üçin gazylýan çukanaklar), *bu:rda* (sowma), *müger* // *müňer* (çeşme), *köw* (Garrygalada: “dagüsti tekiz düme meýdany”) ýaly ençeme adalgalar dar çygra degişli sözlerdir. Hut şonuň üçin-de “islendik toponimik derňew… ýönekeý geografik adalgalary ýygnamakdan we olary belli bir tertibe salmakdan başlanmalydyr” [38]. Bu babatda baryp 1949-njy

ýylyň noýabr aýynyň 30-ynda ozalky SSSR Geografiýa jemgyýetiniň Moskwa bölüminde (filialynda) ýörite geografik terminologiýa bagyşlanylyp geçirilen umumysoýuz maslahatynyň kararynda "toponimik derňewler ilki geografik terminleri öwrenmekden başlanmalydyr" düýip, ýörite görkezildi [61, sah. 13]. Şeýle edilmedik ýagdaýda käbir geografik adalgalarynyň, şonuň ýaly-da olaryň gatnaşmagyndan hasyl bolan ýer-ýurt atlarynyň aňladýan manylaryna düşünmek mümkin däldir.

Mälim bolşy ýaly, Ỳer ýüzünde tebigat tarapyndan döredilen daşky keşbi meňzeş bolup görünýän desgalar bar hem bolsa, olaryň her biri deňsiz-taýsyzdyr, bütin içki durky bilen biri beýlekisini gaýtalaýan, ähli babatda kybapdaş ýer we tebigy desga ýokdur. Meselem, çäge *çöli* ýa-da *sährasy, gum, çäge* ýaly adalgalar umumy meňzeşräk tebigy ýerleri, gurak klimatly, ýumşak, gumaksy, mehaniki düzümi ýeňil örtükli giňişlikleri aňlatsalar-da, olaryň aňladýan degişli tebigy künjekleri şol bir zat däldir, ýagny biri-birinden tapawutlanýandyr.

Bu hili adalgalaryň her biriniň many taýdan tapawutlanýan dürli äheňdäkileri we sypatdakylary bar. Mysal üçin, "çöl" sözi dünýäniň yssy ýurtlarynyň möçberinde şu aşakdaky ýaly tebigy aýratynlyklary bolan ýerleri: **ygallaryň möwsümleýin ýagýan depgini boýunça** – ygallar gyşyna ýagýar we *gurak möwsümi tomusda bolýan çölleri*; ygallar tomsuna ýagýan we *gurak möwsümi gyşda bolýan çölleri*; ygallaryň möwsümi iki gezek bolýan ýa-da olaryň *möwsümi belli bolmadyk çölleri*; ygallaryň kanunalaýyk möwsümleýin depgini (ritmi) bolmadyk ýa-da *düýbünden ygal ýagmaýan çölleri* aňladyp biler [23]. Bularyň içinde Türkmenistanyň çölleri ygallary gyşyna ýagýan we *gurak möwsümi tomusda bolýan çöllere* degişlidir. Ỳöne biziň ýurdumyzyň çöllerinde bir ýylyň dowamynda ýagýan ygalyň iň az mukdary 25 mm-den (Repetek) iň köp mukdary 250-300 mm-e (Garrygul) çenli aralykda üýtgäp bilýändigini ýatlamalydyrys. Üstesine-de, **Türkmenistandaky çöller, olaryň ýerüstüni örtüjileriniň litologiki tipi boýunça:** *çäge çöle, çäge-çagylly çöle, ownuk daş-gežli (gipsli) çöle, daşly çöle, topur çöle, toýunsow gert (lýoss) çöle, takyr ýa-da toýun çöle, amatsyz ýerli (bedlend ýa-da "aý daglary") çöle, şorluk* çöle bölünýär [48].

Ỳurdumyzyň çölleri başga nukdaýnazardan, ýagny olaryň ylmy bölünişiniň ýene bir görnüşinden seretseň, olar özleriniň - **ýerüsti keşbiniň (landşaftynyň) tipi boýunça:** gyrymsy agaçly (sazakly, gandymly we başg.) çäge çölüne; ownyk gyrymsyja agaçly (şoraly) gyýçakdaş-gežli (gipisli) çöle. Ýowşan efemerli gyýçak daş-toýunsow çöle; gyrymsyja agaçly we ýarym gyrymsyja agaçly daş çöle; ýarym gyrymsyja agaçly (ýowşan we ýowşan-şoraly) çöle; toýunsow efemer-ýowşanly çöle; suwotudyr lişaýnikli takyr çöle; şoraly bedlend (amatsyz ýerli) çöle; gyrymsyja agaçly we otly şorluk [19,47].

Edil *çöl* sözi ýaly *gum* adalgasy hem ony häsiýetlendiriji goşmaça sözler (meselem, *berkgum, aňňatgum, gyzylgum, akgum*) bilen bilelikde aňladýan manysyna görä, onlarça dürli, biri-birinden üýtgeşik bolan çöllük ýerleri tapawutlandyryp biler [7]. Şonuň üçin-de bu adalgalary içgin öwrenmek olaryň aňladýan desgalarynyň aratapawutlaryna göz ýetirmäge kömek edýär [29]. Ỳer togalagynyň polýuslaryna golaý ýerlerde (Grenlandiýa, Antarktida we başgalar) sowuk çölleriň bardygyny bilmek okyjylar üçin gyzyklydyr [20]. Sözlügiň diňe türkmen dilindäki adalgalara bagyşlanandygy üçin, biz sowuk çöllere degişli adalgalary ulanmadyk.

Çet diliň sözlerinden emele gelen adalgalaryň öwrenilmegi türkmenleriň geçmişde aragatnaşyk eden halklaryny anyklamakda hem uly ähmiýete eýedir. Eliňizdäki sözlükde düşündirilýän sözlerden görnüşi ýaly, türkmen geografik adalgalarynyň arasynda arap, ylaýta-da pars sözleri ep-esli bar. Soňky ýüz ýyldan gowrak döwrüň dowamynda bolsa dilimize rus diliniň we onuň üsti bilen Ỳewropada ýaşaýan halklaryň ençeme sözleri aralaşdy. Muny halk geografik adalgalarynyň mysalynda-da aýdyň görmek mümkin.

Türki dillerden, şol sanda türkmen dilinden beýleki dillere, meselem, rus diline we onuň üsti bilen Ỳewropadaky halklaryň dillerine aralaşan türk (türkmen) geografik adalgalarynyň sany hem esli bar. Olaryň käbirlerini agzap geçeliň: *адыр, аккум, арал, арк/арка* (erk), *арна, арык, аул* (türkmençe agyl), *баир* (baýyr), *бархан, бахча* (bakja), *буран* (boran), *дейгиш* (degiş), *джунгли* (jeňňel), *казан* (gazan), *как/хак, каракум, курган* (gorgan), *киоск* (köşk), *кишлак* (gyşlag), *култук* (goltuk), *кум* (gum), *кяриз, мазар, майдан* (meýdan), *маяк* (türkmençe baýdak), *ойтачное*

*земледелие* (oýtak ekerançylygy), *орда, сарай, сардоб* (sardoba), *сель* (sil), *сырт, сибирь, такыр, тархан, тугай* (tokaý), *туман* (tümen), *хауз* (howuz), *чинк* (çüňk), *юрта* (ýurt), *яйла, яр* (häzirki zaman türkmen dilinde *jar*; asly ýarmak işliginden) we ş.m.

Geografik adalgalary toplamak, olary yzygider tertipde öwrenmek diliň sözlük düzüminiň baýlaşmagyna kömek edýär, galyberse-de, ýokary we umumy bilim berýän mekdeplerde talyplaryň we okuwçylaryň geografiýa, taryh ýaly sapaklary, ýurdumyzyň tebigy aýratynlyklaryna degişli maglumatlary gowy özleşdirmegine ýardam berýär.

**Halk geografik adalgalarynyň tipleri.** Olar köpsanly bolup, yzygiderli öwrenilmegine mätäçdir. Türkmen dilindäki halk geografik adalgalarynyň aşakdaky ýaly görnüşleri hasaba alnyp, eliňizdäki sözlüge girizildi:

1. Ýer üstüniň gurluşynyň dürli görnüşlerine degişli adalgalar.

a) Relýefiň belent ýerleriniň atlary: *dag, depe, baýyr, beýik, gyr, düwrün, doň/döň, geriş, çeňňe, burun, alaň* we ş.m.;

b) Ỳer üstündäki peselýän ýerleriň atlary: *oý, köw, peslik, çöketlik, dere, jülge* we ş.m.;

ç) Düzlük ýerleriň atlary: *tekizlik, takyr, ýazy, deger, şyr* we ş.m.

2. Suwly ýerleriň, suw ýollarynyň atlary: *deňiz, köl, derýa, çaý, çeşme, bulak, müner, guýy, ýap, salma, akyn, joýa* we ş.m.

3. Klimat şertleri we howa ýagdaýlary bilen baglanyşykly adalgalar:

a) ýel atlary: *ýel, şemal, sörtük, epgek, gaý, tupan, jylawaz, külek* we ş.m.;

b) atmosfera ygallarynyň atlary: *gar, gyraw, buz, doly, duman, ümür, jöwenek, ýagyş, burjy, sençe, boran, çabga (çagba), jala* we ş.m.

4. Ýylyň, paslyň, günüň…wagtlary bilen bagly atlar: *ýaz, gyş, bahar, güýz, tomus, çille, düwlen döwri, agşam, ikindi, guşluk, öýle, günortan, ertir, şam* we ş.m.

5. Tarap atlary: *gündogar, günbatar, günorta, demirgazyk, ýele, yk, ileri, gaýra, ýokary, aşak, güneý, guzaý* we ş.m.

6. Adamyň döreden desgalarynyň atlary*: gala, pel, atyz, akaba, guýy, käriz, gaçy, çyrla* we ş.m.

Diňe bir ýokarda sanalanlar däl, eýsem, *dag, derýa, deňiz, çöl, sähra, gyr* ýaly düşünjelere degişli kiçi bölekleriň, olaryň dürli görnüşleriniň adalgalaşan atlary, şeýle-de türkmen diline çet dillerden giren we häzir ýörgünli bolan geografik adalgalar hem sözlüge girizildi.

**Halk geografik adalgalarynyň çeşmeleri.** Türkmen dilindäki halk geografik adalgalary dilimizdäki söz gorunyň irki gatlagyny emele getirýän topara degişlidir. Şu güne çenli dilimizde ýörgünli bolan şeýle adalgalaryň aglabasy, ýagny *agyz, ara, arka, atyz, balyk (*şäher*), baş, bedük (*beýik*), boz, il, ilgery (*ileri*), ýaz, ýazy, ýan, ýer, ýol, ýokary, gapyg* (gapy), *gar, gol* (go:l)*, gorgan, gyş, gaýra, gije, köbrüge* (köpri), *köl, güýz, gün, ordu, öň, sub* (suw), *dag, daň, daş, degre, doguş* (gündogar), *tümen, tüň ýaly* ençeme sözler baryp türki dilleriň VII-VIII asyrlara degişli gadymy runik ýazuw ýadygärliklerinde duş gelýärler [35].

Mahmyt Kaşgarlynyň "Diwany lugat-at türk"(XI asyr) atly meşhur sözlügi bolsa türki, şol sanda türkmen geografik adalgalarynyň gadymy gatlagyny anyklamakda esasy çelgidir. Bu işde gadymy adalgalaryň ýüzlerçesi duş gelýär.

Biz eliňizdäki sözlüge girizilen adalgalary we sözleri ýokarda agzalan işlerden, şeýle-de türki dilleriň gadymy we häzirki sözlüklerinden, ylmy çeşmelerden we çeper eserlerden topladyk. Olardan başga-da, iş saparlary döwründe il içinden ýygnalan adalgalar hem sözlükde peýdalanyldy.

**Türkmen geografik adalgalary babatda edilen işlere gysgaça syn**. Öňde ýatlaýşymyz ýaly, türkmen geografik adalgalaryny köpçülikleýin öz içine alýan iň gadymy, has ähmiýetli we göwrümi boýunça uly iş Mahmyt Kaşgarlynyň "Diwanydyr" [62].

Üç tomdan ybarat bu sözlükde, gadymy döwürde ulanylan beýleki sözler bilen birlikde, türk (türkmen) geografik adalgalarynyň ýüzlerçesi getirilýär. Olaryň käbiriniň häzirki döwürde ulanylyşdan galanlygyna seretmezden, aglabasynyň gadymy köküni, aslyny we şekilini, nähili üýtgeşmelere sezewar edilendigini anyklamakda bu sözlügiň ähmiýeti biçak uludyr.

Umuman, türki dilleriň sözlerini öz içine alýan gadymy we häzirki zaman sözlükleriniň aglabasyndan bizi gyzyklandyrýan meselä degişli maglumaty azda-kände tapmak mümkindir. Ýöne weli olaryň arasynda bu babatda akademik W.W. Radlow [49] tarapyndan ýazylan 4 tomluk, her tomy hem 70-80 çap kagyzlyk iki kitapdan (jemi 8 kitapdan) ybarat bolan äpet sözlüge [48] taý geljek iş azdyr. Bu tutumly işde türki (türkmen) adalgalarynyň hem köp mukdary bar.

Her niçigem bolsa, türki halklaryň geografik adalgalaryna bagyşlanan ýörite derňewler we şol adalgalaryň sözlüklerini düzmek işi geçen asyryň 40-njy ýyllaryndan başlandy. Ilkinji bolup bu işe gazak alymy G. Konkaşpaýew [29] girişdi. Ol 1951-nji ýylda rus dilinde jemi 650 adalga düşündiriş berýän ilkinji gazak (türk) geografik adalgalar sözlügini [30] we şu mowzukdan uly ylmy makala [31] çap etdirdi. Şol döwürde azerbaýjan alymy R.Ýüzbaşow [61] we özbek alymy H. Hasanow [66] ýaly hünärmenler hem öz iliniň geografik adalgalaryny ymykly öwrenip, bu ugurdan ençeme ylmy işler we sözlükler neşir etdirdiler.

Moskwaly baýry alym E.M. Murzaýewiň ençeme kitaplarynda we ylmy işlerinde [39,40,42,43] türki (türkmen) geografik adalgalaryna uly üns berilýär. Bu alym 30-njy ýyllarda Garagumda ylmy-barlaglar geçirende, şol adalgalaryň esli mukdaryny ýygnap, olar barada ýörite ylmy makala hem neşir etdirdi [39]. E.M. Murzaýew öňki SSSR-iň ençeme ülkeleri, ylaýta-da, ozalky Orta Aziýa boýunça geografik adalgalaryň ilkinji sözlügini baryp 1959-njy ýylda çap etdirdi [40]. Bu işiň üsti ýetirilen, 655 sahypadan ybarat has doly görnüşi bolsa 1984-nji ýylda çapdan çykdy [42].

Ỳokarda atlary tutulan alymlaryň ylmy derňewleri we çap edilen sözlükleri türkmen geografik adalgalaryny derňemek üçin nusga bolup hyzmat etdi.

Türkmenistanyň özünde-de geografik adalgalaryň derňewine ýeterlik üns berilmedi. Baryp 1954-nji ýylda doganlar Arkadiý Pawlowiç we Aleksandr Pawlowiç Lawrowlar bu sözleriň rusça-türkmençe sözlügini düzüp, rus dilindäki 1200 töweregi adalganyň türkmençe terjimesini we gysgaça teswirini çap etdirdiler [10].

M. Geldihanow [24-27] türkmen geografik adalgalaryndan kandidatlyk dissertasiýasyny gorady we Türkmenistanyň gidrografiýasyna degişli 90-a golaý adalgalarynyň manysyny hem-de Garagum çölünde suw almaga, toplamaga, saklamaga degişli adalgalaryň gelip çykyşy barada ylmy makalalary ýazdy [27].

Aslyýetinde Türkmenistanyň geografiýasyna we ýurduň tebigy baýlyklaryny tygşytly peýdalanmaga degişli edebiýat çeşmelerinde halk geografik adalgalaryna duş gelmek bolýar. Emma olarda agzalýan adalgalaryň düşündirilişi örän seýrek berilýär. Şol sebäpli hem adalgalara düşündiriş berilmeýän işler seljerilmedi. Seredilip geçilýän meseläni çözmekde geograf-eremologlaryň (çöli öwrenijileriň) işlerinde getirilýän diňe bir Türkmenistanyň däl-de, eýsem Ýer togalagynyň çölleriniň halk geografik adalgalaryndan mysallary öz içine alýan, baý maglumatlar diýseň peýdalydyr [19, 20, 43, 48 we başgalar]. Mysal üçin, Z.G. Freýkiniň işinde [57] ozalky SSSR-iň we onuň bilen serhetdeş ýurtlaryň gurak zonada ýerleşen meýdanlaryny öwrenmek we özleşdirmek bilen baglanyşykly giňden ulanylýan aňlatmalaryň we adalgalaryň hatarynda halk geografik adalgalaryna hem düşündiriş berilýär. Çölleriň, çägeleriň özbaşdak aýtymlarynyň dürli görnüşlerine, şekillerine we gaýry aýratynlyklaryna dahylly atdyr adalgalarynyň düşündirilişine hem-de terjimesine seredilip geçilýän işler [7] hem duş gelýär.

Ỳöne bu sanalan işleriň ählisinde sözler geografik jähtden derňeldi, olaryň dilçilik nukdaý-nazardan derňewine we gadymy türki ýazuw ýadygärlikleriniň maglumatlaryna ýeterlik üns berilmedi. Iň esasy zat – şu wagta çenli halkymyz tarapyndan döredilen baý mirasyň – ýerli geografik adalgalaryň türkmen dilinde düşündirişli sözlügini düzmek baradaky wajyp mesele ünsden düşürildi.

Şuny nazara alyp, şu işde çärýek asyryň dowamynda il içinden we dürli edebi çeşmelerden toplan halk geografik adalgalarymyzy jemläp, tertipleşdirip, olaryň dilçilik nukdaýnazardan mümkin bolan daşary ýurt dillerindäki terjimeleri hem berilýär. Bu babatdaky käbir ylmy derňewler neşir edilipdi [3,17].

## SÖZLÜGIŇ GURLUŞY BARADA

2300 çemesi geografik adalgany öz içine alyp, olaryň aňladýan manylaryna düşündiriş berýän bu sözlükde sözlük makalalarynyň gurluşy aşakdakylar ýalydyr:

1. Sözlük makalalaryna sözbaşy edilip alnan (reýestr) sözleriň gara şriftlerde berlip, olaryň diňe birinjisi baş, galanlary setir harplary bilen ýazyldy.

2. Reýestr sözleriň yzyndan burçly ýaýda olaryň çekimlilerindäki uzynlyk iki nokat arkaly görkezildi. Meselem:

**Agma** [a:gma].

Iki we köp sözden durýan reýestrlerde burçly ýaýda diňe uzyn çekimlisi bolan sözler getirilip, beýlekileriniň ýerine köp nokat goýuldy. Meselem:

**Abat ýer** [a:ba:t…].

3. Çet diliň sözlerinden bolan adalgalarda burçly ýaýyň yzyndan otur goýlup, olaryň degişli dilleriniň ady gysgaldylyp görkezildi. Meselem:

**Bat** [ba:t…] *p.* – ýel, şemal.

Getirilen mysal "ýeli" hem "şemaly" aňladýan "bat" sözüniň pars diline degişlidigini görkezýär.

Sözlük makalalarynda türkmen sözlerinden emele gelen adalgalarda olaryň türkmen diline degişlidigini görkezýän ýörite bellik goýulmady. Sebäbi olaryň aglabasynyň türkmen diline degişlidigi şübhe döretmeýär.

4. Häzirki türkmen dilinde ulanylmaýan, emma onuň gadymy ýazuw ýadygärliklerinde duş gelýän sözler *kön.s.* (könelişen söz), diňe türkmen şiwelerinde ulanylýan adalgalar hem *ýerli g.* (ýerli

2.

gepleşik) diýen bellik bilen bellenildi. Adalgalardaky kesp-hünär bilen baglanyşykly bolan sözlerde hem şol bellik (*ýerli g.)* ulanyldy (serediň: *Yza, Iýşme*).

5. Şu belliklerden soň kese çyzyk goýlup, onuň yzyndan adalgalaryň manysy, teswiri getirildi.

6. Bir söz birnäçe adalgany hem aňladyp bilýär. Şeýle ýagdaýda onuň manylary san belgileri ýa-da harplar bilen şol bir makalanyň içinde bellendi.

7. Adalganyň dogry manysyny ýüze çykarmak, kä ýagdaýda onuň ulanylyş gerimini takyklamak maksady bilen, käbir makalalarda adalgalaryň teswirinden soň romb (◊) belligi goýlup, onuň yzyndan çeper eserlerden alnan mysallar, köplenç halatda bolsa şol adalga bilen gelýän geografik atlar getirildi.

8. Sözlük makalalarynyň käbirinde şol adalgany ulanan ýa-da onuň manysyny düşündiren alymyň ady ýaý içinde getirildi. Onuň işiniň doly ady peýdalanylan edebiýatlaryň sanawynda berilýär.

## GYSGALTMALAR

*a.* – arapça, arap dilinde
*alm.* – alman (nemes) dilinde
*ar.* – arabaçy şiwesi
*Astr.* – Astrahan türkmenleriniň gepleşigi
*ata* – ata şiwesi
*çow.* – çowdur şiwesi
*dg.* – demirgazyk
*dg.ýom.* – ýomut şiwesiniň demirgazyk gepleşigi
*deň.* – deňeşdiriň
*ДТС* – Древнетюркский словарь. Л.: Наука, 1969
*ärs.* – ärsary şiwesi
*far.* – farap şiwesi. Bu şiwe Farap, Galkynyş, Serdarabat etraplarynyň ýerli ilatynyň gepleşigini öz içine alýar
*fin.* – fin dili
*fr.* – fransuz dili
*gar.* – garadaşly şiwesi
*gb.* – günbatar
*gb.ýom.* – ýomut şiwesiniň günbatar gepleşigi
*gd.* – gündogar
*gepl.d.* – gepleşik dili
*g.galp.* – Garagalpagystan türkmenleriniň gepleşigi
*go.* – günorta
*gol.* – golland dili
*göç.m.* – göçme manyda
*gök.* – gökleň şiwesi
*g.t.s.* – gadymy türki söz

*ГП, 2000* – Глобальная перспектива 2000 // Доклад ЮНЕП о состоянии окружающей среды в конце тысячелетия. ЮНЕП, Интердиалект, 1999. С. 158–175
*ГЭС, 1989* – Географический энциклопедический словарь. М., 1989
*hat.* – hatap şiwesi
*hyt.* – hytaý dili
*iňl.* – iňlis dili
*isp.* – ispan dili
*it.* – italýan dili
*Kaşg.* – Mahmyt Kaşgarlynyň “Diwan lugat-at-türk” diýen sözlügi
*kön.s.* – könelişen söz
*km* – kilometr
*kw/km* – kwadrat (inedördül) kilometr
*lat.* – latyn dili
*m* – metr
*man.* – Änew şiwesiniň manyş gepleşigi
*maňg.* – Maňgyşlak türkmenleriniň gepleşigi
*Magt.* – Magtymguly
*MITT* – Материалы по истории туркмен и Туркмении. Т. 1. М.; Л.: Изд-во АН СССР, 1939; Т. 2. М.; Л.: Изд-во АН СССР, 1938.
*mln* – million
*mong.* – mongol dili
*m/sek.* – metr sekuntda
*mür.* – mürçe gepleşigi
*noh.* – nohur şiwesi
*ol.* – olam şiwesi
*p.* – pars dili
*r.* – rus dili, rusça
*sak.* – sakar şiwesi
*sal.* – salyr şiwesi
*salar* – Hytaýda ýaşaýan salar türkmenleriniň gepleşigi
*sansk.* – sanskrit ýazuw dili
*sar.* – saryk şiwesi
*ser.* – serediň

*sm* – santimetr
*sogd* – sogd dili
*Stawr.* – Stawropol türkmenleriniň gepleşigi
*t.* – türk (türkmen) sözi
*ТДС* – Türkmen diliniň sözlügi. M.Ýa. Hamzaýewiň red. bilen. Aşgabat: TSSR YA-nyň neşirýaty, 1963.
*täj.* – täjik dili
*täze s.* – täze dörän söz
*türkm.* – türkmenler; türkmenleriň
*wel.* – welaýat
*ýemr.* – ýemreli şiwesi
*ýerli g.* – ýerli gepleşik
*ýun.* – ýunan (grek) dili

## TÜRKMEN ELIPBIÝI

| Basmaçasy | Ýazmaçasy | Basmaçasy | Ýazmaçasy |
|---|---|---|---|
| Aa | *Aa* | Nn | *Nn* |
| Bb | *Bb* | Ňň | *Ňň* |
| Çç | *Çç* | Oo | *Oo* |
| Dd | *Dd* | Öö | *Öö* |
| Ee | *Ee* | Pp | *Pp* |
| Ää | *Ää* | Rr | *Rr* |
| Ff | *Ff* | Ss | *Ss* |
| Gg | *Gg* | Şş | *Şş* |
| Hh | *Hh* | Tt | *Tt* |
| Ii | *Ii* | Uu | *Uu* |
| Jj | *Jj* | Üü | *Üü* |
| Žž | *Žž* | Ww | *Ww* |
| Kk | *Kk* | Yy | *Yy* |
| Ll | *Ll* | Ýý | *Ýý* |
| Mm | *Mm* | Zz | *Zz* |

## – A –

**Ab, ap** [a:b, a:p], *p.* – suw, çeşme, bulak, derýa, guýy. ◊ Germap, Murgap, Abdara, Seýrap.

**Abammar** [a:bammar], *p. – ser.* Sardaba.

**Abat** [a:ba:t], *p.* – şäher; oba, ilatly, ýaşamak üçin abat edilen ýer. ◊ Aşgabat, Haýrabat, Serdarabat, Hywaabat, Şabat, Apbasabat, Türkmenabat, Serhedabat, Balkanabat.

*Abady, haraby, derýasy, düzi,*
*Ýüz kyrk alty müň agaç ýoldur bu dünýä (Magt.)*

**Abat ýer** [a:ba:t] – **1.** Köpden bäri suwarylyp, ekin ekilip gelinýän ýer. Oňa abat toprakly ýer hem diýilýär. **2.** Köpden bäri ýaşalýan oturymly ýer.

**Abyrowan** [a:byrowa:n], *p.* – akar suw.

**Açyk, açyklyk** – **1.** Tokaýyň, jeňňeliň içinde ýerleşen ösümliksiz açyk meýdan. **2.** Açyk, dury (howa).

**Açyk deňiz** – diňe bir ýa-da birnäçe döwletiň garamagynda bolmadyk deňiz. Onda ähli döwletleriň gämileriniň ýüzmäge haky bar.

**Açyk howa** […howa:] – asman bulutsyz, deňiz gomsuz, ýelsiz, rahat bolan wagtyndaky aýdyň howa.

**Açyk okean** – okeanyň kenardan örän uzakda ýerleşen suw giňişligi.

**Açyk port** – daşary ýurt gämileriniň erkin baryp bilýän portlary.

**Ada** [a:da] – töweregini suw gurşap alan gury ýer bölegi. Adalar iki topara: materikden bölünip aýrylan adalara we özbaşdak, ýagny

materik bilen hiç wagt birleşmedik adalara bölünýärler. ◊ Gara ada, Dagada, Akja ada, Ogurjaly adasy.

**Adak,** *ýerli g.* – **1.** Derýanyň, ýabyň, gyryň aýak çeti, aşaky bölegi, günbatary. ◊ Adagaryk, Adak. **2.** "Ada" sözüniň gadymy görnüşi (*far.*). **3.** Derýanyň suwunyň çekilen ýeri (*far.*).

**Adalyk** [a:dalyk] – biri-birlerine örän ýakyn ýerleşen adalar topary.

**Adyr** – **1.** Belentli-pesli, üsti kiçijik jarlar we jülgeler bilen ýapgyt-güberçek we tekizleşen baýyrlara dilkawlanan çöl hem ýarym çöl baýyrlyk dag etegi. ◊ Adyrkak, Adyrdag. **2.** *ser.* Etekgum. ◊ *Guýynyň töweregi giň seleň bir adyrsow meýdandy* (A.Gowşudow. "Perman").

**Aeroport,** *ýun.* – howa gatnawynyň uly duralgasy; howa ýoly bilen ýolagçy, poçta we ýük gatnawyny üpjün etmek üçin, howa ýollarynyň ugrunda ýerleşip, ähli zerur serişdeleri bolan hemişelik aerodrom.

**Agaç** – **1**. Uzynlyk ölçegi. ◊ *Ýüz kyrk alty muň agaç bu dünýä* (Magt.); Ýediagajyň düzi. **2.** Geodezik bellik, triangulýasiýa nokatlary. ◊ Üçagaç, Agaçlydepe. **3.** Tokaý, agaçlyk ýer. ◊ Agajäri (orta asyr türkmen taýpasy), Agaçdere.

**Agma** [a:gma] – dagyň, gyryň dik gerişleriniň üstünden geçilýän (agylýan) ýer. Oňa *agyş* (a:gyş) hem diýilýär.

**Agnak** [a:gnak] – ýabany haýwanlaryň agynaýan ýerleri.

**Agşam** – günüň ýaşan çagy.

**Agyl** [a:gyl] – **1.** Oba (Stawropol türkmenleri, Hytaýda ýaşan salar türkmenleri. Bu söz *awul* sözüniň gadymy görnüşidir). ◊ Başagyl, Damagagyl, Metjidagyl, Musahajyagyl. **2.** Iri we ownuk mallaryň gabalyp saklanýan ýeri. ◊ Garaagyl. **3**. Günüň, Aýyň daşyna aýlanýan halka. ◊ *Aý agyllasa, aýda ýagar, Gün agyllasa, günde* (nakyl).

**Agym** [a:gym] – **1.** Gumda, sährada dowaryň bir doýumlyk otuny alyp biljek örüsi. **2.** Bir ýadawda ýörelýän ýol (Kaşg.).

**Agyr** – üstünden geçmesi kyn ürgün çägelik. ◊ Agyrýol.

**Agyş** [a:gyş] – dik gerşiň geçelgesi. *ser.* Agma.

**Agyz** – **1.** Jülgäniň, deräniň dagdan düzlüge çykýan ýeri, agzy. ◊ Daşagyz, Giňagyzdere, Gargylyagyz. **2.** Ulgamyň, dagyň, ýapynyň,

belent gyryň üstünden geçmek üçin amatly ýapgyt ýa-da gädik ýeri. ◊ Kiçgineagyz, Agzygara, gyragzy. **3.** Uly ýaplaryň birnäçe ýaba aýrylýan ýeri, gatlasy. ◊ Üçagyz. **4.** Derýanyň deňze guýýan ýeri. ◊ Guýanagyz. **5.** Gum ýolunyň başlanýan ýeri, gumetekden gumuň jümmüşine gidýän ýollara düşmek üçin agyzlar. ◊ Ýandaklyagyz, Künjüliagyz.

**Ahyr** [a:hyr] – daglarda mal ahyryny ýada salýan ýerler. Mallaryň öňüne ot, iým, tirt dökmek üçin palçykdan, tagtadan bejerilýän aýmançalara meňzeş bolany üçin, şeýle at berlipdir. ◊ Düldülahyr.

**Ahyra** [a:hyra] – gazy-haşar işlerinde ýabyň düýbünden pil bilen ýokary atylýan gumy birbada raýyşdan aşyryp taşlamak mümkin bolmadyk ýagdaýynda, raýyşda laý taşlamak üçin edilen sekmerler (käbir belent raýyşlarda 3-4 ahyra edilipdir).

**Ajy** [a:jy] – **1.** Suwy ajy guýular, çeşmeler, köller we beýleki suwly ýerler. ◊ Awyajy, Ajybulak, Ajygamyş, Ajyköl, Ajyguýy, Ajyderýa, Ajydüz, Ajyýap, Ýerajy, Üçajy, Sekizajy, Ýarajy. **2.** Deňiz aýlagynyň suwy, deňziň asuda kenary.

**Ajyguýy** [a:jyguýy] – *ser.* Ajy – **1.**

**Ak** [a:k] – ak ekin (arpa, bugdaý) ekilýän ýer. ◊ Akýap.

**Akaba [**aka:ba] – suw akýan tebigy we emeli akarlar: jar, ýap, çeşme we ş.m. ◊ «Altyn asyr» Türkmen kölüniň Baş şor suw akabasy, Hanhowuz ene ýaby ýa-da akabasy, Maşyn akabasy (Türkmengala etraby), Ýylanly akabasy, Baş Derýalyk akabasy, Serhet akabasy, Köllük Dostluk akabasy, Baş Köneürgenç akabasy, Kyrkgyzoý akabasy, Baş Garşy akabasy, Baş zeýakaba ýa-da Baş çep kenar zeýakabasy, Murgap şor suw akabasy, Jar (şor, käbir ýyllarda joşgun süýji suw) akabasy, Birikdiriji Jar akabasy (Mary welaýaty), Gara-Wekil akabasy (Tejen oazisi), Tejen şor suw akabasy, Akbugdaý şor suw akabasy, Aşgabat şor suw akabasy, Baharly şor suw akabasy.

**Akar** – çeşme, akýan suw, akaba. ◊ Akar, Akarçeşme, Uzynakar. Ỳene-de: *Akarda suw ýa öserde ýel bolgul* (*Magt.*).

**Akaw** [aka:w] – **1.** *ser.* Akaba. **2.** Derýanyň kenaryny opurýan ýeri, degiş (garagalpak türkmenleri). **3.** Çaý, sil ugry (Balkan sebitleri).

**Akbulak** [a:kbulak] – *ser.* Aksuw.

**Akçäge** [a:kçä:ge] – *ser.* Akgum.

**Akdag** [a:kda:g] – **1.** Ak (çal) reňkli dag jynslaryndan durýan dag. **2.** Üsti garly daglar. ◊ Akdag.

**Akdepe** [a:kdepe] – üsti ot-çöpsüz, uzakdan agaryp görünýän depeleriň bir görnüşi *deň:* Garadepe, Gökdepe.

**Akgum** [a:kgum], **akçäge** [a:kçä:ge] – ýeliň ugruna ondan-oňa göçüp ýören ýalaňaç çägeleriň bir görnüşi. Alaň bilen deňeşdirende, olaryň meýdany uly bolýar. *Deň.*: Garagum. ◊ Akgum, Akçäge.

**Akguýy** [a:kguýy] – Garagumda gazylýan guýularyň bir görnüşi. Köplenç, aklaň çägelerde gazylýan bu guýularyň suwy süýji bolup, ol ýerasty suwlardan syzyp toplanýar (Murzaýew). ◊ Akguýy.

**Akgyn** – derýanyň hanasynda suwuň çalt akýan ýeri.

**Akgyr** – *ser.* Gatakar.

**Akgyt** – suwuň akan ugry. ◊ *Şol töwereklerde köne akgytlaryň, mähnet noburlaryň sany ýokdy* (çeper edebiýatdan).

**Aklaň** [a:klaň] – **1.** Guýularyň, obalaryň ýanynda ýerleşen we akçägelere seredende, meýdany kiçi, eteginde iki-ýeke selin, sözen gögerýän, ýeliň ugruna göçüp ýören ýa-da keşbini üýtgedýän, bitaý eňňitleri bolan çäge şekilleri (barhan). **2.** Ekin ekilmeýän, suwarylmaýan boz ýerler (ärs.).

**Aklaň çäge** [a:klaň çä:ge] – *ser.* Aklaň – 1.

**Akma** – suw akýan (ýa-da öň akan) akyn ugry, saý (Köýtendag). ◊ Gyzylakma.

**Akmaýanyň ýoly** [a:kma:ýanyň ýo:ly] – ýyldyzlar topary.

**Aksuw** [a:ksuw], **akbulak** [a:kbulak] – dag çeşmeleriniň, kölleriň bir görnüşi. Çuň we çalt akmaýan dury suwlar bilen deňeşdirende, saý suwlar, çalt akýan çeşmeleriň bulanyk ýa-da köpürjikli suwlary agymtyl görünýär. Kükürtli wodoroda we beýleki käbir minerallara baý çeşmeleriň suwy hem şeýle häsiýete eýedir. A.N. Kononow [34a], E.M. Murzaýew [43], Ỳe. Koýçubaýew [28a] ýaly alymlar bu adalganyň *ak* sözüni *akyk* ("akýan") işliginden hasaplap, onuň reňk bilen baglanyşygyny düýbünden inkär edýärler. Emma bu pikiriň nädogrudygy gazak alymy G.Konkaşpaýew tarapyndan doly subut edildi [29–34].

**Akşor** [a:kşo:r] – şory topragyň ýüzüne çykyp, agaryp ýatan ýer.

**Akwatoriýa**, *lat.* – gämi duralgasyna, porta, goraghana, köle, aýlaga, howdana degişli we beýleki suwüsti aýtymlar.

**Akweduk,** *lat.* – ýabyň, kanalyň, jaryň üstünden nowa ýa-da turba arkaly suw geçirilýän desga, ternaw.

**Akym** – **1.** Suwuň akýan ugry, gidýän ugry (Kaşg.).

**2.** Ýeliň, atmosfera tolkunlarynyň ugry, ýönelýän tarapy.

**Akyn** – **1.** Akýan suw. ◊ Porsyakyn. **2.** Siliň ugry, sil (Kaşg.). **3.** Derýanyň öz hanasynda tolkunlap, güýçli akýan ýeri.

**Akýer** [a:kýer] – ekerançylykda ekilmän galan ýer (far.).

**Ak ýeri** [a:k…] – ak ekin (arpa, bugdaý) ekilýän ýerler.

**Akýowla** [a:kýowla] – gije Aýyň ýagtysyna asuda howada deňiz suwunyň agaryp görnüşi (Maňgyşlak türkm.). Rus dilinde oňa *serebrýanyý ştil* diýilýär.

**Al, alyn** [a:l] – öň, dagyň, gyryň öň tarapy.

**Ala** [a:la] – **1.** Takyr bilen gumuň gezekleşip, utgaşyp gidýän ýeri. A.Orazowyň bellemegine görä, Ahalda *ala* adalgasy gumuň tutuş bir zolagyny, ýagny etekgumlar bilen tüm gumlary diýilýän zolagyň aralygynda 30–40, hatda kä ýerde 50–60 km aralygy tutup ýatan uzyn zolagy aňladýar. Bu zolak takyrlaryň we gumlaryň utgaşmasyndan durýar. ◊ Gazlyala, Şagalala, Ulyala. **2.** Her ýerinde oýtak-oýtak çägeli zolagy bolan tekiz düzlük; kä ýerine gum syran takyrlyk (Penjiýew). **3.** Ahalda baýyr etegi bilen gum aralykda ýerleşen ekerançylyk ýerler.

**Alabahar** [a:labahar] – ýaz paslynyň ýaňy başlan döwri, ýaňy ýaz çykan wagty.

**Aladag** [a:lada:g] – **1.** Üstüniň käýeri garly belent daglar. **2**. Ak we garamtyl dag jynslarynyň utgaşmasyndan emele gelen dag gerişleri. **3**. Käýeri ösümlikli, käýeri ýalaňaç daglar.

**Aladaňdan** [a:ladaňda:n] – daň atmazynyň öňüsyrasy, ýaňy daň agaryberen wagty.

**Alagaraňky** [a:lagaraňky] – daň atmazynyň öň ýanyndaky wagt ýa-da ilkagşamlar, iňrik garalan wagtynyň soň ýanlary.

**Alagum** [a:lagum] – takyr bilen gumuň utgaşyp gidýän ýeri.

**Alaň** – **1.** Depe, beýik ýer, beýiklik. ◊ Agalaň, Alaň, Bäşalaň, Kyrkalaň, Saryalaň. **2.** Üsti tekiz ýer (Kaşg.). **3.** Uzalyp gidýän topraksow belent ýer [15].

**Alaňlyk** – alaňyň (depeleriň, tümmekleriň) köp ýeri.

**Alasyz gum** [a:lasyz…] – *ser.* Etekgum.

**Ala ýer** [a:la…] – hasyl bermeýän gaty ýer [16].

**Alkym** – **1.** Nowadepmede kärizden susulyp alynýan suwuň dökülýän çukury. **2.** Dagyň, depäniň, galanyň we ş.m. ýakyny, golaýy, öňi.

**Alleýa,** *fr.* – iki gapdalyna hatara agaç ekilen ýol.

**Allýuwial düzlük,** *lat.-t.* – ýeriniň üsti suw bilen akyp gelen gyrmançalardan hasyl bolan düzlük.

**Altynkükürt** – kükürt magdany.

**Alyn** [a:lyn] – *ser.* Al.

**Ammar** – näme-de bolsa, bir zat saklanýan, ýygnanýan ýer, jaý. ◊ Abammar.

**An** [a:n] – Üstýurtda üstki gatlagynyň aşak opurylmagy netijesinde emele gelen kert kenarly tegelek çukurlar (Murzaýew). *Deň.*: gumukça *anak* – "gowak".

**Antisiklon,** *ýun.* – atmosferanyň ýokary basyşly uly giňişligi eýeleýän tüweleý görnüşli bölegi. Demirgazyk ýarym Ýer togalagynda ol sagat diliniň ugruna, Günorta ýarym Ýer togalagynda - tersine hereket edýär.

**Aň** [a:ň] – *aňňat* sözüniň gysgalan görnüşi (Balkan etraplary). ◊ Garajaaň, Käsimaň, Taganaň, Hojamaň.

**Aňňat** – çägeden, gumdan emele gelen depe, beýiklik.

**Aňyz** – **1.** Ekin meýdany, ekişe ýaramly ýer (g.galp). **2.** Ekinzarlykda hasyly ýygnalman galan ýer, ot-çöpli meýdan (Kaşg.).

**Aňzak** – elhenç sowuk, gurak aýaz, doňaklyk.

**Apy-tupan** [a:py-tupa:n] – tozanly güýçli ýel, güýçli ýagynly harasat.

**Ara** [a:ra], **aralyk** [a:ralyk] – **1.** Näme-de bolsa, iki zadyň (dagyň, derýanyň, deňziň…) arasy, aralygy. **2.** Açyk suwda goňşy gämileriň arasynda ýatan uzaklyk; gämiler biri-biriniň yzyndan barýan wagty

öňdäki gäminiň guýrugy bilen yzdaky gäminiň suwkeseriniň arasynda, hatara barýan wagty bolsa goňşy gämileriň gorumlarynyň arasynda ýatan meýdan.

**Araçäk** [a:raçä:k] – sebitleriň, ýurtlaryň, çäk birlikleriniň aralygyndaky çäk, serhet.

**Aral** – ada (Surhanderýa türkm.) ◊ Aral, Aralpygamber.

**Aralyk ýer** [a:ralyk…] – iki ýurduň, iki obanyň arasynda ikisine-de deň derejede degişli ýer.

**Aran** – **1.** Seýishana, athana, agyl (Kaşg.). **2.** Agyl, bassyrma (salar türkm.). **3.** Yssy we gurak oý ýer (Stawropol türkm.).

**Araşan, arasan**, *g.t.s., mong.* – mineral çeşme.

**Araýap** [a:raýa:p] – iki obanyň şärikli ýaby (Penjiýew).

**Arbat** – “rabat” sözüniň bir görnüşi. ◊ Agajarbat, Gyzylarbat.

**Arçynlyk** – XXI asyrda Maryda, Tejende we Ahalda dolandyryşçäk (administratiw- territorial) birlik. ◊ *Arçynlykdan azrak bolany üçin, Ahalda Hargoňruň, Tejende-de Garagoňruň üstüne goşup, arçynlyk döredýärler* (“Ỳaşlyk”. 1991. № 5. 32 sah.).

**Areal**, *lat.* – çygyr, näme-de bolsa bir zadyň, hadysanyň ýaýraw çygry.

**Argu** – iki dagyň aralygyndaky dere (Kaşg.).

**Arka** – **1**. Dagyň, gerşiň syrt ýüzi; obadan seredeniňde, aňry tarapy. **2.** Tarap bildirýän söz; demirgazyk ýa-da demirgazyk-gündogar tarapy. ◊ Arka Garamazy. **3.** Üsti insiz uzyn geriş, depe; dagyň etegi [43].

**Arkaç** – dagyň demirgazyk etegi (*arka* sözünden). ◊ Arkaç, Keýikliarkaç, Kesearkaç; *Arkaç gyrda dönderdigim seniň babaň* (“Gorkut ata”).

**Arka ýel** – demirgazykdan öwüsýän güýçli ýel.

**Arna** – **1.** Lebapda: derýadan baş alyp, ýene derýa guýýan tebigy gollar. ◊ Adamhorarna. **2.** Daşoguz welaýatynda: Amyderýadan baş alýan uly akaba (kanal). ◊ Ahmedarna, Garagözarna, Gypjagarna. **3.** Derýanyň deňze guýýan ýerinde süýji suw almak üçin gazylýan uly ýap (Borjakow). **4.** Ýaba, kanala suw köp gelende, artyk suwy

goýbermek we aýaga - ýene derýa akdyrmak üçin ýörite gazylýan ýap (ar.).

**Arşyn** – uzynlyk ölçegi (0,71 m).

**Art** [a:rt] – **1.** Dagyň, depäniň syrt tarapy, aňyrsy. ◊ *Bir ok atmyş garly dagyň ardyna* (Garajaoglan). **2.** Dagyň, belent gerişleriň üstünde geçilýän ýeri, geçelgesi. **3.** Dag, dagyň etegi (Kaşg.).

**Artezian guýy**, *fr.-t.* – burawlanyp gazylyp, suwy turba bilen ýeriň üstüne çykarýan desga.

**Arygaýak** [a:rygaýak] – arygyň gutarýan ýeri, aýagy.

**Arygorta** [a:rygorta] – iki bölünýän arygyň şahalarynyň aralygyndaky ekerançylyk ýerler (Lebap).

**Aryk** [a:ryk] – **1.** Ene ýaplardan (magistral akabalardan - kanallardan) kiçi, salmadan uly ýap; uly obany ýa-da birnäçe obany suw bilen üpjün edýän, kanaldan baş alýan uly ýap. ◊ Bekewülaryk, Gultagaryk. **2.** Tebigy suw ýoly, bulak, kanal (*Salar; Kaşg*.). ◊ *Agylda owlak* (guzy) *dogsa, arykda oty öner* (Kaşg.).

**Arykgoltuk** [a:rykgoltuk] – arygyň alkymynda ýerleşýän ekerançylyk ýer.

**Arym, garym** – giň we uzyn çukur; galalaryň daşyna suw goýbermek üçin gazylan çukurlar; gazylyp edilýän kaklar. *Garym* sözi “Kutadgu biligde” (XI asyr) hem duş gelýär. ◊ Gumarym, Arymlar, Ỳediarym, Çulbalyarym.

**Aryş**, *a.* – **1.** Dini düşünjä görä, ýedinji asman, jennet (ТДС). **2.** Asman gümmezi, asmanyň iň ýokary ýeri, gök [49;62].

**Asfalt (ýol),** *ýun.* – beýgeldilip, ýüzüne daş dökülip asfaltlanan ýol.

**Asma köpri** – agramyny suw ýolunyň iki gyrasyna dikilen berk sütünlere berkidilen sim urganlar göterer ýaly edilip bejerilen köpri.

**Asman** [asma:n] – atmosferanyň Ỳerden göze görünýän giňişligi, gümmezi, gök.

**Ast** – bir zadyň aşagy, düýbi, teýi. ◊ Ýerasty baýlyk.

**Astana** [asta:na], *p.* – **1.** Bosaga. ◊ Astana. **2.** Mukaddes şahsyň mazary, aramgähi. ◊ Astanababa. **3.** Köşk.

**Asuda deňiz** [a:su:da…] – ýuwaş, ýelsiz, tolkunsyz deňiz.

**Asyr**, *a.* – döwür, zaman, 100 ýyla barabar wagt ölçegi.

**Aşak** [aşa:k] – **1.** Suw ýolunyň (ýabyň, çeşmäniň) aşak akymy, aýagy. **2.** Gözýetimiň 8 tarapynyň biri, demirgazyk-günbatar tarap (ýokarynyň tersi, deňizçileriň dilinde oňa Nord-West diýilýär). **3.** Dagyň etegi, aşagy (Kaşg.).

**Aşak ýel** [aşa:k…] – aşakdan, ýagny demirgazyk-günbatardan öwüsýän ýel.

**Aşalga** [a:şalga] – *ser.* Aşuw.

**Aşuw** [a:şuw] – baýryň, köteliň, dag gerşiniň, depäniň üstünden aşmaga amatly ýeri, geçelgesi (*aşmak* sözünden. Köýtendag sebitleri). ◊ Agaşuw, Garaaşuw, Çakmagaşuw.

**Aşyrym** [a:şyrym] – dagyň, belentligiň üstünden aşýan ýol, geçelge. Deň.: Aşuw. Dokuzaşyrym.

**Aşyt** [a:şyt] – aşyrym, dagyň geçelgesi. ◊ *Gara daga indiginde aşyt bersin* (Gorkut ata).

**Atal** – ada (Astr.). ◊ Atal.

**Atar, otar** – goýun sürüsi (Buhara türkm.).

**Ataw**, *ýerli g.* – Amyderýanyň saý-ýalpak kenarlaryndaky ada (Darganata). ◊ Işanataw.

**Ata Watan** – dogduk mekan, seni öndürip-ösdüren iliň ýaşaýan mekany, ýurdy.

**Atçapan // atçapar** – at çapylýan meýdanlar.

**Athana** [atha:na] – at saklanylýan jaý.

**Atlyk, atlyk ýer** – XVIII-XIX asyrlarda Hywa hanlygynda diňe türkmenlere bölünip berlen ýeriň ölçegi. Ỳeriň hiline garap, 10, 20, 30, hatda 50 tanap ýer bir atlyk hasaplanypdyr. Bir tanap – 0,4 ga. Bir atlyk ýer üçin türkmenler Hywa hanlarynyň harby ýörişlerine gatnaşmaga olja üçin ýanynyň iki düýesi bilen bir atly ýigit (nöker) bermeli bolupdyrlar (MITT, II, 296 sah.). Belli bir ölçegdäki ýer üçin bir atlynyň berilmegi atlyk adynyň dakylmagyna sebäp bolupdyr. ◊ Bäşatly, Dördatly, Sekizatlyk.

**Atmosfera**, *ýun.* – Ýeriň we beýleki saýýarlaryň töweregindäki gaz görnüşli örtügi. Häzir onuň esasy üç gatlagy belli: troposfera, stratosfera we ionosfera.

**Atmosfera basyşy** – atmosfera howasynyň basyşy. Ol deňiz derejesinde ortaça simap sütünjiginiň 760 mm derejesine barabar bolup, ondan belentlikde barha aşak gaçýar.

**Atyz** – **1.** Töweregi çillenen ekerançylyk ýeri. **2.** Iki ýabyň arasyndaky ekerançylyk ýeri (Kaşg.). **3.** Meýdan (Orhon-Ỳeniseý ýazuw ýadygärlikleri).

**Atýatak** – *ser.* Athana.

**Awaza** – demirgazyk-günbatardan öwüsýän, deňziň ähli ýerinde duş gelmeýän ýel (Hazar deňzi). Oňa *jylawaz* hem diýilýär. ◊ Awaza.

**Awlag, awlak** [a:wlag] – **1.** Aw awlanylýan ýer, awly ýer. ◊ *Awçylarynyň awlagy ak maral elden gider* (Aýdym). **2.** Giň meýdan, sähra. Gazak, gumuk, awar dillerinde-de bu söz şol manydadyr. **3.** Suw ammary [59].

**Awlah** [a:wlah] – aw awlanylýan ýer. *ser.* Awlag. ◊ *Ajap guş salmaly awlahlary bar* [12].

**Awtonomiýa,** *ýun.* – döwletiň özüni özi dolandyrmaga, içki işlerini özi çözmäge hukuk alan bölegi. ◊ Awtonom welaýat, awtonom respublika.

**Awul** – oba. *ser.* Agyl. ◊ Ỳüzawul, Türkmenawul (Buhara wel.).

**Aýa** [a:ýa] – jykyr bilen suwarylýan ýerleriň kölçelerden kiçiräk böleklere bölünen görnüşi [16].

**Aýagagyz** – lagymyň suwunyň gyryň beýle tarapyndan çykýan deşigi, agzy [15,16].

**Aýak** – **1.** Ýabyň, çeşmäniň, derýanyň aşak tarapy, gutarýan ýeri; günbatar tarap. ◊ Aýak Ketli, Aýagaryk, Egriaýak. **2.** Ýylyň, aýyň ahyry, gutaryp barýan döwri.

**Aýakköl** [aýakkö:l] – gumuň içinde ýitip gidýän derýalaryň we çeşmeleriň aýagynda emele getirýän kölleri (Daşoguz wel.).

**Aýaklyýap** [aýaklyýa:p], *täze s.* – suwuň ýeri zeýletmezligi üçin, aşagyna direg (aýak) goýlup ýokary galdyrylan we suw akdyrylýan ternaw-ýaplar.

**Aýaksalma** – **1.** Uly ýaplaryň aýagyndan (iň soňundan) aýrylýan kiçi ýap (Horezmde we Daşoguzda. – N.G.Gulýamow). **2.** *ser.* Okaryk (Daşoguz wel.).

**Aýamöwjüz** – gyşyň uly we kiçi çilleleriniň aralygyndaky alty gün, sowuk döwür. ◊ *Aýamöwjüz – alty gün, alty aý gyşdan gaty gün* (nakyl).

**Aý** [a:ý] – **1.** Asman jisimi, Günüň şöhlesinden ýagty alýan planeta, hereketi boýunça Ỳeriň hemrasy. **2.** Doluşmadyk aýa çalym edýän egri depeler, ulgamlar, baýyrlar. ◊ Aýdepe, Aýböwür, Gyzylaý. **3.** Kalendar hasaby boýunça 30 günüň jemi, ýylyň on iki böleginiň biri.

**Aýaz** – **1.** Arassa, dury howa, asman (Kaşg.). **2.** Güýçli gury sowuk, aňzak.

**Aýdak** – “ada” sözüniň gadymy görnüşi. ◊ Aýdak adasy.

**Aýdolun** [a:ýdo:lun] – aýyň Aý doluşandaky döwri, ortasy (on dördi). Mahmyt Kaşgarly bu sözi *tolun* görnüşde ulanypdyr.

**Aýdyň** [a:ýdyň] – **1.** Gijäniň, gündiziň, howanyň ýagty, dury, açyk wagty. **2.** Uly köllerde suw üstüniň ot-çöpsüz, ýaldyrap görünýän ýeri. Gyrgyz dilinde *aýdyňköl* sözüniň “arassa köl”, garagalpaklarda bolsa *aýdyň* sözüniň “kiçi köl”, “Amyderýanyň hanalaryndaky köl ýaly ýata suwlar” manysy bar (Murzaýew). **3.** Kölüň çuň ýeri. ◊ Aýdyň demir ýol bekedi.

**Aýgyr** – **1.** Käbir mallaryň erkegi. **2.** gepl. d. Esrek. **3.** Geografik adalga hökmünde manysy: “uly”, “äpet”. ◊ Aýgyrköl, Aýgyrçäge, Aýgyrjyklar.

**Aýlag** [a:ýlag] – ummanyň, deňziň, kölüň gury ýere süsňäp girýän öwrümi, üç tarapyny gury ýer gurşap alan bölegi. Aýlaglaryň görnüşi dürli bolup, olaryň käbiri deňiz tarapdan giňden açyk hem-de gury ýere sähelçe süsňäp girýän bolsa, beýlekileri gaty dar hem uzyn bolup, gury ýere onlarça, hatda ýüzlerçe kilometr aralaşýarlar.

**Aýlamça** – *ser.* Aýmança.

**Aýlançak** – egri, ýaý berip duran depeler. ◊ Aýlançak.

**Aýlanma** – depäniň, gyryň daşyndan aýlanyp, öwrüm berip geçýän ýol, çeşme.

**Aýlaw** – **1.** Ýoluň, depäniň, gyryň aýlanýan, öwrüm berýän ýeri. **2.** At çapyşygy geçirilýän ýörite meýdanlar.

**Aýlawça** – kiçijik aýlaw ýer, öwrüm.

**Aýmak**, *kön.s.* – **1.** Dolandyryş-çäk käbir ýurtlarda (administratiw-territorial) birlik, oba. **2.** Tire ady.

**Aýman** [a:ýman] – ýagyş suwlary ýygnanýan, suw saklanýan oý, tegelek çukur. ◊ Garaaýman, Porsyaaýman.

**Aýmança** [a:ýmança] – **1.** Odun-çöp, mal-hal we ş.m. üçin edilen üsti açyk, haýat görnüşli jaý, aýlaw. **2.** Geçen asyrda Türkmenistana ýöriş eden rus goşunlarynyň ýolunda ýük goýmak we düşläp geçmek üçin ýörite edilen saraýlar (G.I.Karpow).

**Aýnaköl** [a:ýnakö:l] – bukudaky, ýelsiz ýerdäki köller. ◊ Aýnaköl.

**Aýry** – depeleriň, belentlikleriň, dag çeňňeleriniň, gyrlaryň, jarlaryň iki aýrylýan, şahalanýan ýerleri. ◊ Agaýry, Aýrybaba, Aýrygyr. Ỳene deňeşdiriň: *aýry* - "iki örküçli düýe".

**Aýryk** – belent depeleriň, gyrlaryň, jarlaryň iki aýrylýan ýerleri.

**Aýsberg,** *iňl.* – Arktika we Antarktika suwlarynda ýüzüp ýören buz "daglary", kenarýaka buzluklaryndan bölünip, deňze syrylyp gaýdan uly buz bölekleri.

**Aýtym** [a:ýtym] – **1.** Belli bir möçberdäki ýer, meýdan. ◊ *Soň ol gala ýa-da şäher ýykylyp, üsti giň aýtymly bir depä öwrülip gidipdir* (A.Gowşudow, "Perman", 199 sah.). **2.** Çäk (territoriýa).

**Aý tutulyşy** [a:ý…] – Ỳeriň kölegesiniň Aýyň ýüzüni tutuşlaýyn ýa-da kem-käsleýin örtmegi.

**Aýyltym** – öwrüm berip duran dag, gyr. ◊ *Daş-töwerekdäki dag aýyltymy şu ýere gelýän aw üçin gurulgy gapan ornuny tutýardy* (A.Gowşudow. "Perman", 490 sah.).

**Aýyrt** – ýoluň, ýabyň ikä ýa-da birnäçä bölünýän ýeri. ◊ Bäşaýyrt.

**Azan** [aza:n] – ir ertir, säher wagty.

**Azimut**, *a.* – gözegçiniň duran ýerinden hakyky, ýagny geografik meridian bilen gözegçilik edilýän närsä tarap gönükdirilen ugruň arasyndaky burç. Azimut sagat diliniň aýlanyş ugry boýunça 0 gradusdan 360 gradusa çenli ýa-da 0 gradusdan iki tarapa 180 gradusa

çenli, şeýle hem kompasyň aýlanmaýan halkasy boýunça hasaplanýar. Ylmy edebiýatdan alnan.

**Az suw** [a:z…] – derýa suwunyň iň pes derejesi.

## – B –

**Badak** – salma, ýap (Farap, Horezm türkmenleri).

**Badysaba** [ba:dysaba:], *p.* – daň şemaly, säher. ◊ *Badysaba, salamymny Hüýrlukga jana ýetir* (“Hüýrlukga-Hemra”).

**Bag** [ba:g], *sogd.* – **1.** Gür agaçlyk, miweli we miwesiz agaçlaryň köp ýeri. ◊ Arçalybag, Diwanabag, Bagabat, Bagly, Bagydiwana, Garabag, Hanbagygum, Horezmbag, Şasenemiň bagy. **2.** Gezmek, dynç almak üçin edilen alleýaly seýilgäh, agaç we gül ekilen ýer. ◊ Seýil bagy. **3.** Agaç, daragt, ösümlik (düýp sanyna seretmezden. Balkan we kem-käsleýin Ahal welaýatlary). ◊ *Şu ýyl adam başyna iki düýp bag ekmeli.*

**Bag-bakja** [ba:g…] – dürli miweli we miwesiz daragtlar hem-de bossan ekinleri ekilen bir bölek ýer, atyz.

**Bag-bossan, bagy-bossan** [ba:g-bossa:n] – *ser.* Bag-bakja. ◊ *Durdy Gylyç düzer dessan, Miweleri bagy-bossan* (Durdy Gylyç. Goşgular).

**Baglamak** [ba:glamak] – akýan suwuň öňüne böwet basmak, suwy beklemek, bentlemek.

**Baglyk** [ba:glyk] – ösümlige baý ýer, ýurt.

**Bahar** – ýaz pasly, mart, aprel, maý aýlaryna dogry gelýän döwür.

**Bahary**, *p.* – ýazlyk bugdaý we onuň ekilýän meýdany. Bu adalga täjik dilindäki *bahori* sözünden bolup, ol rus diline *bogara* görnüşinde geçipdir. Manysy “düme”.

**Bahr,** *a.* – deňiz, derya.

*Jeýhun bilen bahry – Hazar arasy.*
*Çöl üstünden öser ýeli türkmeniň.* (Magt.)

**Bahry-Umman** [...Umma:n], *a.* – uly deňiz, okean (aslynda, Hindi okeanynyň ady).

**Bajwar** [bajwa:r], *p.*, *kön.s.* – gatla, taraz. ◊ Bajwar (gadymy Merwiň bir mähellesi).

**Bakja** – gök ekin ekilen ýer, bossan**.** ◊ Bakja. Bakjadag, Bakjasuw.

**Bakjaçylyk** – oba hojalygynyň gök ekinleri ösdürip ýetişdirýän pudagy.

**Bakna ýurt** […ýu:rt] – bir döwlete (ýa döwletlere) garaşly, elgarama ýurt, koloniýa.

**Baky** [ba:ky], *a.* – hemişelik, ebedi, müddetsiz, ömürlik. ◊ *Panydan bakyýa göçe-göç bolsa, Telmuryban, baka-baka gider sen* (Magt.).

**Baky doňaklyk** [ba:ky…] – ýeriň aşagynda esli çuňlukda ýatan doň gatlak.

**Bakyr** – **1.** Mis. **2.** Deňiz, köl (Borjakow, 1980).

**Bal** – Garagumuň gidronimiýasynda: süýji suwly. ◊ Balbulak, Balguýy, Baleýşem.

**Bala** [ba:la:], *p.* – ýokary, ýokarky, ýabyň ýokary akymynda, gündogarda ýerleşen. ◊ Sarykbala.

**Balahana** [ba:laha:na], *p.* – ikinji gat; depäniň, dag sekmeriniň üstünde gurlan jaý, bina. ◊ Balahana.

**Balaja** – ekin meýdanlaryna barýan kiçi ýaplar (ärs.).

**Balbal**, *kön.s.* – dikildaş, adam sudurynda ýonulyp, ýere dikilýän daş (Orhon-Ýeniseý ýazgylary).

**Baldyr** – dagyň göterilip çykan ýeri, pik (Kaşg.). ◊ Baldyr stansiýasy (Termez türkm.).

**Balkan,** *kön.s.* – dag, üsti ösümlikli dag. Bu söz türk dilinde häzir hem şol manyda ulanylýar. ◊ Balkan dagy, Balkan ýarym adasy.

**Balhaş (Balkaş)**, *kön.s.* – batgalyk ýer, tümmejikleri bolan batgalyk. Gazak dilinde bu söz batgaly köli aňladýar (Konkaşpaýew). ◊ Balhaş köli.

**Balyk**, *kön.s.* – **1.** Şäher, gala (Orhon-Ýeniseý ýazgylary). ◊ Bäşbalyk, Hanbalyk (oguz şäherleri); balykçy (türkmen etnonimi). **2.** Laý, palçyk (Kaşg.).

**Balyk hojalygy** [ba:lyk…] – balyklary ösdürip ýetişdirmek we köpeltmek işi bilen meşgullanýan hojalyklar.

**Banka**, *gol.* – deňiz düýbünde ýatan saýlyk. Onuň çuňlugy töweregindäki ýerlerden az, ýalpak bolýar. Eger çuňlugy 20 metrden az bolsa, gämileriň ýüzmegi üçin howply hasap edilýär. ◊ Hazardaky Lam bankasy.

**Barga** – suwuň ýapaşak örküçlenip akýan ýeri.

**Barhan** – çäge aklaňlary. Asly türki bolan bu söz rus we dünýä dilleriniň ençemesine aralaşdy, emma türkmen dilinde ulanylmaýar, onuň ýerine *aklaň* adalgasy ýörgünlidir. Dal bu sözi "Orenburg sözi" diýip belleýär. ◊ Barhany.

**Bark** – ýyldyrym (Ýunus Emre).

**Barmak** – dagyň çüňk bolup duran dik depeleri, çömmek. ◊ Bäşbarmak.

**Barsagelmez** – ýoly agyr ýa-da hatarly bolany üçin, baryp-gelmek kyn bolan ýerler. ◊ Barsagelmez.

**Basaga** – **1.** *ser.* Bosaga. ◊ Basaga, Basagabil, Basagagum. **2.** Deňziň ýalpak ýerlerine uly gämileriň gelip bilmeýänligi üçin, suwuň çuňrak ýerinde deňziň düýbüne kakylan sütünleriň üstünde gurulýan desga. Ol balyk kabul etmek, ýükläp-düşürmek we bejermek üçin ulanylýar.

**Basganҫak** – belentlikleriň (dag depeleriniň, gaýalaryň) basgançak-basgançak, sekmer-sekmer bolup duran ýerleri.

**Basseýn,** *fr.* – **1.** Ýeriň ýüzüniň ýerasty we ýagyn suwlaryny deňze, köle ýa-da derýa akdyrýan bölegi. Deňiz basseýni oňa guýýan ähli derýalaryň basseýnlerini öz içine alýar (Borjakow). **2.** Uly bolmadyk emeli suw howdany.

**Bassyrma** - ýagyndan goranar ýaly, üsti tebigy ýa-da emeli örtükli ýer, dagyň uly gowaklary, saýawana meňzeş gaýalar. ◊ Bassyrmameýdan.

**Basuw - 1.** Düme ekilýän ýer (gar.). **2.** Suw basan ýer (Daşoguz wel.). ◊ Sarybasuw, Basuwlyburunjyk. **3.** Şüdügär (Radlow).

**Baş - 1.** Dagyň başy, depesi. ◊ *Daglar başy duman-duman* (Aýdymdan). **2.** Ýabyň baş alýan ýeri. ◊ Derýabaş, Başsaka, Üçbaş. **3.** Suwuň kenary. **4.** Esasy (ýap). ◊ Baş kanal. **5.** Çeşme, çeşmebaşy, gözbaş.

**Başagyz** - lagymyň derýadan baş alýan ýeri (Penjiýew).

**Başaryk** [başa:ryk] - ene ýap.

**Baş kanal** - derýadan baş alýan esasy akaba.

**Başlangyç** - ýabyň, ýoluň başlanýan ýeri.

**Başsaka** - uly kanallaryň derýadan baş alýan ýerlerindäki sakalar.

**Bat** [ba:t], *p.* - ýel, şemal. ◊ Bathyz.

**Batar** - günbatar sözüniň gysgalan görnüşi. “Kutadgu-biligde” (XI asyr) bu söz şol manyda ulanylypdyr.

**Batga, batgalyk - 1.** Ýeriň suwly, köplenç, yzgar söýüji ösümlikli bölekleri. **2.** Yzgarly oý (Kaşg.).

**Batgak** - maýkyldap duran, üstünden geçmek howply bolan batgalyk.

**Batgaly** - dag eteklerinde we çöketliklerde ýerleşen çölleriň bir görnüşi. Onuň has ululary Türkmenistanyň günorta-günbatarynda ýerleşýär (Freýkin).

**Batmak** (Aý, Gün hakda) - ýaşmak, gözýetimden aňyrda gizlenmek.

**Baýaw** - günbatar (tarap.). ◊ *Serdarlary baýaw ýola bakarlar* (Zelili).

**Baýyr - 1.** Dag eteklerindäki belentli-pesli ýerler, aňňat-aňňat depeliklere öwrülen gyrlar. ◊ Garabaýyr, Gyzylbaýyr. **2.** Çöllük (Radlow). **3.** Depe (Radlow).

**Baýyr etegi** – Köpetdagyň baýyrlyklarynyň eteginde ýerleşen ekerançylyk meýdanlary (Orazow).

**Baýyrlyk** – baýyrly ýer, köp baýyr ýerleşen dag etegi.

**Baz, baza**, *fr.* – bir zadyň esasy, özeni, binýady. ◊ Maýbaz, pagtabaz.

**Bazar** [ba:zar], *p.* – gündogar ýurtlarynda söwda-satyg etmek we dürli habarlary ile ýetirmek üçin hepdäniň belli günlerinde üýşülip-çaşylýan ýer, meýdan. ◊ Tagtabazar, Talhanbazar, Täzebazar, Şenbebazar, Bazardepe, Bazarlyböwür.

**Bazardepe** [ba:zardepe] – hepdäniň belli bir güni üstünde bazar bolan ýer. ◊ Bazardepe.

**Bazarjaý** [ba:zarja:ý], *p.-t.* – hepdäniň belli bir güni bazar bolan ýa bolýan ýer. ◊ Bazarjaý.

**Bederrow** – ýabyň artykmaç suwuny bendiň aşak tarapyna akdyrmak üçin çekilen goşmaça ýap, sowma (ata). Ýene ser. Sowma, Burda.

**Beglik** – türki hanlyklarda (meselem, Buhara emirliginde) dolandyryş-çäk (administratiw-territorial) birlik, hanlygyň bir bölegi. Bu söz Kaşgarlyda we "Kutadgu biligde-de" (XI asyr) duş gelýär.

**Bek** – **1.** Üstünden geçmesi kyn bolan çägeli ýa-da daşly ýer. *ser.* Berk. ◊ Bellibek, Gubajabek. **2.** Berk gala, töweregi gurşalan (gaýaly) öý. ◊ Bekbent, Bekdere, Beksuw, Bekçeşme, Bekdaş.

**Beket** – **1.** Uly ýap, kanal (Halaç). ◊ *Beket köprüsine ýetip sägindi* (Paýzy Oraz). **2.** Stansiýa manysynda ulanylýar. Meselem, meteorologik gözegçilik bekedi – Demir ýol bekedi. *Ser*. Menzil.

**Bekir,** *p.* – **1.** Boz (ýer). ◊ Bekrewe. **2.** Boz, çal reňkli (at).

**Belek,** *g.t.s.* – belentlik, beýik depe. ◊ Belek stansiýasy, Akjabelek, Gyzyljabelek, Belekdepe, Belekgyr.

**Belen** – üstünden ýol geçýän dag syrtlary (Türkiýe türkm. – Aly Ryza Ýalman).

**Belent** – depe, beýiklik. ◊ Nedirbelent.

**Belentlik** – beýik ýer, depe; beýikligi deňiz derejesinden 200 metrden köp bolan belent düzlükler.

**Belent-pes, belentli-pesli (ýer)** – *ser.* Beýik-pes.

**Belgi** – **1.** Ýol bellikleri, çelgi. ◊ Seýitbelgi (Astrahan türkmenleri). *ser.* Oýuk. **2.** Derýada, deňizde goýulýan älem. *ser.* Älem.

**Belik** – çuňlugy (meselem, guýynyň çuňlugyny) ölçemek üçin ýörite gural (Kaşg.).

**Bellik** – **1.** *ser.* Belgi – 1. **2.** Gämi gatnawynda ulanylýan habar beriji, duýduryjy, habardar ediji, rugsat beriji ýa-da gadagan ediji signallary bermek, gämi gatnawynyň ugruny we çäklerini görkezmek üçin ulanylýan dürli ululykdaky we reňkdäki kenarýaka hem-de ýüzüji alamatlaryň umumy ady (Borjakow).

**Bender,** *a.* – port, deňiz boýundaky şäher. ◊ Bendertürkmen (Eýran türkm.). *Üç ýüz altmyş derýa, ýedi benderi* (Misgingylyç).

**Bent**, *p.* – suw akymynyň öňüni böwetlemek, suwuň derejesini ýokary galdyrmak, çişirmek, birnäçe ýaba bölmek, derýalarda gämi gatnawyny üpjün etmek we ş.m. üçin gurulýan gidrotehniki desga. ◊ Atabent, Gazyklybent, Gowşutbent, Çaňlybent, Soltanbent, Uşakbent.

**Berf**, *p.* – gar. *Jan gudaz, ýürek suz, Bu sebäpden berf, buz* (Magt.).

**Berk** – **1.** Üstünden geçmesi kyn bolan çägeli, daşly ýol. ◊ Azalberki, Naýzaberki, Hanberki, Halylberki. **2**. Ürgün çägelik (çäge görnüşi). **3.** Töweregi berk gurşalan ýer. ◊ Berkköw, Garaberk.

**Berkitme** – **1.** Goranma serişdesi, gala. ◊ Berkitmeliburun. **2**. Bir zadyň öňüni almak, gabamak, tutmak üçin desga, bent.

**Berr,** *a.* – ýer, gury ýer, gyr. ◊ *Sebze gül gadryn baharu, bahr gadryn berr biler* (Şeýdaýy).

**Besse**, *ýerli g.* – basgançak, sekmer (noh., mür.). ◊ Üçbesseli.

**Beýewan** [beýewa:n], *p.* – giň çöl, sähra. ◊ Beýewançagala.

**Beýik** – belentlik, depe. ◊ Arabeýik, Nerbeýik, Goşabeýik, Ortabeýik, Turbalybeýik, Ussabeýik, Üçbeýikler, Çalbeýik.

**Beýiklik** – beýik ýer, belentlik.

**Beýik-pes** (ýer) – beýikli-pesli endigan bolmadyk ýer, baýyrlyk.

**Bil** [bi:l] – **1.** Dag gerşiniň, belent gyryň, ýapynyň üstünden geçmek üçin amatly bolan ýeri, geçelgesi, geçidi. ◊ Akbil, Basagabil, Garabil, Garrybil, Düýebil, Ýahbil. **2.** Dagdaky düme meýdany (Murzaýew). **3**. Üsti ýasyrak gerişler (Murzaýew). **4**. Depe (Kaşg.).

**Bileň** – **1.** Çemenlik. **2**. *ser.* Böleň. ◊ *Gülgüzar, nowça bileňli* (Magt.).

**Bilew** – gumaksy şor ýer (Stawr.). ◊ Ýerbilew.

**Biltir,** *ýerli g.* – geçen ýyl, öten ýyl.

**Bina** [bina:], *a.* – esas, düýp, jaý, ymarat, desga. ◊ *Belent binalar görüner* (Magt.).

**Binýat** [binýa:t], *p.* – düýp, jaýyň, desganyň esasy, fundament.

**Biosfera,** *ýun.* – Ýer togalagynyň geografik örtüginiň bir gatlagy. Ol jandarlaryň ýaşamagy mümkin bolan atmosfera, litosfera we gidrosfera gatlaklaryny, ýagny Ýerden 10-12 km ýokary we 2-3 km aşak aralykdaky giňişligi öz içine alýar (Freýkin).

**Birga** [bi:rga:] – arygyň, akabanyň ikä bölünýän ýeri, gatlasy (ärs.).

**Bir garyn** – 36 ýyla deň bolan wagt. Kamary ýyl hasabynda bir ýyl 354 ýa-da 355 günden ybarat bolup, ol ýylda 10 ýa-da 11 gün öňe süýşýär. Netijede, her 36 ýylda bir ýyl artýar. Şoňa görä 36 ýyla bir garyn diýilýär.

**Birigün** [bi:rigün] – erte däl-de, ondan soňky gün.

**Bişe** [bi:şe], *p.* – tokaý, jeňňel. ◊ *Bişeleriň aw aňtaýan şiri sen; Bişeleri şir-peleňli* (Magt.).

**Bitewigum** – *ser.* Etekgum.

**Bitgin**, *ýer.* – gowy hasylly ýer, mes ekerançylyk meýdany. ◊ *Watana saçakdyr bitgin ýerleri* (P.Oraz).

**Bogaz** – **1.** Iki tarapy gury ýer bolup, okeanlaryň, deňizleriň, kölleriň arasynda ýatan insiz suw ýoly. ◊ Garabogaz köli. **2.** Goňşy adalaryň ýa-da ada bilen materigiň arasyndaky insiz suw zolagy (Borjakow). **3.** Dag gysysy. **4**. Suwly jar (Murzaýew). ◊ Akbogaz, Şorbogaz, Egribogaz. **5**. Iki sany deňligine, uzaboýuna gidýän gum gerşiniň biri-birine ýakynlaşýan ýeri (Orazow). ◊ Atbogaz.

**Bogalyk** – suwy bozulan guýy (Attuhfatuz).

**Bogy** – ýabyň böwedi (ärs.).

**Boragan** – *ser.* Boran.

**Boran** [bo:ra:n] – syrgynly ýel, ýagynly sowuk howa (ol *buran* görnüşinde rus diline hem geçipdir).

**Bordaň** [bo:rdaň] – içmäge çala ýaramly ýogyn suw (Garagum). ◊ Porhatbordaň.

**Bosaga** – **1. G**ury ýeriň aýry-aýry böleklerini (adalary, bogazlaryň kenarlaryny) birikdirýän suwasty çatryklar. **2.** Derýanyň hanasynda akýan, suwa böwet bolýan we şaglawuk emele getirýän daşlar (Borjakow). **3**. Dagyň, gyryň eteginde (eňňidinde) ýerleşen kese gerişler (Murzaýew). **4.** Belent gyryň, dag gerşiniň, gumuň üstünden geçmek üçin amatly ýeri, bosagasy.

**Bossan** [bossa:n], *p.* – **1.** Bag, gülüstan. ◊ Şähribossan, Bossangum. **2.** Gök ekilýän meýdan, gawun-garpyz ekini, bakja.

**Boş ýer** – **1.** Ekin ekilmeýän ýer, boşluk. **2**. Ýumşak, böwşeň toprakly ýer.

**Boý** – **1.** Ýabyň, çeşmäniň, derýanyň ýakasy (Daşoguz wel.). ◊ Badaýapboýy, Boý, Rozumboý, Uzboý, Söhbetboýy, Suwboýy, Şamyratboýy. **2.** Dagetek. ◊ Dagboýy. **3.** Derýa, deňiz suwunyň saý, adama boý bermeýän ýalpak ýeri.

**Boýnak** – **1.** Uzalyp gidýän akarlaryň, gyryň, baýryň … düýäniň boýny ýaly egrem-bugram ýeri. ◊ Düýeboýnak. **2.** Dagyň uçut ýeriniň geçelgesi (Radlow).

**Boýun** – iki suw basseýniniň arasynda uzalyp gidýän darajyk gury ýer zolagy.

**Boz, boz ýer** – ekmäge ýaramly, emma özleşdirilmedik tarp ýer (Penjiýew). ◊ Tamdyrlyboz, Bozmeýdan.

**Bozaryk** [boza:ryk] – boz (tarp) ýerden çekilen aryk. ◊ Bozaryk.

**Boz meýdan** […meýda:n] – *ser.* Boz.

**Bozuk** – büdür-südür, çarkandakly, bozuk ýer, çagat ýer. ◊ Bozugajy.

**Böke** – uly ýel (ärs.).

**Bökme** – suwy böküp çykýan çeşme.

**Böleň** – peslik ýer, dere, çemenlik. ◊ *Gülgüzar, nowça böleňli* (Magt.).

**Bölüg, bölük** [bö:lüg], *kön.s.* – **1.** Dolandyryş-çäk (administratiw-territorial) birlik (etrap, okrug). **2.** Guralyň ýüzündäki ölçeg bölügleri.

**Bötendag** [bötenda:g], *garagalpakça – ser.* Ýetimdag (*böten* – “keseki”, “özge”, “ýat”, “başga ýerden gelen”).

**Böwet** – suwuň öňüne edilýän bent. ◊ Daşböwet, Narböwet.

**Böwse** – päsgel, böwet, ýoly ýapyp duran çil, merz. ◊ *Emma onuň süren ugry aňyrsy gaýa direýän bir böwse boldy* (A.Gowşudow. “Perman”, 53 sah.). *Şol böwsede birnäçe mertebe terslin-oňlyn aýlandy* (şol ýerde).

**Böwsük** – uzalyp gidýän gerşiň, gyryň, raýyşyň, gaçynyň gädigi, agzy. ◊ Çaňlyböwsük.

**Böwür** – dagyň, gyryň ýanbaşy, gapdaly, bykyny, belent ýapylaryň egrelip, goltuk emele getirýän ýerleri. ◊ Aýböwür, Garaböwür.

**Böwürguýy** – dagyň, gyryň böwründen, ýanbaşyndan gazylan guýular. ◊ Böwürguýy, Böwürajy.

**Buganak,** *ýerli.g.* – ümür, duman (Far.).

**Bugra** – **1.** Dagyň, gyryň iki örküç bolup duran depeleri. **2.** Iki örküçli düýe. ◊ Bugralar, Garabugra.

**Buhta,** *nem.* – gämi duralgasy üçin amatly, uly bolmadyk aýlag, goltuk.

**Bukalga** – *ser.* Buky.

**Buky** – goranmak üçin amatly gizlin ýer, jaý, bukalga (tebigy we emeli buky).

**Bul**, *kön.s.* – ähtimal, "suwly ýer", "yzgarly" diýen manyda (bulut, bulanyk, bulduramak, palçyk sözleri bilen asyldaş). ◊ Buldumgassap, Buldumsaz, Bulmujur, Bulseňir.

**Bulak** – **1.** Gar ýa-da ýagyş suwlaryndan, ýeriň aşagyndan çykýan suwlardan döreýän uly bolmadyk hemişelik ýa-da wagtlaýyn suw akymy. ◊ Akbulak, Balbulak, Gyzylbulak. **2.** *ýerli.g.* – bol suwly guýy (ärs.). ◊ Şekerbulak.

**Bulançak** – bulanyk suw.

**Buljum** – **1.** Suwly ýerler. ◊ *Buljum jarlarda...bukulyp, ýol saklaýardylar. Özüniň dagyň buljum ýerinde bolan tebigy galasyna Gaçybatar diýip at goýupdy* (A.Gowşudow. "Perman", 171, 338 sah.). ◊ Buldumsaz. **2.** Buky ýer.

**Buljur,** *kön.s.* – guýynyň zaýalanmazlygy üçin agaçdan ýa daşdan edilen tegelek halka (bulut, bulanyk, bulduramak, palçyk sözleri bilen asyldaş). ◊ Buldumgassap, Buldumsaz, Bulmujur.

**Bulut** – atmosferada suwuň owunjak damjalarynyň, buz bölejikleriniň ýa-da garjagazlaryň bir ýere üýşmegi.

**Buraw** – nebit wyşkasy bar bolan ýer.

**Burç** – **1.** Burç bolup duran ýer; iki gerşin, baýryň, depäniň çatlyşýan we burç emele getirýän ýeri. **2.** Tarap. ◊ Dünýäniň dört burçy (tarapy).

**Burçak** – **1.** *ser.* Burç. **2**. Doly (ýaz aýlarynda asmandan ýagýan buz.).

**Burç, borj,** *a.* – diň, galalaryň atyşhanaly diňleri. ◊ Çilburç.

**Burda** [bu:rda] – sowma; böwetlenen ýabyň aýagyna hem biraz suw akdyrmak üçin, böwediň gapdalyndan aýlap gazylan ýapjagaz, sowgut. ◊ Burdalyk.

**Burjy** – aňzakda daşyň, ösümlikleriň we beýleki zatlaryň üstünde emele gelen buz örtügi, sallanyşyp duran jyza.

**Burma** – ýoluň birden burulýan ýeri.

**Burram** – suwuň aýlanyp, güýçli akýan ýerinde emele gelen çukurjyklar, girdap (Penjiýew).

**Buruk** – aýlaw ýol, ýuwaş-ýuwaşdan bir tarapa aýlanýan köçe.

**Burun** – suwuň içine süsňäp gidýän süýnmek depe, seňňer; umuman, birden kert bolup gutarýan süýnmek depeler, gerişler. ◊ Akburun, Garaburun, Lammaburun, Çalburun, Burunçulba, Burunçäge, Burunbaýyr.

**Buruň** – ýaýdan atylan peýkamyň ýetýän aralygy (Kaşg.).

**Busy, busug,** *kön.s.* – söweş wagty duşmanyň üstüne gapyllykda çozmak üçin gizlinlikde garaşylýan buky ýer (Kaşg.).

**Buthana** [butha:na], *p.* – ybadathana.

**Buýrat** – **1. B**aýryň ýüzi, egin (Astr.). **2.** Kiçi tümmekleri köp bolan baýyr. ◊ Buýrat.

**Buz** [bu:z] – suwuň doňan görnüşi.

**Buzluk** [bu:zluk] – çeşmeleri, derýalary suw bilen üpjün edýän dagüsti buz ýataklary.

**Bürk, bürküldewük** – topragy böwşeň, küpürsäp ýatan yzgarsyz ýer. ◊ Bürk.

**Bykyn** – dagyň, gaýanyň böwri, gapdaly.

## – Ç –

**Çabga, çagba** – güýçli ýagýan ýagyş, jala.

**Çadyr** [ça:dyr] – daşky görnüşine görä at alan depeler, galalar, gyrlar. ◊ Çadyr, Çadyrdepe.

**Çag** [ça:g] – wagt, döwür, çak, zaman.

**Çagan** – **1.** Giň ýaýla (Köýtendag). ◊ Çagansardaba, Ataçagan. **2.** Tekiz däl, büdür-südür ýer. ◊ Çagan, Çagansardaba.

**Çaganak** – **1.** *kön.s.* Tirsek, uzalyp gidýän baýryň, gyryň birden egrelýän ýeri, egremi. **2.** *kön.s.* Deňziň, derýanyň aýlagy (Radlow; Attuhfatuz). Bu söz *"çanak"* sözüniň gadymy görnüşi bilen baglanyşykly bolsa gerek.

**Çagat** – **1.** Ekin ekmäge ýaramsyz erbet, çägesöw, şortap ýa-da daşly ýer. ◊ Çagat, Porsuçagat, Çagatsaka, Garaçagat. **2.**Çägäniň bir görnüşi. Oňa ortaçöl hem diýilýär (Orazow). ◊ Çagatgum. **3.** Dagda: geçmesi kyn, daşly ýer. ◊ Mergençagat.

**Çagba** – *ser.* Çabga

**Çagşak,** *kön.s.* – dagyň üstündäki daşly, çagylly ýerler, umuman, daşly ýer (Kaşg.). ◊ Çagşak üzre ot bolmaz (nakyl).

**Çagyl** – şagyrdap, çagşyldap ýatan dürli şekilli, ululy-kiçili daşlaryň köp ýeri. ◊ Çagyl, Giňçagyl, Garaçagyl, Akçagyl, Çagyllygeriş, Çagyllyşor.

**Çagyr,** *kön.s.* – dar we kiçi ýol (Kaşg.). *ser.* Çygyz - 2.

**Çah** [ça:h], *p.* – **1.** *ser.* Çaý-1. ◊ Marçak, Çahça; *Didar görmüş suwlar, çahlar* (Ýunus Emre). **2.** Guýy, çukur. ◊ Şagadam. **3.** Zyndan, türme.

**Çakrym** – 1,07 km deň bolan uzynlyk ölçegi. Aslynda bu adalga *çagyrym* (çagyrmak) sözündendir. Ol ilki gaty gygyrylyp çagyrylýan aralygy, sesýetimi aňladypdyr.

**Çakyr-çukanak** – tekiz däl, büdür-südür, arkandak-çarkandak ýer.

**Çalman** – **1.** Çägeli, batgaly ýerlerde aýak batmaz ýaly ýoluň ugruna ýazylýan çöp, tagta, agaç. **2.** Demir ýoluň aşagyna goýulýan agaç ýa-da beton şpallar. ◊ *Diňe çalman atyp, demir ýol düşäýmeli edip gelýärdiler* (A.Gowşudow. "Perman").

**Çalmar** – daşyna ot-çöp, odun basylyp edilen çopan çatmasy, düşelgesi. ◊ *Çoluk çalmarynda çörek bişirýär.*

**Çalpak** – *ser.* Çalpaw.

**Çalpan,** *kön.s.* – lüýk, läbik, suwuk palçyk (Kaşgary).

**Çalpaw** – suw ýygnanyp, batga bolup ýatan oý ýer, peslik. Mahmyt Kaşgarly batgaly, hapa ýere *çalpak* diýilýändigini belläpdir.

**Çamyr** – batga, palçyk (Radlow, Attuhfatuz). ◊ Çamyrly, Çamyrdepiz; *Ýollar çamyr, gurasyn-da gideliň* (Garajaoglan).

**Çanak** [ça:nak] – dagyň ýalçy ýerlerinde suw ýygnanýan çanak görnüşli çukurlar, küpler. ◊ Çanak, Çanakgaş.

**Çaň** – **1.** Howanyň ýüzüni gaplap alan tozan, kirşen. ◊ Çaňlyböwsük, Çaňlyýap. **2**. Uzakdan çaňjaryp, dumanlap görünýän dag, belent depe, gala. ◊ Çaňly, Çaňlydepe. **3**. Ýokardan güwläp aşak eňýän suw damjajyklarynyň emele getirýän "çaňy", "tozany". ◊ Çaňlybent, Çaňlygüzer, Çaňlyýap. **4**. *kön.s.* – Daň (ДТС). Aslynda *çaň* we *daň* sözleri bir kökdendir.

**Çaňjarmak** – çaň gatyşykly dumanlap durmak, ümezläp görünmek.

**Çaňlaw** – tozap ýatan gumaksy ýer, suwsuz boz meýdan. ◊ Çaňlaw.

**Çapgyn** – ýiti, güýçli sowuk, ýelli aýaz; ýagynly, ýelli howa. Howa çapgyn sowukdy.

**Çapgyn ýagyş** – ýelli, sowuk howada ýagýan gar gatyşykly ýagyş.

**Çapma** – daşly ýa-da toýunly ýerleri çapyp edilen güzerler, inelgeler, şu ýol bilen gazylan guýular. ◊ Çapmaolum.

**Çaran,** *ýerli. g.* – **1**. Uly jar (ahal). ◊ Bükrüçaran, Çaran, Çarandepiz. **2**. Öri meýdany (Garrygala, Orazow). **3.** Ýalpak suwda ösýän suw otunyň bir görnüşi

**Çarbag** [ça:rba:g], *p.* – **1**. Saýaly we miweli daragtlaryň köp ýeri. **2.** *ýerli g.* – Howly, haýat, mellek (alili, dg. ýomut, sakar şiweleri). ◊ Çarbagly, Çarbagdepe. **3**. Gezelenç, seýil edilýän, ýörite ekilen bagly ýer, seýilgäh – park.

**Çardaý** [ça:rdaý] – *ser*. Çartag. ◊ Çardaý, Çardaýgala, Çardaýdepe.

**Çardere** [ça:rdere], *p.* – dört derwezeli gala. ◊ Çardere, Maňgyrçardere.

**Çarh**, *p.* – asman, gök; çarhy-pelek, dünýä.

**Çarhy** – gumdaky suwy çarh bilen çykarylýan guýularyň bir görnüşi. ◊ Çarhy, Çarhyçeşme.

**Çarhy-pelek,** *p.-a. – ser.* Çarh.

**Çarkandak** – beýikli-pesli, çukanak-çakanak ýer, ýol. ◊ *Ýolsuz çarkandakdan geçmeli bolar* (Paýzy Oraz).

**Çarpara** [ça:rpa:ra], *p.* – **1**. Iki ýoluň, köçäniň kesişýän ýeri. **2.** Gatladan 4-e bölünýän aryk. ◊ Çarpara.

**Çartag** [ça:rtag], *p.-a.* – **1.** *ser*. Çärdek. **2**. Dört burçy gümmez ýa-da egri ýaý ýaly edilip ýapylan we üsti basyrylan jaý, köşk. ◊ Çardaý.

**Çar tarap**, *p.-a.* – dumly-duş, daş-töwerek, dört ýan.

**Çarwa** – maldarçylyk bilen meşgullanýan göçme ilatyň ýaýlasy, ýazyna oturýan ýeri. ◊ *Çarwada tutulan uly toýuň dabarasy bu ýere-de ýetdi* ("Garagum").

**Çarwa hasaby** – müçe ýyl hasabynyň ikinji ady. Ol her ýyla bir haýwanyň (jemi 12 haýwanyň) ady dakylandygy üçin, şu ady alypdyr.

**Çaşgyn** – çugdam, topbak däl-de, her haýsy bir ýerde ýerleşen meňzeş närseler: depeler, guýular we ş.m. ◊ Çaşgyn.

**Çat** – **1.** Iki derýanyň biri-birine goşulyşýan ýeri, goşandyň uly derýa guýýan ýeri. ◊ Çat. **2.** *ser.* Çatryk. **3**. Çat açan, ýarylan ýer. **4**. *kön.s.* – Guýy. (Kaşg.).

**Çatal** – **1.** Baýryň, dag gerşiniň ikä aýrylýan ýeri; dag depesiniň iki çöňňe bolup duran ýeri. **2**. Ýolaýryt. ◊ Çatal; *Çatal gazyk ýere girmez* (nakyl).

**Çatlak** – birleşýän iki derýanyň aralygyndaky ýer, delta (Türkiýe türkm.).

**Çatma** – küme. ◊ Çatmaly.

**Çatryk** – **1.** Ýoluň we beýleki uzalyp gidýän desgalaryň kesişýän ýeri, aýryt. ◊ Üççatryk. **2**. Ýabyň ikä bölünýän ýeri. ◊ Çatryk, Çatrygolum. **3**. Uly gury ýer böleklerini birikdirýän dar geçelge.

**Çaý** [ça:ý] – **1**. Çeşme, bulak (Köpetdag). ◊ Mäneçaý, Bamyçaý, Arwaz çaýy, Çaýek. **2**. Köl, suwuň akýan ugurlary, siliň ýoly, jar. ◊ Çaýburun, Guruçaý, Çaýdargan, Garaçaý, Ortaçaý. **3**. Bol suwly guýy (Garagum). ◊ Çaýajy, Çaýguýy, Çaýnur, Çaýpotra.

**Çaýla** [ça:ýla], *ýerli g.* – **1**. Meýdanda gündizine saýawan üçin edilen telär, çärdek. ◊ Çaýlapetde. **2**. Häzirki döwürde: Meýdan düşelgeleri (Özbegistan we Täjigistan türkm.). Aslynda, *çaýla* sözi *ýaýla*, *ýaýlag* sözüniň bir görnüşidir.

**Çaýlym** [ça:ýlym] – suw joşan wagty derýa jülgesiniň suw basýan bölegi.

**Çaýmak** [ça:ýmak], *ýerli g.* – suwa ýakylan, emma tapdan çykan ýeriň ýüzüne örän gysga wagtlyk suw goýbermek (ärs. şiwesi). Ekiljek ýeriň çalt guramagy, taba gelmegi üçin şeýle edilýär.

**Çeçeklik,** *kön.s.* – gülzar. ◊ Çeçeklik ýer (Kaşg.).

**Çekge** – gapdal. ◊ Çekgeguýy.

**Çekilmek, suwy çekilmek** – gaýtgyn, akarlarda suwuň akyş depgininiň peselmegi, suwuň derejesiniň aşak düşmegi, guýudaky suwuň azalmagy ýa-da gutarmagy.

**Çelgi** – **1.** Ýolsuz ýerlerde we ýollaryň aýrylýan ýerlerinde goýulýan bellikler, oriýentir. ◊ Ortaçelgi, Orusçelgi, Howutlyçelgi, Çelgilibeýik, Egriçelgi. **2**. *ýerli g.* – mal agyly (*ar.*).

**Çeltik**, *kön.s.* – şaly ekiljek yzgarly ýer (Radlow). Häzirki edebi dilde tüwiniň içindäki gabygy aýrylmadyk şaly dänelerine *çeltik* diýilýär.

**Çemen,** *p.* – dürli otlaryň gögerýän ýeri, gülzarlyk; derýalaryň we çeşmeleriň ýakalaryndaky gür otluk. ◊ Çemen, Çemenibit, Çemenli.

**Çemenlik** – otluk we güllük ýerler.

**Çemenzar** [çemenza:r], *p.* – *ser.* Gülzar, Güllük.

**Çemmer,** *p.* – **1.** Halka; dagyň, depäniň, ýapynyň biline guşak bolup duran tebigy aýlaw. ◊ Çemmer, Çemmerli, Çemmerliçulba. **2.** Düýäniň howudynyň mäkäm durmagy üçin ulanylýan ýüp. *Düýe çökerip çemmer işmek* (Nakyl).

**Çenber,** *p.* – halka, tegelek; asman, gök. *ser.* Çemmer. ◊ *Aýdabilmen, ýa çarhmy sen, çenbermiň* (Magt.).

**Çenlik** – smeta.

**Çeňňe** – *ser.* Çöňňe.

**Çep** – tarap, sag tarapyň garşysy, sol. ◊ Derýanyň çep kenary; Çep (oba), Çepbe, Çepbesaý.

**Çeperi,** *ýerli g.* – agyl, daşyna germew edilen ýer, mal ýatagy (dg. ýom.-maşryk).

**Çep kenar** […kena:r], *t.-p.* – derýanyň, kanalyň - akabanyň çep kenary (gözbaşdan aýagyna tarap gaýdanda).

**Çerdak** – *ser.* Çärdek.

**Çermeme** – *ser.* Iýşme.

**Çeşme,** *p.* – ýeriň aşagyndan syzyp ýa-da gaýnap çykýan suw, bulak, gözbaş (bu adalga "göz" manysyndaky *çeşm* sözündendir). ◊ Agarçeşme, Sowukçeşme; *Şarlap çeşmeleriň, kölüň-çaýlaryň, duýdansyz geçerdi günüň-aýlaryň* (A. Kekilow).

**Çet** – iň gyraky nokat, uzak ýer, uç. ◊ Çetguýy, Çetçulba.

**Çet-çemere** – gyrak-bujak, gyra. ◊ Tokaýyň çet-çemersi.

**Çeten,** *kön.s.* – **1.** Daşy çäklenen, töweregi gabalan. **2.** Ýurt, Watan. ◊ *Ne külfet galar, ne çeten* (Magt.).

**Çet ýurt** […ýu:rt] – daşary ýurt, serhetden aňyrdaky ülke.

**Çeýkelsuw**, *ýerli g.* – suwy az berýän, gözi biten guýy, körguýy (ärs.).

**Çäç** [çä:ç] – harmanda çäç edilip goýlan dänäni ýada salýan depeler. ◊ Çäç, Çäçbaba, Çäçdepe, Çäçtokaý.

**Çäge, çägelik** [çä:ge] – gaty halyndaky minerallaryň ürgün, dänejikleriniň ululygy 0,01 mm-den 1,0 mm-re çenli bolan jynslar. Olaryň reňki, galyňlygy, böwşeňligi ýa-da gatap gidenligi bilen tapawutlanýan, özboluşly keşpli ýerlerine *çägelik* diýilýär. Mehaniki düzümi boýunça üç topara bölünýär. Eger-de däneleriniň diametri: (ululugy) 1,00–0,25 mm bolanda olara *iri däneli çäge*; 0,25–0,10 mm bolanda *orta däneli çäge*; 0,10–0,01 mm bolanda *ownuk* (*maýda*) *däneli çäge* diýilýär. ◊ Arwahçäge, Sakarçäge, Salyrçäge, Saryçäge, Sygyrlyçäge, Çägearyk, Çägegüzer, Çägeýasga.

**Çägeli çöl** [çä:geli…] – ýeriň üstüniň ähli ýerini çäge eýeleýän çöl tipi (Freýkin).

**Çägesöw** [çä:gesöw] – çäge bilen toýun gatyşykly topragy bolan ýer, gumaksy. *Ser*. Toprak.

**Çäk** [çä:k] – **1**. Ýurtlaryň arasyndaky araçäk, serhet. **2**. Iki atyzyň arasyndaky çil, merz.

**Çärdek** [çä:rdek], *p.* – **1**. *kön.s.* Peştag, Erk (Budagow); dört burçy tag (ýaý) görnüşinde ýapylan bina. **2**. Dört agaç dikilip, üsti ýapylan we bir ýa-da köp tarapy açyk goýlan saýawan-jaý. ◊ Çärdekli. **3**. *ser.* Çerdak. Bu adalga rus diline hem geçipdir.

**Çäş** [çä:ş], *p.* – ertirki guşluk wagty. ◊ *Çarşenbe gün çäş wagty gondurdygym bilmezmiň?* (Magt.).

**Çigin** – çöpböwet, arykdaky suwy çişirmek üçin ýabyň içine birnäçe gazyk kakylyp, onuň öňüne çöp-çalam basmak arkaly edilýän bent, böwet (ýabyň suwy düýbünden kesilmezligi, aýak tarapa-da biraz akmagy üçin şeýdilýär). ◊ *Ýaby çiginlemeseň, bu ýere suw çykmaz.*

**Çigrek** – güýz aýazy; ertirlerine ýa-da agşamlaryna düşýän ýeňiljek sowuk. ◊ *Gündiz Günüň kümüş nury ýansa-da, gijesine düşýär azajyk çugrek* (B. Kerbabaýew. "Aýlar").

**Çigremek** – howa sowap başlamak, aýaz düşüp ugramak.

**Çil,** *p.* – **1.** Toponimiýada köp gaýtalanýan sakramental, mukaddes san (parsça *çehl* – "kyrk"). ◊ Çilburç, Çilgez, Çilgezbaba, Çilgümmez, Çilduhtar, Çilkeman. **2**. Uly atyzlary bölüp-bölüp suwarmak üçin, onuň içinde gumdan galdyrylýan çäk, serhet. ◊ *Hoşgeldi pilini egnine atyp, çiliň üsti bilen bulara baka gaýtdy* (A. Gowşudow. "Köpetdagyň eteginde"). **3**. Merz, diwar, gaçy. ◊ Heläkiniň çili. **4**. Akyn, arym, uly jar. ◊ Akçil, Garaçil, Çiller.

**Çilgez,** *p.* – uzyn ("kyrk gez") mazary bolan öwlüýä, mukaddes ýer. ◊ Çilgez, Çilgezata, Çilgezbaba, Hajyçilgez.

**Çille**, *p.* – kyrk günden ybarat möhlet, möwsüm, oňa *kyrk çille* hem diýilýär. Bu adalga parslaryň *çehl* ("kyrk") sözündendir. Çille ýylda iki gezek bolýar: *tomus çillesi* – iýun aýynyň 25-inden awgust aýynyň 5-ine çenli döwür, tomsuň örküji, iň yssy 40 güni, jöwza (oňa *tomsuň uly çillesi* hem diýilýär), *tomsuň kiçi çillesi* – tomsuň başky yssy 20 güni, iýul aýynyň 5-inden iýul aýynyň 25-ine çenli aralyk; *gyş çillesi* – gyşyň dekabr aýynyň 25-inden fewral aýynyň 5-ine çenli bolan 40 sowuk günleri (oňa *gyşyň uly çillesi* hem diýilýär); *gyşyň kiçi çillesi* – gyşyň ikinji sowuk 20 güni, fewral aýynyň 5-i – 25-i aralygy.

Bu seneler Eýran we Owganystan üçin umulaşdyrylan ortaça seneler bolup, A. Meredowyň, S. Ahallynyň "Türkmen klassyky edebiýatynyň sözlüginden" (Aşgabat: Türkmenistan, 1988. 451-nji sah.) alnandyr. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Gidrometeorologiýa baradaky milli komitetiniň ("Türkmengidrometiň") baýry hünärmeni professor M.Nurberdiýewiň pikiriçe, ýokarda görkezilen senelerden gyşyň *kyrk çillesi* Türkmenistanyň ähli ýeri üçin dogry gelmeýär. Sebäbi, gyşyň uly çillesi hakyky sowuk düşýän döwürden 2 hepdä golaý giç görkezilipdir. Tomusky uly çilläniň wagty ýurdumyzdaky has yssy günleriň höküm sürýän döwrüne dogry gabat gelýär. Şu ýerde *türkmenleriň ýyldyz senenamasyna* (dürli ýyldyzlaryň dogup ýaşýan wagtyna) görä ýöredilýän çille hasabynyň hem bardygyny ýatlamak ýerliklidir. Meselem, şol *çarwa ýyldyz hasaby* boýunça tomusdaky uly çilläni Ýaldyrak dogandan soň hasaplanylýan ýagdaýy hem duş gelýär. Hakykatda bolsa, Ýaldyrakdan soňra Türkmenistanyň ähli ýerinde tomsuň jöwzasy peselip, howa salkynlap başlaýar. Şu ýerde her welaýat üçin gyşdaky we tomusdaky *kyrk çille* seneleriniň ýurdumyzyň dürli künjeklerinde deň däldigini nygtamak zerurdyr. Sebäbi, pasyllar welaýatlar boýunça dürli senelerde başlanýar. Mysal üçin, Mary welaýatynda tomus pasly maý aýynyň başynda, Daşoguzda bolsa 2 hepde giç başlanýar; gyş pasly Maryda dekabr aýynyň ortalarynda, Daşoguzda bolsa noýabr aýynyň birinji ongünlüginde başlanýar. Professor M. Nurberdiýewiň geçiren seljermesi netijesinde häzirki döwürde "Klimat üýtgeýär" diýen pikiriň hakykata laýykdygy subut edildi. Meselem, soňky 30–40 ýylyň dowamynda Türkmenistanyň çäginde köp etraplarda ýaz paslynyň dowamlylygynyň artandygy anyklanyldy. Bu ýagdaýlar bilen tanyş bolan okyjylar ýokarda getirilen *uly* we *kiçi çilleleriň* wagtyny görkezýän seneleriň umulaşdyrylan takmyny sanlardygyny göz öňünde tutmalydyrlar.

**Çim** – ot, otluk ýer; gumuň üstüniň otlar bilen basyrylan, otuň we olaryň köki bilen berkleşen gatlagy. Türkmen şiwelerinde (meselem, salyr) gyrtyja *çim* diýilýär.

**Çimbajak** [çimba:jak], *ýerli g.* – otuň kökleri, damarlary bilen berkleşen toprak, gum (gök.).

**Çisgin** [çi:sgin], – *ser.* Çisňi.

**Çisgin ýagyş –** ownuklap ýagýan ýagyş.

**Çisňemek** [çi:sňemek] – maýdalap, ownujakdan pürküp ýagýan ýagyş. Oňa ussapürküş hem diýilýär.

**Çisňi** [çi:sňi] – ýelli howada ownukdan ýagýan ýagyş.

**Çiş** [çi:ş] – ujy inçeden gelen dik depeler. ◊ Çişdepe, Çişleňdepe.

**Çişmek** [çi:şmek] – suwuň derejesiniň ýokary galmagy, suwuň ýapdan, atyzdan daşyna agmak howpunyň döremegi.

**Çog** [ço:g] – Günüň, közüň ýakyp barýan howry, gyzgyny.

**Çogdam –** topbak, topar, gür; näme-de bolsa bir zadyň köp üýşen ýeri.

**Çoh –** *ser.* Çok. ◊ Çohpetde, Çohdepe.

**Çok** – gür, topbak, çugdam. ◊ Çokagaç, Çokgamyş, Çokjüwewüt.

**Çokalak** – Amyderýanyň hanasynyň gyralarynda suw akymynyň we ýeliň emele getiren çäge ulgamjyklary, gök çägeden dörän kiçi gerişler (Murzaýew).

**Çokrak – 1.** *kön.s.* Çeşme, bulak (Radlow). **2**. Çukurlyk, oý, köl. ◊ Çokrak, Çokrakguýma.

**Çoky** – dik depe (Balkan wel.).

**Çolan** – akmaýan suwlarda gögerýän suwasty otlar. ◊ Çolanly kenar.

**Çolpan –** ýyldyz. Gadymy sözlüklerde bu söz “türkmençe” diýlip bellenipdir (Attuhfatuz).

**Çomry –** ekerançylyk bilen meşgullanyp, gyşyn-ýazyn hiç ýana göçmän, şol bir ýerde ýaşaýan ilat we onuň mekany.

**Çomry çarwa** – gumuň eteginde oturyp, hem ekerançylyk, hem maldarçylyk bilen meşgullanýan oturymly obalar. Olara *ýarym çarwa* hem diýilýär.

**Çoň** – uzakdan görünýän belent, dik depe, dag. ◊ Çoň, Çoňdepe.

**Çoňňa** – çömmelip, sömelip, dikelip oturan, çeňňe (depe, dag).

**Çoňňal** – *ser.* Çoň, Çoňňa. ◊ Gökçoňňal, Dikçoňňal.

**Çopantelpek** – **1.** Uludan-uludan gaýyp düşýän gar. **2.** Ösümlik ady (rusçasy – romaşka).

**Çorga,** *mong.* – derýanyň egremi, egrelýän ýeri. ◊ Çorga.

**Çowruk,** *ýerli g.* – Aýyň agyly, Aýyň daşyna aýlanýan halka (far.).

**Çozgun,** *ýerli g.* – uzalyp, sozulyp (şiwelerde: çozulyp) ýatan ýer, depe, köl. ◊ Çozgun.

**Çöket** – *ser.* Çöketlik.

**Çöketlik** – **1.** Çöken ýer, oý, peslik. ◊ Turan çöketligi. **2**. Deňizleriň opurylan, oý bolup ýatan düýbi. ◊ Hazar deňzindäki Derbent çöketligi.

**Çökgün** – *ser.* Çöketlik.

**Çökündi** – suwuň, suwuklygyň özünden başga çöküp galan galyndysy.

**Çöl –** gurak klimatly giň meýdan; üsti köplenç, çägeden, käbir ýerlerde gertden (lýosdan), toýundan (takyrdan), şorlukdan, ýaramsyz ýerden (bedlendden), daşdan we ş.m. duryan beýewan. ◊ Garagum çöli. Gyzylgum çöli, Çölgum, Çölüň gyry, Ortaçöl.

**Çöl-beýewan [**…beýewa:n**],** *t.-p.* – giň, sähra; yssy, çola, örän giň meýdan.

**Çölek,** *kön.s.* – tüweleý; gom. ◊ *Gelip kim köl era düşgen çölekdir* (“Jeňnama”).

**Çöllük –** gurak klimatly giň meýdan, köplenç, çägeli, sähra meňzeş çola ýer, suwsuz meýdan.

**Çölüstan** [çölüsta:n], *t.-p.* – *ser.* Çöl. Çöl-beýewan, sähra. ◊ *Teşne galyp, jaýyň bolsa çölüstan, derýa içre men Isgender boldum tut* (Magtymguly).

**Çömmek –** dagyň, gumuň, gerşiň beýgelip, ýiti uç, depe emele getirýän ýerleri, sömelip duran depeler. ◊ Çömmekdepe, Çömmegaryk.

**Çöňňe, çeňňe –** dag gerişleriniň, baýyrlaryň çömmek depe emele getirýän ýerleri. *ser.* Naýzadaş, Çömmek, Çoňňa. ◊ Goşaçöňňe, Abalakçöňňe, Söýünçöňňe, Çakmaklyçöňňe, Çöňňeligyr. *ser.* Çoňňa.

**Çöp** – otjumak ösümlikleriň, gyrymsy agaçlaryň köp ýeri. ◊ Çöpli, Çöplübeýik, Çöplügarawul, Çöplüdepe, Çöplüçelgi, Çöplüçynar, Çöplüçäge, Çöpremezan.

**Çöpböwet** – *ser.* Çigin (far.).

**Çöplük** – ot-çöpi köp ýer, çöp basan ýer.

**Çöwlüm**, *ýerli g.* – çuňňul, derýa hanasynyň çuň ýerlerinde saklanýan suw, gaýtgyndan soň emele gelen suwly çukurlar (noh.).

**Çözgün** – ýeriň doňan gatlagynyň eräp başlamagy, doňy erän ýer.

**Çugdum** – üýşmek, topbak.

**Çugurdan, çukurdan,** *kön.s.* – ýagyş suwunyň toplanan oýy, çukury. (Kaşg.).

**Çukanak** – kiçi oý, çukur.

**Çukrama ýol […**ýo:l], *kön.s.* – bulak suwy, çeşme (Kaşg.).

**Çukur** – **1.** Çuň. ◊ Çukurdepe, Çukurguýy, Çukurberdi. **2.** Gazylan ýa-da oýulan ýer. ◊ Çukur, Çukurgala, Çukurgum, Çukurköl, Çukurlyk, Çukurtakyr, Çukurhendek, Çukurýurt, Çukurýaşyl, Akçukur, Goşaçukur.

**Çukurça** – kiçi çukurlar.

**Çukur-çakanak** – *ser.* Çakyr-çukanak. ◊ *Çukur-çakanaga öwrülip ýatyr* (Paýzy Oraz).

**Çulba** – konus şekilli depeler. Merkezi Garagumdaky çulbalaryň köpüsi kükürtli depelerdir. ◊ Kyrkçulba, Saryçulba, Çalçulba, Çemmerliçulba, Agaçlyçulba, Çulbalyarym.

**Çuň** – örän çukur, çuňňur, teriň (guýy, oý we ş.m.). ◊ Çuňköl.

**Çuňdere** – dar we çuň jülge.

**Çuňluk** – guýynyň, oýuň we ş.m. agzyndan (ýokarsyndan) düýbüne çenli aralygynyň ölçegi, boýy.

**Çuňňul** – **1.** Gumuň çuň gollarynda gazylan guýular (Baýramaly). **2.** Suwy guran ýaplaryň, akabalaryň hanalaryndaky çukur ýerlerde galan suwlar. ◊ Alamançuňňul, Atgyrançuňňul.

**3.** Köl, tegelek köl. ◊ Kertçuňňul, Çuňňullypereň. **4**. Ýaplaryň suwa düşülýän ýeri. **5**. Derýanyň suwunyň çuň ýeri.

**Çümgen,** *kön.s.* – otly ýer, otluk (Kaşg.). *ser.* Çim, çimli.

**Çüňk, çünt – 1.** Üsti tekiz belent gyrlaryň dik kert bolup aşak eňýän gyralary, kenary. Çüňküň ýokarsyndaky tekizlige *üstýurt* diýilýär. Adalga *çink* görnüşinde rus diline, onuň üsti bilen bolsa beýleki dillere-de "çink" geçipdir. **2**. Dagyň çüňk bolup duran çömmegi. ◊ Çünt.

**Çüňňül** – *ser.* Çuňňul.

**Çüri** – depäniň, gerşiň we ş.m. şekiliň insiz, inçelip uzalan ýeri.

**Çürnek** – ýokarsy çürelip gidýän depeler. ◊ Çürnek, Çürnekdepe, Çürnekçäge.

**Çürnük** – *ser.* Çürnek. ◊ Çürnükküp.

**Çüte,** *ýerli g.* – suw tutulman ekilen ýer (ärs.). ◊ Çüte. **2.** Doly boý almadyk göýdük ekin.

**Çüwde,** *ýerli g.* – dagyň, ýapynyň ýüzünde çykyp, öňe omzap duran ýer, burun.

**Çyg** [çy:g] – nem, yzgar; güýzüň soňky böleginde gijesine ýere düşýän suw, nem. Mahmyt Kaşgarly "çyg" manysynda *sarkym* sözüni ulanypdyr. ◊ Çyglydepe.

**Çyglyk** – ýagynly ýurt; yzgarly, nemli howa.

**Çygyr – 1.** Territoriýa, ýeriň, ýurduň tutýan aýtymy ("Ýaşlyk", 1991, № 11). **2**. Ýol, ýoda (Kaşg.)., uly ýoldan aýrylýan darajyk ýoda; galyň garyň üstünden ýörelip edilen ýoda (Radlow). **3**. Çäk, serhet.

**Çykalga – 1.** Ýapylaryň ýüzüne ýokary çykmak üçin edilen basgançaklar. **2**. Gapy, daşary çykylýan ýer.

**Çykyr** – *ser*. Jykyr. ◊ Çykyrçy.

**Çylgym** – zol, zol-zol, zolak-zolak. ◊ Çylgym-çylgym gerişler.

**Çyrla** – Garagumda gazylýan guýularyň bir görnüşi bolup, olar ajy, şor guýularyň suwuny süýjetmek üçin hyzmat edýär. Çyrla "şyrlamak" sözünden bolup, takyrdan ýygnan suwuň guýynyň içine akýan sesini aňladýar. Bu guýular takyrlaryň pesräk çetinde gazylýar we olara ýagyş, gar suwy akdyrylýar. Ýokardan inen duzsuz ýeňil suw aşakdaky massasy agyr şor suwuň üstünde toplanýar. Ýagyş, gar näçe köp ýagsa, şonça-da guýudaky süýji suw gatlagy (linza) ulalýar.

Toplanan süýji suw linzasynyň ortarasynyň gabadyndaky guýudan agyz suwy, çeträginden maly suwa ýakmak üçin suw alynýar. Ata-babalarymyzyň süýji suwy uzak wagtlap saklamagyň bu täsiň we ýönekeý usuly olaryň ajaýyp suw inženerçilik ukybyna güwä geçýär. Bu usul Garagumda häzir hem ulanylýar. Ajy suw bilen garyşmaz ýaly toplanan süýji suw düýe hamyndan edilen gowa bilen alynýar. Soňky ýyllarda elektrik togunda işleýän sorujy tehniki serişdeler ulanylýar. ◊ Garryçyrla, Mürzeçyrla, Kürtçyrla, Çyrlaguýy.

**Çyrlak,** *ýerli g.* – şarlawuk, (man.). ◊ Çyrlak.

**Çyrlaoý [**çyrlao:ý**]** – çyrla guýulary bolan oýlar, öri meýdanlar.

**Çyrpynmak** – möwç almak, joşmak (suw barada). ◊ *Murgap derýasy çyrpynyp akýar* (A. Durdyýew).

**Çytawun** – çygly çigrek, birneme aýazly howa. ◊ *Çytawun howada ...atlar öňe bakan ümzük atdylar* (B. Kerbabaýew. Aýgytly ädim).

## – D –

**Daban** [da:ban] – **1**. Belent dagyň üstünden aşylýan ýer, geçelge. ◊ Akdaban. **2**. Dagyň etegi, dabany (Kaşg.).

**Dag** [da:g] – tekizliklerden mese-mälim ýokary saýlanyp duran daş jynsy, daşly belentlikler. ◊ Köýtendag, Köpetdag, Gubadag, Soňudag.

**Dagal** – beýikli-pesli ýer, depelik, çagat (sar., Penjiýew).

**Dagbaşy** [da:gbaşy] – dagyň belent ýeri, çür depesi. ◊ *Daglar başy duman-duman* (Aýdym).

**Dagetek** [da:getek] – dagyň etegi. Oňa *damana* hem diýilýär.

**Daglyk** [da:glyk] – dagyň eýeleýän ýeri, köp dagly ýurt, dagystan. ◊ Daglyk-Garabag.

**Dagystan** [da:gysta:n] – daglyk ýurt. ◊ Dagystan.

**Dahana**. *p.* – **1.** Derýanyň, jülgäniň agzy. **2**. Dag çeşmeleriniň dar dereden giň jülgelere çykýan ýeri. ◊ Gazdahana, Daýna. **3**. Üstünden

geçilýän dag gerşi, gyr. ◊ Akdahana. **4**.Ýabyň gulagy, uly ýaplardan kiçi ýaplaryň suw alýan agyzlary (far., Penjiýew).

**Dala** – **1**. Sähra, düzlük meýdan. ◊ Düýedala. **2**. Açyk ekerançylyk ýerler, ýalazy meýdan (çow., ata, Penjiýew).

**Dalak [**da:lak**]** – dalak görnüşli ýerler.

**Dalan** – bassyrma, eýwan, dagda dalana meňzeş ýerler.

**Dalaşipon** [dalaşipo:n], *täj*. – meýdan düşelgesi (far., dänew)

**Dalbar** – üstüne üzüm ýaly çyrmaşagan ösümlikler ýarmaşan telärler, teläre meňzeş desgalar. ◊ Dalbarly.

**Dalda** – pena ýer, yk, ykyşak.

**Dalga** – **1**. Boran, sowuk ýelli gaý. Mahmyt Kaşgarly bu sözi *talgag* görnüşinde ulanypdyr. **2.** Gaýda döreýän uly tolkun. ◊ *Uly gämi dalgadan gorkmaz* (nakyl).

**Damak** – **1**. *ýerli g.* Aşak, aýak (Stawropol türkmenleri). Damagagyl. **2**. Derýanyň deňze guýýan ýeri, agzy.

**Damana,** *p***.** – etek, dagyň etegi, aşagy. ◊ Damana, Damanykuh.

**Damana ýoly** [...ýo:ly], *p.-t.* – dagyň etegini syryp geçýän ýol.

**Dam-dam** – suwy daşlaryň arasyndan, ýokardan damyp ýygnanýan az suwly, akmaýan çeşmeler. Olara *damja, damzyk, damma* hem diýilýär. ◊ Damdam, Damdamçeşme.

**Damja** – *ser.* Damdam. ◊ Damja, Damjalyoý.

**Damla** – Garagumdaky guýularyň bir görnüşi. Toýun we daş gatlakly ýerlerde gazylan, şonuň üçin hem diwarlary berkidilmedik, oňa hiç zat örülmedik bu guýularyň suwy ýokardan damyp ýygnanýar. Damla guýulary gumuň gyr zolagynda ýerleşýär. ◊ Abylhandamla, Gylyçdamla, Damla, Ugurlydamla.

**Damma** – *ser*. Damdam. ◊ Damma.

**Damzyk** – *ser*. Damdam.

**Daň** – Gün dogmazynyň öň ýanynda howanyň ýagtylyp başlaýan çagy, säher.

**Daň atmak –** ir bilen jahanyň ýaňy ýagtylyp başlamagy.

**Daňdan** [daňda:n] – *ser*. Daň.

**Dara** – *dere* sözüniň şiwe görnüşi (Köýten). ◊ Daraýdara, Ýylandara.

**Daragtlyk,** *p.* – baglyk, köp agaçly ýer.

**Darak** – ýokarsy diş-diş, erez-erez bolup duran gerişler, gyrlar; baýyrlar (Murzaýew). ◊ Darakly, Daraky.

**Daram, taram,** *kön.s.* – derýanyň deňze guýýan ýerindäki gollary, şahalary (Radlow). Mahmyt Kaşgarly bu sözi *tarmak* görnüşinde ulanypdyr.

**Daraw, daraw-daraw** – ýagyş suwunyň dag, gyr ýapylaryny, baýyrlary kesim-kesim, ýol-ýol eden ýeri, suw ýoljagazlarynyň birnäçe şahajyklara dargan ýeri. Käbir türki dillerde (meselem, garagalpak dilinde) şu söz bilen asyldaş bolan *tarmak* sözi "derýanyň goşandy" diýen manyny aňladýar.

**Darawa**, *p.* – **1**. Taraz (Murgap oazisi). Al-Horezmi bu sözi *darakat* görnüşinde ulanypdyr (Penjiýew). **2**. Siliň gelýän ugry, suw ýoly. ◊ Uludarawa. **3**. Ýagyş suwuny düme ekiljek ýere sowmak üçin çekilýän ýapjagazlar (Murzaýew).

**Darlyk** [da:rlyk] – suw ýolunyň (farwateriň), bogazlaryň, derýalaryň kenarlarynyň biri-birine ýakynlaşyp, has daralýan ýerleri (Borjakow).

**Darmak** – derýanyň deňze guýýan gollary, aşaky şahalary. *ser.* Daram, taram.

**Dartmalyk** – ýapynyň ýüzünden aýlaw-aýlaw edilip çekilen ýap, çeşme (Köpetdag).

**Daş** – **1**. Uzak, alys, uzak aralykda ýerleşen. ◊ Daşguýy (ýagny "uzakdaky guýy"), daş ýer, Daşoguz. **2.** Bir zadyň (oýuň, howlynyň, galanyň, şäheriň, ýurduň…) daşy, daş tarapy. **3.** Töwerek, degre-daş.

**Daş** [da:ş] – **1**. Uly tokga daş; gaýa, dag. ◊ Daşagyz, Daşburun, Daşböwet, Daşlyalaň. **2**. Bişen kerpiçden, daşdan salnan binalar. ◊ Daşrabat, Daşguýy, Daşköpri, Daşsaraý, Daştam. **3**. Deňziň düýbi daşly suwlarynda balyk tutulýan ýerler. ◊ 1-nji Daş, 2-nji Daş, 3-nji Daş.

**Daşary** – **1**. *ser.* Daş-2. **2**. Daşary ýurt, çet ülke, keseki. ◊ Daşarydan getirilen haryt, daşary bazar.

**Daşgum** [da:şgum] – *ser.* Gumdaş.

**Daşguýy** [da:şguýy] – diwary daş, bişen kerpiç bilen berkidilen guýular. ◊ Daşguýy.

**Daşgynlar we gaýtgynlar** – okeanlarda we käbir deňizlerde suwuň derejesiniň ýokary galyp, aşak düşmegi.

**Daşgyn tolkunlary** – Aýyň we Günüň joşgun döredìji çekiş güýçleriniň täsiri netijesinde dünýä okeanyndaky suwuň yrgyldysy.

**Daş käni** [da:ş kä:ni] – dagyň gaty minerallaryndan ybarat bolan gurluşyk materiallarynyň alynýan ýeri, karýer.

**Daşly çöllük** [da:şly…] – daşlaryň ýer üstüni tutuşlygyna diýen ýaly örtýän ýa-da gum bilen gatyşyp gelýän ýerini eýeleýän gyrlar. Käbir halatlarda olar gipsli çöl bilen utgaşykly hem duş gelýär. ◊ Üstýurt, Üňzüň günorta-günbatary, Şagadam düzlügi ýaly gyrlar degişlidir.

**Daşlyk** [da:şlyk] – **1**. Daşy köp ýer. ◊ Daşlyk. **2**. Deňizde suwuň aşagynda ýerleşýän ýa-da suwuň ýüzüne çykyp duran we gämili ýüzüş üçin howply bolan ýerler – suw giňişligi.

**Daşt.** *p.* – *ser.* Deşt. ◊ Agzydaşt.

**Daş-töwerek** – *ser.* Daş-3.

**Daş ýol/daşly ýol** [da:ş ýo:l] – üstüne daş (çagyl) dökülen, ulag gatnamak üçin ýörite bejerilen zolak.

**Daýna** [da:ýna] – dahana sözüniň bir görnüşi (Garrygala). ◊ Daýna.

**Deger** – şyr-takyr, giň düzlük, ýeliň hiç hili päsgelsiz, ähli ýerine deň derejede degip geçýän tekiz meýdany (ärs.). ◊ Degeraryk, Mukrydeger, Ketdedeger.

**Degeraryk** [degera:ryk] – suwy akgynly aryk (ärs., Penjiýew).

**Degirmen** – ugrunda degirmen gurlan çeşmeler. ◊ Degirmendag, Degirmenjik.

**Degiş** – derýanyň, siliň we beýleki güýçli akýan suwlaryň kenary köwýän, ony opurýan we gorplary emele getirýän ýeri. Daşoguz we Horezm welaýatlarynda oňa *ýykgyň* hem diýilýär (Ýa.G.Gulýamow). ◊ Gazakdegiş, Garadegiş, Nazarbaýdegiş, Degşana.

**Degmek** – derýanyň güýçli akymynyň kenara urup, opurylmalar emele getirmesi (*degiş* sözi şu adalga bilen baglanyşyklydyr).

**Degre, degre-daş** – *ser.* Daş-3. Mahmyt Kaşgarly bu sözi *egre*, *ýagru* görnüşlerinde ulanyp, ony “töwerek”, “degre” diýip düşündirýär.

**Deh,** *p.* – oba, gyşlag. ◊ Dänew (deh-now), Nawideh.

**Deha, daýa/diýa**, *a.* – **1**. Oba, **2**. Bölüg, mülk, oturymly ýer. ◊ Daýahatyn.

**Delta,** *ýun.* – derýanyň aýagy, onuň deňze guýýan ýerindäki şahalary.

**Demap** [dema:p], *p.* – ýokarsy beklenen ýapdan ekin meýdanlaryna öz akymyna gelýän, emma depgini barha peselýän suw (Lebap wel.).

**Demir** – **1**. *gepl.d.* Demir ýol. **2**. Geodezik bellik, triangulýasiýa nokatlaryň bellikleri.

**Demirgazyk** – **1**. Gözýetimiň (dünýäniň) esasy dört tarapynyň (rumbunyň) biriniň ady. **2**. Ýyldyz ady.

**Demirgazyk-günbatar** – demirgazyk bilen günbataryň arasyndaky tarap. Taraplaryň 8 dürlüsiniň biri.

**Demirgazyk-gündogar** – demirgazyk bilen gündogaryň arasyndaky tarap, daş-töweregi görkezýän 8 rumbuň biri.

**Demirgazyk polýusy** – Demirgazyk ýarym şarda Ýeriň aýlanyş okunyň ýeriň üstüni kesip geçýän nokady. Ol Demirgazyk Buzly okeanyň merkezi böleginde ýerleşýär.

**Demirgazyk ýarym togalak** – Ýeriň ekwatordan demirgazykda ýerleşen ýarpysy.

**Demir ýol** […ýo:l] – üstünden otly gatnar ýaly ýörite edilen ýol.

**Deň, deňe** – näme-de bolsa, bir zadyň deňi, gabady, garşysy, duşy. ◊ Galanyň deňi.

**Deňiz** – **1**. Ýer şarynyň tutuş suw örtüginiň umumy ady. Ol deňizlere we okeanlara bölünýär. **2**. Okeanografik manyda: Dünýä okeanynyň gury ýeri ýa-da suwasty belentlikler bilen çäklendirilen hem-de özüniň suw we howa ýagdaýy bilen tapawutlanýan suwly bölekleri. Özleriniň ýerleşişlerine görä, deňizler *çetki* we *ortaýer* deňizlerine bölünýärler. Çetki deňizler okeandan ýa-da başga deňizlerden ada ýa-da adalar topary bilen bölünýärler. Çar tarapy gury ýer bilen gurşalan ortaýer deňizleri bolsa okean ýa-da başga deňizler bilen bogaz arkaly birleşýärler (Borjakow). **3**. Suwly giň köller. ◊ Ajydeňiz, Deňizköl, Hazar deňzi, Aral deňzi.

**Deňiz kanaly** – gämileriň ýüzüp geçmegi üçin, deňziň düýbünde gazylýan we gatnaw enjamlarynyň serişdeleri bilen üpjün edilýän emeli kanal, akaba.

**Deňiz kenary** […kena:ry] – *ser.* Kenar.

**Deňizköl** [deňizkö:l] – deňiz ýaly uly suw ýatagy. ◊ Farap Deňizköli.

**Deňiz ýollary** […ýo:llary] – ýüzmek üçin deňiz portlarynyň arasynda saýlanyp alynýan iň howpsuz we gysga aralyk.

**Deňiz ýygyrdy** – uzak wagta çeken güýçli ýel ýatandan soň, ýagny, ýoglada – ýelsiz, asuda howada deňizde döreýän uzyn hem ýapgyt tolkunlar.

**Depe** – **1**. Uzakdan görünýän belentlikler, tebigy ýa-da emeli gum tümmekleri, alaňlar, dag belentlikleri. ◊ Akdepe, Garadepe, Mahmaldepe. **2**. Dagyň çür başy.

**Depe-düz** – beýikli-pesli ýer.

**Depelik** – depeleriň, tümmekleriň köp ýeri, depe-depe bolup duran ýer, alaňlyk.

**Depgin –** akar suwuň bady, çykgynlylyk derejesi.

**Depik, depin** – toprak agdarylanda piliň ýere çümdürilýän aňryçäk çuňlugy, takmyn, 30 sm galyňlykdaky gatlagy. ◊ Kyrkdepik.

**Depiz** – gum içindäki şory çykyp duran, pessejik tümmekli oý ýer. Mahmyt Kaşgarly *tepiz, tabiz* sözüni “şor ýer” diýip düşündirýär. ◊ Akdepiz, Garadepiz, Küýzelidepiz, Gyzyldepiz, Meledepiz, Çarandepiz, Uzyndepiz, Teňňelidepiz.

**Depme** – ýagyş suwuny takyryň pes ýerlerine, kaka akdyrmak üçin pil bilen gazylan suw ýollary, joýalar (Balkan wel.). ◊ Depme, Depmeçaý, Depmetakyr.

**Derbent,** *p.* – **1**. Dagyň esasy geçelgesi, saklaw, bent, geçmesi kyn ýer. ◊ Derbent, Derbendihan. **2**. Gala. **3**. Derweze.

**Derber,** *p.* – käriz suwunyň ýaby (ahal, Penjiýew).

**Dere** – jülge, dagyň iki belentliginiň arasynda uzalyp gidýän giň ýer. Bu adalgany *der* diýen pars sözünden hasaplaýanlar-da, *deriň, tereň* diýen türki sözden çaklaýanlar-da bar. ◊ Gökdere, Daşlydere.

**Derem,** *ýerli g.* – tarap, dumly-duş.

**Derewe** – *ser.* Darawa. ◊ Kakderewe.

**Dergäh** [dergä:h], *p.* – galalaryň, köşkleriň gapysy, işigi, bosagasy.

**Derin** [deri:n] – çuň. *ser.* Tereň. ◊ *Hem deriň köllerde ördekler ýüzer* (Garajaoglan).

**Derweze,** *p.* – **1**. Goşa depäniň, alaňyň, baýryň arasyndan geçýän ýol, geçelge, ýoluň iki gyrasynda dikelip duran belentlikler, uzyn gyryň, gerşiň gädigi. ◊ Derweze, Derwezebaýyr, Derwezegyzyl, Derwezegädik, Derwezekem, Derwezeçulba. **2**. Geçmişde uly şäherleriň daşyna aýlanan gala diwarlarynyň derwezeleri; howlularyň girelgeleri. ◊ Maryderweze, Sakarderweze, Garakölderweze.

**Derýa** [derýa:] – **1**. Ýeriň ýüzünden pese (Türkmenistanda, köplenç, günbatara) akýan uly tebigy suw akymy. ◊ Amyderýa, Syrderýa, Tünüderýa. **2**. Hazar kenaryndaky türkmen gepleşiklerinde: deňiz. ◊ Ajyderýa. Käbir alymlar (I.A. Ysmaýylow) *derýa* sözüniň hytaý, dungan we mongol dillerinde "uly" manysyny aňladýan ýa-da çagataý dillerindäki "suw ýoly" manysyndaky *rýa/arýa* (deň.: *aryk, arna*) sözlerinden emele gelendigini, ýagny bu sözüň aslynyň türkidigini belleýärler (Ономастика Узбекистана. Ташкент, 1987. 53 sah.).

**Derýa aýlagy** [derýa: a:ýlagy] – derýada suw akymyndan çetde tebigy ýa-da emeli ýol bilen dörän aýlag.

**Derýaaýak** [derýa:aýak] – derýalaryň şahalara bölünip gutarýan ýa deňze guýýan ýeri, aýagy, deltasy.

**Derýabaş** [derýa:baş] – derýadan baş alýan akabalar, ýaplar (Lebap wel.). ◊ Derýabaş.

**Derýaboý** [derýa:boý] – derýanyň kenary, ýakasy.

**Derýanyň aýagy** [derýa:nyň…] – derýanyň öz suwuny köle, deňze ýa-da başga bir derýa guýýan ýeri. Derýanyň aýagy bir hanaly ýa-da birnäçe hanaly (şahaly) bolýar (seret: Derýaaýak).

**Derýanyň gözbaşy** – suw akymynyň başlanýan ýeri.

**Derýanyň hanasy** [derýa:nyň ha:nasy] – derýanyň akýan jülgesiniň iň çuň ýeri.

**Derýa ýoly** [derýa: ýo:ly] – derýada gämi gatnawy üçin ýaramly suw ýoly.

**Desga,** *p*. – **1.** Dürli görnüşli uly gurluşyk, bina. **2.** Tebigy ýol bilen dörän zatlar: dag, depe, köl, jar, gowak we ş.m. närseler.

**Deşdüwe** – günorta ýeli.

**Deşik** – ýapylaryň, gaýalaryň, baýyrlaryň ýüzündäki oýuklar, gowaklar. ◊ Bäşdeşik, Kyrkdeşik, Ýekedeşik.

**Deşikdaş** [deşikda:ş] – **1**. Dagy, gerşi köwüp geçirilen ýol. ◊ Deşikdaş, Deşikdaşaryk (Täj.). **2**. Gowakly daş, dag.

**Deşt, daşt**, *p*. – çöl, sähra; dagyň içindäki çägeli sorlukly, daşly we ş.m. örtükli çöllük ýer. ◊ Deşt, Deşdi, Soltandeşt, Beňňideş, Deştek.

**Dähe,** *kön.s.* – on iki suwluk ýer (Kaka).

**Dähene** – *ser.* Dahana – 1. ◊ Kempirekdähene.

**Dähne** – *ser.* Dahana-2.

**Däliz** [dä:li:z], *p*. – koridor.

**Dikana** [dika:na] – käriziň dik aşaklygyna gazylýan guýulary (Penjiýew, 1993).

**Dikildaş** [dikilda:ş] – balbal, ir zamanda adam sudurynda ýonulyp, mazaryň üstüne dikilen daşlar. ◊ Dikildaş.

**Diktokurtga** – suwy onuň derejesi bilen deň bolan päsgelleriň (ýabyň, ýoluň we ş.m.) aşagyndan geçirmek üçin oturdylýan bir ýa birnäçe dik ötükler (Horezm we Daşoguz wel., Ýa.G.Gulýamow).

**Dil** – **1**. Deňziň içine tarap uzalyp gidýän gury ýer zolagy. **2**. Derýanyň saý ýerlerindäki dilkaw adajyklar.

**Dilkenek** – **1**. *ser.* Dil – 1. **2**. Ekilýän insiz we uzyň ýer.

**Diň** – **1**. Gözegçilik etmek, seretmek üçin palçykdan ýa-da kerpiçden edilen minara. **2**. Minara. ◊ Köneürgenjiň diňi, Diňligala, Diňlidepe, Diňliböwür, Diňlik. **3**. Deňiz ýa derýa kenarynda maýagyň çyrasyny oturtmak üçin dikilýän belent minara, maýak.

**Direg** [di:reg] – **1**. *ser.* Diň (Tagta). ◊ Diregli. **2**. Sütün, direg.

**Diwal** [di:wa:l], *p*. – jaý, bina (*diwar* sözüniň bir görnüşi).

**Diwar** [di:wa:r], *p*. – **1**. Bina: howlynyň, ýaşaýyş we beýleki jaýlaryň, galanyň ganatlary. **2**. Kenary berkitmek we deňiz port-larynda kenarýaka desgalaryny tolkunyň opurmagyna ýol bermezlik, şeýle-de gämileriň ýanalmagy üçin daşdan, agaçdan, demir-betondan bina edilýän desga.

**Diýar** [diýa:r], *a.* – ýaşalýan ýer, welaýat, ülke. ◊ Diýarbekir.

**Diz** [di:z], *sogd.* – gala, gorgan. ◊ Barakdiz.

**Dogduk mekan** […meka:n] – adamyň göbek ganynyň daman ýeri, ony ösdürip ýetişdiren ili, mesgeni, ata-Watan.

**Dok,** *gol.* – gämileriň suwuň aşagyndaky ýerlerini barlamak, bejermek, reňklemek, hatda gämi gurmak üçin niýetlenen emeli desga.

**Dol, zol** [do:l, zo:l] – çuň guýularyň suwuny gowa bilen ýokary çekmek üçin gum guýularynyň agzynda oturdylan çarh we oňa goşulan iş maly (düýe).

**Doldarga** – *ser.* Çigin, Çöpböwet. Bu adalga Horezm we Daşoguz welaýatlaryna mahsusdyr (Ýa.G.Gulýamow).

**Dollyguýy** [do:llyguýy] – gumda suwy düýäniň güýji bilen (dol arkaly) çekilýän çuň guýular (çuňlugy 70-80 m.). Garagumuň günbatarynda olara *zollyguýy* hem diýilýär. Çuňlugy 100-120 metrden köp bolan guýularda dola iki, hatda dört düýe hem goşulýar. Olara *dol erkek* diýilýär (A.Orazow).

**Dolun** [do:lun] – *ser.* Aýdolun.

**Doly** – atmosfera ýagyny, asmandan inýän we ululygy noýbadan tä ýüpek gurçugynyň pilesi aralykda bolan buzlar.

**Doň** – **1**. Depe, tümmek. ◊ Baýyrlydoň, Garadoň, Doňgyry, Ýegatdoň, Kazydoň, Polatdoň, Hojameňlidoň. **2**. Buz, doňak desga. ◊ Doňlukak.

**Doňak, doňaklyk – 1.** Gyşyň sowuk döwri. **2**. Doňan suwlar, topraklar.

**Doňra** – uzakdan garalyp görünýän belent depe, dag. ◊ Doňra.

**Doňuzsyrt** – üsti ýasyrakdan gelen uzyn depeler, gyrlar. ◊ Doňuzsyrt.

**Dowul** – güýçli ýel, gaý, boran (Özbegistan türkm.), harasat (ar.).

**Döle** – **1**. Gara mallaryň gyş döwri saklanylýan jaýy. **2**.Bassyrma (Özbegistan türkm.).

**Döň** – *ser.* Doň – 1. ◊ Garadöň.

**Dördül** [dö:rdül] – dört burçly, kwadrat depeler, galalar. Bu söz *dört* diýen sandan we *gil* (“burç”) sözünden durýar. Kaşgarlyda *üçgil*

(“üç burç”) we *törtgil* (“dört burç”) sözleri bar. ◊ Dördül, Gubadördül, Gyzyldördül, Çaýyrlydördül.

**Dörtgül** [dö:rtgül] – *ser.* Dördül. ◊ Dörtgül, Dörtgüldepe.

**Döş** [dö:ş] – dagyň kert gaýasynyň öňe çykyp, öňe omzap duran ýeri, döşi.

**Döw** – ýer-ýurt atlarynda: uly, äpet. ◊ Döwgala, Döwgaýa, Döwdan, Döwkesen.

**Döwek** – harman ýeri.

**Döwlet**, *a.* – ýurt; şol ýurdy dolandyrýan edara.

**Döwlet serhedi** – ýurduň, döwletiň çägini, tutýan ýeriniň aýtymyny kesgitleýän çyzyk, araçäk.

**Döwür**, *a.* – zaman, zamana, eýýam.

**Drenaž**, *iňl.* – *ser.* Zeýkeş.

**Dulýap** [dulýa:p], *p., kön.s.* – *ser.* Jykyr.

**Duman** [duma:n] – çyglylyk zerarly howanyň aşaky gatlagynda döreýän perde, ümür, çaň, tot, tozan. Bu söz *tuman* görnüşinde rus diline-de geçipdir. ◊ Dumanly; *Daglar başy duman-duman* (Aýdymdan).

**Dumly-duş** […du:ş] – daş-töwerek, çar tarap.

**Dura** – guş awlananda buky üçin deňziň kenarynda gazylýan çukur.

**Durak** – *ser.* Duralga. ◊ *Ne durum bar, ne duragym…* (Ýunus Emre). *Altyn kapas idi meniň duragym* (Garajaoglan).

**Duralga** – **1.** Otly, awtobus ýaly gatnaw serişdeleriniň durup geçýän, saklanýan ýerleri. **2.** Gämini ýanamak üçin gerekli enjamlar bilen üpjün edilen köpriniň, estakadanyň we ş.m. desgalaryň bir bölegi.

**Durgun suw**, *kön.s.* – ýata suw (Kaşg.).

**Durmuş** – ýaşaýyş döwri, zaman, ömür.

**Duş** [du:ş] – **1.** Deň, garşy. ◊ Galanyň duşy (deňi). **2.**Portuň ýa-da ilatly nokadyň garşysynda ýerleşýän kenarýaka suw giňişliginiň bir bölegi. Ol gämileriň labyrda durmagy, käwagt ýük ýüklemek we düşürmek üçin ulanylýar. Duşlar 4-e bölünýärler: portuň aýtymynyň (akwatoriýasynyň) daşyndaky duşa *daşarky duş*, portuň içindäki duşa

*içerki duş,* deňiz tolkunlaryndan we ýelden goralan duşa *ýapyk,* ýelden, tolkunlardan goralmadyk duşa hem *açyk duş* diýilýär (Borjakow).

**Duşak**, *p.* – dag depesiniň haçja bolýan, çeşme-bulaklaryň ikä bölünýän ýerleri. ◊ Duşak, Duşagerekdag.

**Duwlanç, duwlanç ýer** – çola, pynhan ýer.

**Duz** – **1**. Gazylyp alynýan madda. **2**. Duz käni, duzlag. ◊ Duz, Ýeroýulanduz.

**Duzlag** [du:zlag] – duz alynýan ýer, duz käni. ◊ *Duzlaga düşen duz bolar* (nakyl).

**Duzlak** [du:zlak] – *ser.* Duz. ◊ Duzlaktokaý.

**Duzluk** [du:zluk] – *ser.* Duz.

**Düme** – ýagyş suwuna ekilýän, emeli suwaryş ýoly bilen suwarylman ekilýän ekinler we meýdanlar. Bu adalganyň manydaş sözleri: *çüte* (ärs.), *lälmi* (goňrat, Köýtendag), *basuw* (gar., Penjiýew).

**Dümüstan** [dümüsta:n] – dümelik, düme ekilýän meýdan. ◊ Dümüstan.

**Dünýä** [dünýä:], *a.* – älem, jahan; ýer ýüzi. ◊ Dünýägörner.

**Dünýä bölekleri** – Ýer togalagynyň gury ýerleriniň gadymdan bäri ykrar edilen bölekleri. Ol gury ýeriň kontinentlere fiziki-geografik taýdan bölünişine bap gelmeýär. Dünýä bölekleriniň sany alty: Aziýa, Ýewropa, Amerika, Afrika, Awstraliýa we Antarktida (Borjakow).

**Dünýä okeany** – ýeriň ähli materikleri we adalary gurşap alan üznüksiz, uç-gyraksyz suw örtügi (umumy meýdany 361 mln. km$^2$ ýa-da ýer ýüzüniň 60,8 göterimine barabar meýdan). Materikler Dünýä okeanyny 4 bölege – Ýuwaş, Atlantik, Hindi we Demirgazyk Buzly okeanlara bölýärler (Borjakow).

**Düňle (**çöl**)** – adamsyz, uç-gyraksyz çöl. ◊ *Şol düňle çöllerde çekdi armany* (Şähribossan).

**Düşelge** – **1**. Ötegçileriň düşläp, dem-dynç alyp geçýän ýerleri, kerwensaraý. **2**. Daýhanlaryň günortanlaryna dynç alýan ýerleri, meýdan düşelgeleri. Gadymy türki dillerde bu söz *tüşkek* görnüşinde ulanylypdyr (ДТС).

**Düşleg** – *ser.* Düşelge – 1.

**Düş wagty** – günortan (Kaşgary).

**Düwlendoňak** – gyşyň uly we kiçi çillereriniň aralygyndaky aýazly alty gün. Oňa *hüýt* hem diýilýär (ýemr.).

**Düwlen döwri** – Hazaryň kenarynda gyşyň iň sowuk ongünlügi, deňizde düwlenleriň guzlaýan döwri (düwlenler täze doglan çagalarynyň demigip ölmezligi üçin, olary buzuň üstüne çykarýarlar. Düýrülip-düwlüp ýatýandygy üçin hem olara *düwlen* ady galypdyr. Bu söz *týulen* görnüşinde rus diline hem geçipdir).

**Düwrün** – tümmek, kiçiräk tümmek. ◊ Gapydüwrün, Garadüwrün, Selbinyýazdüwrün, Düwrünli, Düwrünlik.

**Düwür** – kiçi tümmek, depe. ◊ Düwürli.

**Düýbek** – **1**. Ýarym ada (Hazarýaka türkm.). *ser.* Düýp – 4. **2**. Agzy giň, düýbi çürelip gidýän çukurlar, oýlar.

**Düýeboýnak** – *ser*. Düýeboýun.

**Düýeboýun** – gerişleriň, ulgamlaryň, derýalaryň egrem-bugram bolýan ýerleri. ◊ Düýeboýun.

**Düýn** – *tün, gün* sözleriniň özgeren görnüşi, öten gün, şu günden öňki gün.

**Düýp** – **1**. Peslikleriň: suwly ýerleriň, oýlaryň aşagy. ◊ Guýynyň düýbi, derýanyň düýbi. ◊ Düýbiajy. **2**. Belent zatlaryň: dagyň, baýryň, galanyň we ş.m. aşak etegi, ýere degen, ýerden başlanýan ýeri. ◊ Gyzyldüýp, Gyrdüýpligaraja. **3**. *ýerli g.* Ýarym adanyň deňziň içine süsňäp giden ýeriniň esasy kenardan iň uzak gyrasy, düýbi, töri. *ser.* Düýbek (Maňg.). **4**. Ýarym ada (Maňg.). ◊ Düýpgaragan, Düýpbozajy, Düýpburunjyk. **5**. Gowanyň, jaýyň töri.

**Düýpgoş** – çölde bakylýan süriniň we onuň çopanlarynyň ähli enjamlaryny saklaýan merkezi, goşy.

**Düýpjek** – ýerin, ýurduň gadymy oturymly ilaty, aborigen.

**Düz** – **1**. Tekiz meýdan, giň takyr. ◊ Derýadüz, Sarydüz. **2**.Ahalda: damana we gum aralykda ýerleşen giň düzlük (ini 10–15, käýerde 20-30 km). ◊ Gäwersiň düzi, Ýedijäniň düzi.

**Düzlük** – düz meýdan, şyr takyr we beýleki tekiz ýerler. ◊ Garadüzlük, Mäne-Çäçe düzlügi.

**Düzüm** – **1**. Hatara depeler. **2**. Topragy, çägäni getirýän jynslaryň toplumy.

**Dykyn** – **1**. Ýabyň suwuny çişirmek maksady bilen onuň öňüňe çöp-çalam basylyp edilýän böwet. **2**. Köprüleriň öňüne porruk çöp-çalam üýşmegi zerarly emele gelýän böwetler, päsgeller.

**Dymjyk, dymyljyk** – *ser.* Dymyk.

**Dymyk** – dem almak üçin agyr bolan, dem gysdyryjy, petiş, kapas (howa hakda).

**Dyrnak** – binanyň düýbi, gurluşygyň binýady, fundament, esas.

**Dýunalar,** *nem.* – ýel öwsende göçüp-gonup ýören ýa-da aşaky ýarpysy ösümlikli kenarýaka gum depeleri (*doň, döň* sözleri bilen deňeşdiriň). *ser.* Aklaň.

## – E –

**Ebşit** – sepişik, iki zadyň biri-birine sepleşýän ýeri. Meselem, gök bilen ýeriň ebşidi. ◊ Ebşitden göterilen gara bulut.

**Edil, idil, itil,** *kön.s.* – derýa. ◊ *Itil* (Wolga derýasynyň türki ady), *Edilbaý* (Stawr.).

**Egin** – **1**. Gerden, kem-kemden beýgelip gidýän depe, ýapy, baýyr. ◊ Garaegin, Eginoba. **2**. Ýabyň, kanalyň boýy, ýakasy.

**Eginaryk** [egina:ryk], *ýerli g.* – ýabyň, kanalyň egni, ýakasy, suwa ýakmaga amatly ekin ýeri (ärs.).

**Eginlik** – tutuş egin bolup gidýän ýer.

**Egin ýer** – gowy hasylly ýer (Garabekewül); suwa ýakmaga amatly ýer.

**Egrem** – göni uzalyp gidýän zatlaryň egrelýän, bir tarapa burulýan, sowulýan ýeri, öwrüm, aýlaw. Mahmyt Kaşgarly *egrim* sözüni "ýabyň egremi", "suwuň toplanýan ýeri" diýip düşündirýär. ◊ *Ol bir köne ýabyň egreminde buky gurady* (J.Akyýew. Mergeniň ogly); Egrem.

**Egrem-bugram** – egri-bugry, gyşyk-çaýşyk (ýol, ýap we ş.m.).

**Egremçe** – gyşygrak, biraz gyşarýan (ýol, ýap we ş.m.) ◊ Egremçe.

**Egrem-egrem** – köp öwrümli, egremi köp bolan (ýol, ýap we ş.m.).

**Egri – 1**. Göni däl, egri (ýol, ýap we ş.m.). ◊ *Egrem bolsa, ýol ýagşy, garram bolsa – gyz* (nakyl); Egriaryk, Egribogaz, Egrigandym, Egrigatla, Egriguýma, Egrigum, Egrigüzer, Egridepe, Egrije, Egritakyr, Egriçelgi, Egriýap, Egriýapy. **2**. Dik däl-de, egreldilip gazylan guýy. ◊ Egri, Egriajy, Egriguýy.

**Egri-bugry** – *ser.* Egrem – 2.

**Egşem** – dagyň, belent gerşiň, gyryň geçmek üçin amatly ýeri, geçelge (*egilmek, ýegşermek* sözi bilen asyldaş). ◊ Garaegşem. Ýene-de *ser.:* Ýegşem.

**Ekaryn** [eka:ryn], *ýerli g.* – ekerançylyk, ekin ýeri (ärs.).

**Eker** – ekilýän ýer. ◊ Ekerçäge.

**Ekerançylyk** [ekera:nçylyk] – ekin ekilýän ýer. ◊ *Biz Baýramalynyň ekerançylygyna aýak basdyk* («Edebiýat we sungat»).

**Ekerem,** *ýerli g.* – ekerançylyk üçin ýaramly ýer (Freýkin). ◊ Ekerem.

**Ekin – 1.** *ser.* Ekerançylyk. ◊ Ekindepe. **2.** *kön.s.* Sürmäge we ekmäge taýýar edilip goýlan ýer (Kaşg.).

**Ekinçilik -1.** *ser.* Ekerançylyk. **2.** Kaka, Sarahs we Tejen etraplarynda kanal boýundaky ekerançylyk ýerler, ýatymlaýyn gidilip işlenilýän ýer.

**Ekiz** – ýer-ýurtlaryň (köplenç, depeleriň) goşalygyny, ikiligini bildirýän söz. ◊ Ekiz, Ekizak, Ekizgara, Ekizegajy, Ekizek, Ekizler.

**Ekwator,** *lat.* – Ýer togalagynyň daşyndan aýlanýan we Ýeriň hyýaly okuna perpendikulýar geçýän çyzyk, aýlaw. Ol Ýer togalagyny Günorta we Demirgazyk ýarym togalaklara bölýär.

**El** – *ser.* Il.

**Elmydam** [elmyda:m] – mydama, hemişe, hemme wagt.

**Emirat** [emira:t], *a.* – *ser.* Emirlik. ◊ Birleşen Arap Emiratlary.

**Emjek –** mal ýelnini ýada salýan depeler. ◊ Süýriemjek.

**Emirlik** [emi:rlik], *a.-t.* – emiriň hökümdarlyk edýän döwleti. Buhara emirligi.

**Emläk ýer** [emlä:k…], *a.-t.* – Buhara emirliginde döwlete, emire degişli ýer (Penjiýew). Bu söz *mülk* sözüniň köplügidir.

**Ene toprak –** dogduk mekan, ata Watan, ynsany ekläp-saklap terbiýelän ýurt.

**Eneýap** [eneýa:p] – uly ýap, kanal.

**Eňaşak** [eňaşa:k] – *ser.* Eňňit.

**Eňgin,** *kön.s.* – dag gerşiniň peselýän ýeri, pes ýer. ◊ *Käklik kibi eňginiňden geçerkän. Şu köňlümi eňgin ýere gondurma* (Garajaoglan).

**Eňňere –** hasyly ýygnalan ekin meýdany, bakja.

**Eňňit** – inelge, ýokardan aşak tarapa barha peselip gaýdýan ýer.

**Epgek** – tomusda öwüsýän gaty yssy, gurak, howurly, gök ekin üçin zyýanly ýel (ýaş nahallaryň we gök ekinleriň bilini büküýänligi, epýänligi, süllerdýänligi üçin, oňa şeýle at berlipdir).

**Era**, *lat.* -ýyl hasabynyň başlanan wagty, sene, ýyl hasabynyň belli bir ulgamy.

**Erek –** iki, goşa depe bolup duran dag, gyr, depe (iki örküçli düýelere erek diýilýär). ◊ Agerek, Erekdag, Duşagerekdag. *ser.* Aýry.

**Erez – 1.** Ýokarsy erez-erez, diş-diş, kesim-kesim bolup duran diwarlar, alaňlar, gerişler. **2.** Diwarlaryň ýokarsynda küňreleri, atyşhanalary, diňleri bolan galalar. ◊ Daşerez, Erez, Erezgala. **3.** Käbir şiwelerde ulgam çägeleriň ady.

**Erin, irin,** *kön.s.* – gyra; dagyň etegi (Malow).

**Erk**, *p.* – köşk, gala; galanyň içindäki howalanyp duran belent köşk (türkmenler oňa *herrik* hem diýýärler). ◊ Erkgala, Erkdepe. *ser.* Herrik.

**Erňek –** gyra, ýaka, kenar; raýyş.

**Erte** – şu günüň yzyndan gelýän gün.

**Erteň,** *ýerli g.* – Gün dogan dessine, ir bilen, ertir.

**Ertir** [erti:r] – **1.** *ser.* Erte. **2**. *ser.* Erteň.

**Esen-Söýnüň ýaýy [**…ýa:ýy**]**, *ýerl g.* – *ser.* Älemgoşar (Lebap wel.).

**Estakada,** *fr.* – gämileriň ýanalmagy, olara ýük ýüklemek ýa-da düşürmek, şeýle-de deňziň içindäki burawlara pyýada ýa-da ulagly

barmak üçin niýetlenip, ýörite sütünleriň üstünde edilen beton ýa-da agaç köprüler, ýollar. ◊ Çeleken estakadasy.

**Eşegarka** – **1.** *ser.* Sagry, Syrt. ◊ Eşegarka. **2.** Jaýyň ortasy belent, iki tarapy ýapgyt edilip basyrylan üsti, üçek.

**Eşekgeriş –** *ser.* Eşegarka – 2.

**Etegoý** [etego:ý] – etekgumda ýerleşen örüler we obalar. Olara *garoý* hem diýilýär (ahal, Orazow).

**Etek – 1.** Şäheriň, obanyň gyrasy, çeti. **2.** Dagyň aşagy, düýbi. ◊ Dagetek; *Bäş bölek Etek galalary, Zagy, Seri birle* (Seýdi. Tapylmaz). **3.** Çöllügiň oazise degen ýeri, sepleşigi. *ser.* Gumetek, Etekgum. ◊ Etek, Etegaryk. **4.** Derýanyň aşaky akymy, aýagy. ◊ Derýaetek (Kaşgaderýa türkm.).

**Etekguýy** – etekgumdaky guýular.

**Etekgum** – Köpetdagyň etegindäki düzlüklerden başlanyp, *ala* diýip at alan takyrly gumlara çenli 30-40 km aralykda ýerleşen gum zolagy. Ýerli ilat oňa *bitewigum, adyr* ýa-da *alasyz gum* hem diýýär. Ylmy edebiýatda *oazise ýakyn gum* diýip at alan bu gumlaryň üsti ösümliklidir (Orazow).

**Eteklemek, Günüň eteklemegi** – Günüň batmaga ýakynlaşmagy.

**Etrap** [etra:p], *a.* **-1.** Daş-töwerek (bu adalga tarap sözüniň köplügidir). **2**. *täze s.* Welaýatdan kiçi, obadan uly (administratiw-territorial) birlik, raýon. ◊ Magtymguly, Halaç etraplary.

**Etrek**, *kön.s.* – kölüň, derýanyň, deňziň jarlara, akynlara guýýan kenary, erez-erez kenar (Murzaýew). Türki dilleriň käbirinde (meselem, gazaklarda) bu adalga *atraw* görnüşinde ulanylýar. ◊ Etrek.

**Eýşem** – *egşem* sözüniň bir ses öwüşgini. ◊ Baleýşem, Senreýşem.

**Eýwan** [eýwa:n], *p.* – jaýyň öňünde oňa degrilip gurulýan bassyrma, bir ýa-da iki tarapy açyk jaý; dagyň, ýapynyň, gyryň eýwana meňzeş gowaklary. ◊ Eýwança.

**Eýýam**, *a.* – zaman, döwür, era.

## – Ä –

**Äget,** *ýerli g.* – keş (Jylyköl  türkm., Penjiýew).

**Ädim** [ä:dim] – çen-takmyn ölçeg birligi.

**Äk** [ä:k] – sep, sepleşik. ◊ *Suwagyň gaçan ýerinde öňki we soňky goýlan diwarlaryň ägi anyk bildirýär* (“Edebiýat we sungat”).

**Älem** [ä:lem], *a.* – **1**. Ýer ýüzi, dünýä, jahan. **2**. Gök, asman. **3**. Derýanyň, deňziň içinde we gyralarynda gämi-gaýyklara suw ýollaryny bildirmek üçin dikilýän (goýulýan) bellikler, çelgiler, baken (“baýdak”, “tug” manysyndaky älem diýen arap sözünden). ◊ Älemli.

**Älemgoşar** [ä:lemgoşar], *a.-t.* – Gün şöhleleriniň ýagyş damjalarynda döwülmegi netijesinde asmanda emele gelýän ýarym töwerek görnüşindäki dürli reňkli zolak, atmosfera hadysasy.

**Älem-jahan** [ä:lem], *a.-p.* – bütin dünýä, ähli ýer ýüzi, hemme ýer, hemme tarap, dumly-duş.

**Äň** [ä:ň] – *ser.* Äk.

## – F –

**Federasiýa**, *lat.* – **1.** Döwlet. **2.** Birleşik.

**Ferma,** *fr.* – oba hojalygynyň, maldarçylygyň bir pudagy bilen meşgullanýanlaryň ýöriteleşdirilen hojalygy; şol hojalygyň esasy ýerleşen ýeri.

**Fundament,** *lat.* – binýat, dyrnak, düýp.

## – G –

**Gabak** [ga:bak] – **1.** Üsti ýasyrak, öň tarapy ýaý berip duran dik depeler, ýapylar (gözüň gabagy ýaly). **2.** Derýanyň belent kenary, kert gaýa (Murzaýew).

**Gabaw** [ga:baw] – töweregi belent gaýalar, gyrlar bilen gurşalan çöketler, oýlar; dagyň böwri.

**Gabsal** – dymyk (howa); kapas ýer (Mary).

**Gabşal –** gür jeňňellik (Lebap).

**Gabyk** [ga:byk] – örtük, barda, ýapynja (ýeriň gabygy).

**Gaçak** – gum içindäki takyrlarda ýagyş suwunyň ýygnanýan ýeri. ◊ Giňgaçak.

**Gaçalga –** howp abananda gizlenilýän ýer.

**Gaçgyn** (suw) – derejesi pes akar suw, suwy az ýap.

**Gaçy** – **1.** Suw agmaz ýaly, derýanyň, kanalyň kenaryna gum üýşürilip edilýän gum seňňeri, damba, berkitme. ◊ Balgaçy, Gumgaçy. **2.** Sil suwuny sowmak üçin gazylýan ýap, sowma (sar., Penjiýew).

**Gaçybatalga** – gala, janpena, buky.

**Gadak,** *kön.s.* – **1.** Ýoluň, suw ýolunyň ugrundaky päsgelçilik, böwet, topbak daş. **2.** Agram birligi (409,5 grama deň).

**Gadara,** *ýerli.g.* – gabara, ululyk, göwrüm (ärs.).

**Gadyr gijesi** […gi:je], *a.-t.* – Oraza aýynyň 27-si.

**Gadyr gyş** – iňňän gaty, sowuk gyş (Kaşg.).

**Gala** [gala:], *a.* – **1.** Şäher, şäherçe. **2.** Harby berkitme, töweregine diwar aýlanan desga. ◊ Garrygala, Türkmengala.

**Galak** (Köytendag) – daşy, kesegi palçyksyz örmek arkaly edilýän wagtlaýyn agyl. ◊ Galakly, Garrygalak, Ketdegalak, Kiçigalak, Daşgalak.

**Galyk** – howa, asman (Kaşg.).

**Galyň suw –** ýogyn suw, içmäge çala ýaramly şorrak suwly guýular, ýaplar. ◊ Galyňguýy.

**Gamyşlyk** – gamşyň köp ýeri, gamyşly jeňňel (Kaşg.).

**Ganat** [ga:nat] – **1.** Uzalyp gidýän ýeriň, çygryň taraplary. ◊ *Olar ... günbatar ganaty tutup ýatan uly bir medeni regionyň wekilleridir* (A.Benderogly. Taryhy hüjjetler. – Ýaşlyk. – 1991, №11, 6 s.). **2.** Öýüň, howlynyň bir tarapy, diwary.

**Gaňňa** – iki tarapy belent, ortasy pes (gaňňa meňzeş) depeler, gerişler, gyrlar. ◊ Gaňňagyr, Gaňňaly.

**Gapak** – ýagyşdan soň şüdügäriň, ekilen ýerleriň ýüzünde emele gelýän gaty gatlak.

**Gapdal** – dagyň etegi, böwri; tarap.

**Gapjak,** *kön.s.* – çat, iki derýanyň goşulyşýan ýeri (Kaşg.).

**Gapy** – **1.** Gyryň, gerşiň, uzalyp gidýän belentlikleriň geçmek üçin amatly ýeri (gapysy). **2.** Ýoluň ugurlarynda, dere-jülgelerde arasyndan geçilýän goşa depeler. ◊ Gapydüwrün, Gapylar, Gapylargyr, Gurugapy.

**Gapyrga – 1.** Belent gerşiň, ýapynyň ýanbaşy, gapdaly. **2.** Gara ýoluň büdür-südür ýeri.

**Gapyz, kapyz,** *kön.s.* – derýanyň belent, kert kenary, kanýon. Ýoluň büdür-südür, tolkun-tolkun bolup duran ýeri.

**Gar** [ga:r] – **1.** Sowuk pasyllarda suw (buz) kristaljyklary görnüşinde asmandan inýän ýagyn. ◊ Garly, Garlyarkaç, Garýatak; **2.** *a.* – Köwek, gowak, dagyň gowagy. ◊ *Eltip ol görde goýarlar, bir garaňky gardyr* (Misgingylyç).

**Gara** – uzakdan garalyp görünýän depe, beýik. *ser.* Garadepe. ◊ Üçgaralar.

**Garabulak** – *ser.* Garasuw.

**Garabulut** – ýagşyň öň ýanynda gögüň ýüzüni örtýän bulutlar.

**Garaç** – gara gumluk. ◊ *Aşgabat – Ýerbent ýolunyň gapdalyndaky garajyň deňesinde kakamy sakladylar* (B.Hudaýnazarow).

**Garaçäge** [garaçä:ge] – *ser.* Garagum.

**Garadag** [garada:g] – üsti ösümlikli ýa-da gara reňkli daglar. E.M.Murzaýewin pikirine görä, üsti garly aladaglardan tapawutlylykda, garadaglar pesräk bolup, üstünde gar köp ýatmaýar, ösümligi az bolýar. ◊ Garadag.

**Garadepe** – uzakdan garalyp, dumanlap görünýän depeler. ◊ Garadepe.

**Garagaty** – ýaplaryň düýbüne çöken gyrmançanyň emele getirýän gaty gatlagy (ärs.).

**Garagum** – üsti ösümlikli, şonuň üçin hem uzakdan garalyp görünýän çägeleriň bir görnüşi. Ahalda etekgumlara hem garagum diýilýär. ◊ Garagum.

**Garagyş** – gyşyň sowuk döwürleriniň biri.

**Garaharsaň** – Demirgazyk Garagumda garaharsaňyň – çöl mohunyň (*Tortula desertorum*) köp bitýän gollary, oýlary (Murzaýew).

**Garalyk** – depeli ýer. ◊ Saýgaralyk, Daşlygaralyk.

**Garamyş howa** [… howa:] – gögüň ýüzüni gara bulut büräp, howanyň garalan wagty (Hazar boýlary).

**Garansuw –** deňziň suwunyň gaýdan soňky görnüşi. Güýçli gaýda tolkunlar kenarýaka çolanlary goparyp, suwuň düýbündäki çägäni bulap, tupan köşeşenden soň bolsa ýüzünde dürli suw otlary galkyşlap ýören köleňe öwrülip, haýal yrgyldy bilen kenara urup durýar, şol wagt deňziň bulanyk suwy garamtyl görünýär.

**Garaňky, garaňkylyk** – howanyň ýagty däl, tüm wagty, Aýsyz gije.

**Garaňkyramak, garaňky gatlyşmak** – garaňky düşüp başlamak, Gün batandan sähel soňrakky wagt.

**Garaoý** [garao:ý] – etekgumda ýerleşen örüleriň we çarwa obalarynyň ikinji ady. Etekgumlara *garagum* (ösümlikli gum) diýilýändigi üçin, ondaky oýlara şeýle at berlipdir.

**Garasuw – 1.** Garamtyl suw (çalt akýan, bulanyk, töweregi açyk ýa-da saý suwlara seredende, sust, düýbi çökündili suwlar garamtyl görünýär); **2**. Çuň suw; **3**. Ýeriň astyndan syzyp çykýan suw (Kaşgary, Nafasow). W.W.Radlow bu adalgany “çuň derýalaryň garalyp görünýän suwy” diýip düşündirýär. ◊ Garasuw.

**Garaşor** [garaşo:r] – ýeriň şory hlorly duzlaryňky ýaly, topragyň ýüzünde agaryp görünmän, eýsem garalyp kesmekläp ýa-da şypyljap, suwjaryp duran şor ýer. Aglaba sulfat duzlarynyň agdyklyk edýän ýerlerinde bolýar.

**Garatal** – Garagumda ýerasty suwlaryň çykýan oýlary, gara tally ýerler (Murzaýew). Garatal – talyň bir görnüşidir.

**Gara toprakly ýer** – *ser*. Gara ýer – 1.

**Garawul** – garawul durulýan, goralýan ýerler, diňler, minaralar. ◊ Garawul.

**Garawulhana** [garawulha:na] – garawul goýulýan, goralýan ýer. Şeýle ýerlere garawul hem diýilýär. ◊ Garawulhana.

**Garaýel** – tizligi 20 m/sek. ýetýän hem-de duýdansyz turýan güýçli, tozanly ýel.

**Gara ýer – 1.** Gara toprakly ýer. **2.** Toprak. **3.** Üstünde ösümlik bolmadyk meýdan. ◊ *Agyz açyp gara ýerler, Birin-birin ýutsa gerek* (Ýunus Emre).

**Garaýol,** *gepl.d.* – asfaltlanan ýol.

**Gardu** – aýazda derýa suwunyň ýüzünden akýan ownuk buz (Kaşg.).

**Gargu** – garawul durulýan diň (Kaşg.).

**Garp,** *a.* – günbatar. ◊ *Zemin-asman garbu-şark bir tüýnde gerdandyr*. (Magt.).

**Garşy,** *kön.s.* – **1**. Hökümdaryň (şanyň, hanyň, begiň …) oturýan erki, merkezi, dynç alýan köşgi (Nafasow). ◊ Garşy. **2**. Bir zadyň (depäniň, dagyň …) maňlaý tarapy, öňi. ◊ Garşylyklygyr, Garşyagyz.

**Garym** – *ser.* Arym. Baryp XI asyrda hem duş gelýän bu cöz *karym, kyrym* görnüşlerde-de ulanylýar. Gara deňizdäki Krym ýarym adasynyň ady hem şu sözdendir.

**Garyn – 1.** Üsti ýasy depeler. ◊ Akgarynlar. **2.** 36 ýyla barabar bolan wagt. **3.** Ýüz ýyla deň wagt, zaman, asyr.

**Gassaphana** [gassa:pha:na] – ýörite mal soýulýan ýer.

**Gasyn** – dagyň ýygyrtlanýan ýeri. ◊ Gasyn, Üçgasyn.

**Gaş** [ga:ş] – **1**. Gözüň üstündäki gaşy (doluşmadyk Aýy, ýaýy) ýada salýan egri depeler, ýarym tőwerek şekilli baýyrlar. ◊ Gaş, Akgaş, Garagaş, Garagaşçulba, Gaşdepe. **2**. Çäk, serhet, kenar (Kaşg.). **3**. Raýyş (Kaşg.).

**Gat** – mertebe, gatbar, gatlak bolup gidýän belentlikler. ◊ Ýedi gat asman, ýedi gat Ýer; Gat, Uly Gat, Kiçi Gat, Ilerki Gat, Gaýraky Gat.

**Gatakar** – suwy batly akýan ýap. ◊ Gatakar.

**Gatbar** – *ser.* Gat.

**Gatbar-gatbar** – jaýyň, gaýalaryň, kemerleriň ençeme gat bolup duran ýeri.

**Gatla** – ýaplara urulýan kiçiräk bentler. ◊ Uzyngatla, 6-njy Gatla.

**Gatlak** – ýeriň, topragyň, dagyň we ş.m. belli bir galyňlykdaky gaty, gatlary.

**Gatlakdag** [gatlakda:g] – dagyň gat-gat bolup duran ýeri.

**Gatnaw ýoly** [… ýo:ly] – iki tarapa gatnalýan ýol (köçe, demir ýol).

**Gaty** – topragyň toýun ýa toýunsow gatlagy ýa-da örtügi. ◊ Alagaty, Sarygaty.

**Gatyn** [ga:tyn], *puştu* – daş, daşdan bejerilen (türkmen dilinde bu söz *hatyn* görnüşinde ulanylýar). ◊ Daýahatyn, Pulhatyn.

**Gaý** – çaltlygy 8 baldan, ýagny sekuntda 15 metrden geçýän güýçli ýel.

**Gaýa** – dagyň dik ýeri, uçut. ◊ Gaýalyböwür, Akgaýa, Gaýalyja, Ballygaýa, Owadangaýa.

**Gaýadaş** [gaýada:ş] – dagyň dik gaýasy, uçut.

**Gaýa ýer** [ga:ýa…] – toýun ýer (Penjiýew).

**Gaýnag** – wulkan (Esenguly etraby).

**Gaýnar** [gaýna:r] – ýeriň, daşlaryň astyndan suwy zogdurylyp, gaýnap çykýan çeşmeler. ◊ Gaýnar, Hojagaýnar.

**Gaýra** – gözýetimiň 8 tarapynyň biri, demirgazyk-gündogar tarap (ileriniň garşysy). Deňizçileriň dilinde oňa *Nord-Ost* diýilýär.

**Gaýraýel** – gaýradan (demirgazyk-gündogar tarapdan) öwüsýän ýel. Ikinji ady – *gyçyk*.

**Gaýraýeri** – dag etekleriniň has gaýrasynda (gumuň ýakasynda) ekilýän ýerler (ahal, Orazow).

**Gaýtgyn** – gaçgyn, joşan suwuň derejesiniň pese gaçmagy. ◊ *Gaýtgyn alyp köwlendi* (A.Gowşudow. Perman, 444 sah.).

**Gaý tolkunlary** – dowamly ösen güýçli ýel ýatyp, tolgunan deňiz biraz köşeşip başlanda çar tarapa ýaýraýan uzyn hem ýapgyt tolkunlar. Şeýle tolkunlar gaýyň öň ýanynda hem döreýär (Borjakow).

**Gaýykgüzer** – ýolagçy gatnadýan gaýyklaryň kenara ýanalýan ýerleri.

**Gaýyr** – **1**. Gum (Kaşg.). **2**. Ýumşak ýer (Kaşg.). **3**.Amyderýanyň şogaplary, adasy (ata, dg.ýom.). **4**. Ownuk çägeli ýer [42]. **5**. Gazak, hakas dillerinde: deňziň içine süsňäp gidýän çägeli seňňerler. **6**. Kert ýer (Radlow). **7**. Derýanyň suwy çekilen palçykly, toprakly ýerleri. **8**. Gyşda gardan we buzdan ýaňa barmasy kyn ýer (Kaşg.).

**Gaýyr ekerançylygy** […ekera:nçylygy] – *ser.* Düme ekerançylygy.

**Gaýyr ýer** – Amyderýanyň şogaplarynda (adalar, zolak ýerler) ekilýän ýerler (Penjiýew).

**Gaz** – **1**. *Gaý* sözüniň gadymy görnüşi (Kaşg.). **2**. "Kak" manysyndaky *gazgy* sözüniň gysgalan görnüşi. ◊ Gurbangaz.

**Gazak,** *kön.s.* – gazylyp çekilen suw ýoly, ýap, aryk (Kaşg.).

**Gazan** [ga:zan] – **1**. Düňderilen gazana meňzeş togalak depeler. ◊ Gazandepe. **2**. Gözbaşy gazana meňzeş tegelek çukurdan çykýan çeşmeler. ◊ Gazanbulak. Gazanjyk.

**Gazganak** – gazylyp bejerilen emeli çukurlar, çakyr-çukur ýerler. Mahmyt Kaşgarly bu sözi *kazgan ýer* görnüşinde ulanypdyr.

**Gazgy** – ýagyş suwuny uzak saklamak üçin gazylyp edilen oý, kak (Balkan wel.) ◊ Gurugazgy, Gamyşlygazgy.

**Gazmadere** – çeşmesi gazylyp çykarylýan dere.

**Gazna** – hazyna saklanylýan ýer, ammar.

**Gazy** – gazy-haşar, ýaplaryň köpçülik bolup, el bilen gazylýan ýerleri. ◊ *Şol günden çökdi ol ýaraman gaza* (P.Oraz).

**Gazyklama** – böwediň bir görnüşi (ärs.). Suwuny biraz çişirmek üçin, ýabyň düýbüne bir ýa birnäçe gazyk kakylyp, onuň öňüne öl ot-çöp basylýar.

**Geçelge** – **1**. Köpri, güzer, parom (suw geçelgesi). **2**. Gädik, belent dagyň, gyryň, gerşiň üstünden geçilýän ýer.

**Geçik** – köpri, geçelge (Kaşg.).

**Geçit** – geçelge, köpri. ◊ *Derýa-suwlardan geçit bersin* (Gorkut ata); Akgeçit, Garrygeçit.

**Geçiş** – derýanyň geçelgesi (Kaşg.).

**Geçjit** [geçji:t] – *ser.* Geçit. ◊ *Müň metjitden bir geçjit, müň geçjitden bir içjit* (nakyl, ärs.).

**Geçmiş** – öten zaman, gadymy döwür, öňki eýýam.

**Gež, hežže** – düwür-düwür ak daşly, gipsli ýer. Käbir türki dillerde (meselem, özbek) geže *genç* hem diýilýär. ◊ Gejli, Gaja, Gaža.

**Genç** – **1**. *ser.* Gež. **2**. Genji-hazyna, mülk.

**Gende,** *p.* – erbet suwly ýerler. ◊ Gendebulak, Gendesasy, Gendeça.

**Geografik giňlik** […gi:ňlik] – *ser.* Geografik koordinatlar.

**Geografik koordinatlar** – Ýeriň islendik nokadynyň duran ýerini kesgitleýän ululyklar. Olara geografik giňlik we geografik uzaklyk degişlidir. Ekwator bilen Grinwiç obserwatoriýasynyň (Angliýada) üstünden geçirilýän meridian bu ululyklaryň başlangyç oky bolup durýar. Halkara ylalaşygy boýunça bu meridian 1884-nji ýylda başlangyç meridian diýip kabul edildi. Ähli geografik kartalarda uzaklyklaryň hasaby şol meridiandan başlanýar. Şol bir nokadyň ekwatoryň demirgazygynda ýa-da günortasynda ýerleşýändigi nazara alnyp, onuň ornuna demirgazyk ýa-da günorta giňlik diýilýär we hasap 0 gradusdan 90 gradusa çenli çäklerde ýöredilýär. Şol bir nokadyň Grinwiçiň gündogarynda ýa-da günbatarynda ýerleşýändigi nazara alnyp, onuň ornuna *gündogar* ýa-da *günbatar uzaklyk* diýilýär we hasap 0 gradusdan 180 gradusa çenli çäklerde ýöredilýär (Borjakow).

**Geografik uzaklyk** – *ser.* Geografik koordinatlar.

**Gerdembil** [gerdembi:l], *p.-t.* (gerden-bil) – ýabyň etegindäki atyzlara suw akdyrmak üçin, ýabyň ýokarragyndan baş alyp, onuň raýyşynyň üsti bilen çekilen ýap (Penjiýew).

**Gerden,** *p.* – **1**. Egin, ýapynyň kem-kemden beýgelip gidýän ýeri. Sarahsda bu adalga *gerdene* görnüşinde ulanylýar. **2**. Dagyň geçelgesi. **3**. *ser.* Gaňňa.

**Gerdene** – *ser.* Gerden.

**Geriş** – **1**. Dagyň başy (Kaşg.). **2**. Gumuň, dagyň eşegarka bolup gidýän uzyn depeleri we ulgamlary. ◊ Ýedigerişler, Garageriş. **3**. Ýer suwarylanda, ortada suw çykman galan süýri belentlik (sal.). **4**.Tagt suwy üçin atyzlara çekilýän çiller.

**Germap** [germa:p], *p.* – ýyly suwly çeşmeler (*germ* – “ýyly”, “yssy”, *ab* – “suw”). ◊ Germap.

**Germeç** – böwet, germew, päsgel. ◊ *Sen, Pökgen, biziň ileri gitmegimiziň...öňüne germeç bolýan ters pikirli buýrukçy baýar* (A.Gowşudow. Köpetdagyň eteginde).

**Germew** – **1**. Sowet häkimiýeti ýyllary içinde serhedi ýapmak üçin tikenekli simden edilen germew, döwlet araçägi. **2.** Mal-gara, adam geçmezligi üçin goralyp saklanylýan bir zadyň (meselem, gyş üçin saklanylýan otuň) daşyna, ýola, gädige edilýän zat, aýlaw.

**Germsil** [germsi:l], *täj.* – Köpetdag eteklerinde tomsuna öwüsýän epgek. *ser.* Epgek. Bu adalga *Garmsil* görnüşinde rus dilinde we ylmy edebiýatda ulanylýar.

**Gez** – **1**. Uzynlyk ölçegi (tirsekden barmagyň ujuna çenli bolan aralyk). **2**. Gädik, kesik. ◊ Garagez, Gezgädik.

**Gädik** [gä:dik] – belent dag gerişleriniň, gyrlaryň, baýyrlaryň üstünden geçmek üçin amatly ýerler, geçelgeler. ◊ Akgädik, Altygädik, Gezgädik, Gyzgädik, Hangädik.

**Gäh** [gä:h], *p.* – jay, ýer. ◊ Seýilgäh, Namazgäh.

**Gämi gatnawly derýa** [gä:mi…derýa:] – gämileriň ýüzmegi mümkin bolan suw ýoly.

**Gämiduralga** [gä:miduralga] – *ser.* gämigüzer.

**Gämigüzer** [gä:migüzer] – Amyderýada gämileriň ýanalýan ýerleri.

**Gämi ýatalgasy** [gä:mi…] – gämileriň durmagy üçin suw giňişliginiň deňizden tebigy ýa-da emeli böwetler bilen goralan goly, gawan.

**Gämi ýoly** [gä:mi ýo:ly] – derýada we deňizde gämileriň ýüzmegi üçin amatly we rugsat edilen çuň ýerleri.

**Giç-girim** [gi:ç-gi:rim] – gün ýaşandan soňky wagt, giçlik.

**Giçlik** [gi:çlik] – gijara, agşam.

**Gijara** [gi:ja:ra] – gün ýaşmazyndan öňki wagt, ilkagşam, ikindin.

**Gije** [gi:je] – agşamdan daňa çenli dowam edýän wagt.

**Gije-gündiz** [gi:je-gündi:z] – 24 sagada barabar wagt aralygy, gije we gündiziň dowamyndaky wagt.

**Gil, gül,** *kön,s.* – burç, burçak, künç (Kaşg.). *ser.* Dördül, Üçgül.

**Gil** [gi:l], *p.* – palçyk, laý, gum. ◊ *Emr bilen abu-gilden gaýrylan* (Mätäji).

**Giňişlik** [gi:ňişlik] – üst, göwrüm, uzaboý. ◊ Suw üstüniň giňişligi.

**Giňlik** [gi:nlik] – Ýeriň üstündäki haýsydyr bir nokadyň ornuny kesgitlemek üçin ulanylýan koordinatlaryň biri (beýlekisi *uzaklyk*). Ol ekwatordan başlanýar. *ser.* Geografik koordinatlar.

**Girdap** [girda:p], *p.* – deňiz-derýada suwuň towlanyp akýan we şonuň üçin hem kiçi gaýyklar üçin howply ýeri. Ol garşyma-garşy ugur bilen gelýän iki akymyň çaknyşmagy netijesinde döreýär (Borjakow). Türkmen şiwelerinde girdap manysynda *jaglak* (ärs.), *köwlempe*/*köwlenpe* (gök.) we *horhor* (g.galp.) sözleri hem ulanylýar.

**Girelge** [gi:relge] – howla, gala, şähere, umuman, töweregi gurşawly ýerlere girmek üçin gapylar, gädikler.

**Gitsegelmez** – *ser.* Barsagelmez. ◊ Gitsegelmez.

**Goby** – dagyň ekerançylyga ýaramly, ekilýän ýeri (Etrek). ◊ Gökgoby. Azerbaýjan dilinde *gobu, gowu* – “kiçiräk jülge”, “saý”, ewenk dilinde *gobi* – “çemenlik” (Murzayew).

**Gol – I – 1**. Uly derýalara guýýan kiçi derýalar, derýanyň goşantlary. Mahmyt Kaşgary hem bu sözi şol manyda ulanypdyr. **2**. Dag derýasy, dag çeşmesi, kanal (*Salar*).

**Gol** [go:l], **II. – 1**. Gum gerişleriniň aralygynda, ortasynda ýerleşen giň oý ýer, giden peslik. Gollar gumuň tüm diýen zolagynda bolup, olarda gazylýan guýulara-da *golajy* diýilýär (Orazow). ◊ Alagol, Giňgol. **2**. Jülge, wady (Kaşg.). Tuwa dilinde *gol* – “derýa”, “batgaly köl”, altaý dilinde *şol* – “derýa”, başgyrt dilinde *kul, gol* – “oý”, “peslik” we ş.m. (Murzaýew). **3**. Dagyň depesinden göni pese inýän, ýöne dereden belent ýer, ýapy (Kaşg.).

**Golajy** [go:la:jy] – Garagumda gazylýan guýularyň bir görnüşi. Olar takyrsyz ýerlerde, esasan, gollarda, ak alaňlaryň arasynda gazylyp, suwy ajy, ýöne mala ýakymly bolýar, ol sakyrtgany aýyrýar.

Şeýle guýulara *ajy* hem diýilýär. ◊ *Goýnuň 4-nji dilegi: suwum golajy bolsun* (Ö.M.Berdimyradow. Çarwa pähimleri).

**Golaý** – uzak däl, ýakyn aralyk.

**Golaý-goltum** – ýakyn aralyk.

**Golguýy** – gumda suwy el güýji bilen çekilýän çuň bolmadyk guýular. Olaryň çuňlugy 3-den 5-6 metre çenli bolýar (A.Orazow).

**Golguýy** [go:lguýy] – *ser.* Golajy.

**Goljuk** – uly akabalardan, kanallardan, nowhanadan aýrylýan ýaplar (sar.).

**Goltuk** – **1**. Aýlag, deňziň gury ýeriň içine süsňäp gidýän asuda ýeri (Mang.). **2**. Dagyň belent gerişleriniň aýlanyp emele getirýän yk ýerleri, böwri. ◊ Garagoltugagyl.

**Gom** [go:m] – güýçli ýel zerarly deňizde, derýada emele gelýän uly tolkun.

**Gonalga** – **1**. Düşelge, düşlenip dem-dynç alnyp geçilýän ýer. **2**. Guşlaryň göçýän ýollarynda olaryň düşläp geçýän suwly ýerleri.

**Gongy,** *kön.s. – ser.* Gonalga.

**Gonug,** *kön.s.* – gije düşlenip geçilýän ýer.

**Gor** – gat, gatbar, sekmer (gat-gat bolup duran kert depeler, gaýalar, küde edilip basylan otlar, pagsa jaýlar we ş.m. babatda).

**Gora** [go:ra] – gyş örüsi we mal agyly (*Maňg.).*

**Gorag** [go:rag] – *ser.* Gorug.

**Goraghana** [go:ragha:na] – **1**. Galany zabt edijilerden goramak üçin, onuň diwarlarynyň üstünde, girelgelerinde bina edilen gorag desgalary (atyşhanalar, bukular). ◊ *Şol işlerde Gökdepe galasynyň çyzgylary..., onuň diwarlarynyň ölçegleri, gurluşy, söweş üçin niýetlenen goraghanalary, atyşhanalary hakda-da köp maglumatlar bar* (“Türkmenistan” gaz., 11.2.93 ý.). **2**. Häzirki döwürde ýörite goralýan tebigy toplum, ýer we ylmy edara (zapowednik). Onuň düzüminde *çäkli goraghana* (zakaznik) hem bolup bilýär. ◊ *Derýaň ýakasynda goraghana bar* (M. Söýegow).

**Gorag tokaý ekinleri** [go:rag…] – obalary, ekin meýdanlaryny, ýollary klimatik we gidrologik zyýanly täsirlerden goramak üçin ekilýän tokaý zolaklary.

6.

**Gorat** – töweregi çillenen we uzalyp gidýän insiz ekerançylyk ýer, käl (gb.ýom.; Penjiýew).

**Goraw** – [go:raw] – *ser.* Gorug.

**Gorawa** – ýogyn suw, içmäge çala ýaramly şorrak suw.

**Gorgan,** *kön.s.* – **1**. Gala (rus diline-de *kurgan* görnüşine türki dillerden geçipdir). ◊ *Erkli gorgan – agyr dalda, Şerigatyň galasydyr*. (Magt.). **2**. Dag gaýalarynyň üstündäki tebigy "gala". ◊ Gorgan, Gorganbaba, Gorgangyr, Gorganjyk, Gorganlyk, Gorgança; *Gorganly daglar görüner* (Magt.). **3**. Dagyň depesi, gerşi (Murzaýew).

**Gorgor** – belent ýerden aşaga gor-gorlap eşidilýän ses döredip guýulýan köp suw. ◊ Gorgor – Horhor suw howdanynyň ýerli ady.

**Gorgun** – dag daşlarynyň gorlup, köp eňýän ýeri.

**Gorhana** [go:rha:na] – ok-däri we ş.m. partlaýjy maddalar saklanylýan jaý, gala.

**Gorp** – köwlen ýer, dik we çuň çukur. ◊ Kesegorp.

**Gorug** [go:rug] – **1**. Goralýan ýer, goraghana. **2**. Baýlaryň goralýan örüleri, mülkleri. Kaşgarly bu sözi hut şu manylarda ulanypdyr. **3.** *ser.* Goraghana – 2.

**Gorughana** [go:rugha:na] – *ser.* Goraghana-2.

**Gorulmak** – zeý, yzgar ýaly dürli sebäplere görä, binalaryň, pagsa jaýlaryň, galalaryň, belent depeleriň düýbüniň köwülmegi, ýukalmagy; ýumrulmak, opurylmak netijesinde gorp emele gelmegi.

**Gorum** – **1**. Dag depelerinden gorlup, süýşüp, inip gaýdan ownukly-irili daşlaryň üýşmegi. **2**. Çeşmeleriň sil suwunyň ugruna akyp, depelerde üýşüp galan daşlar, agaçlar we ş.m. toplanmalar. ◊ Gurumsaý. **3**. *kön.s.* – Lager, goşunlaryň ýygnanan ýeri (Radlow). **4**. Bir goş iş malynyň (öküziň, atyň) bir günde sürüp biljek ýeriniň ölçegi. Ol haýsy iş maly bilen sürülýänligine laýyklykda dürli möçberde bolupdyr. Meselem, at goşunyň sürýän ýeriniň meýdany, takmynan, 0,6-1 ga (Orazow).

**Gory** [go:ry], *kön.s.* – gorug, agyl, goralýan tokaý (Gorkut ata).

**Goş** – Gumdaky we ýazlaga çykan çopanlaryň wagtlaýyn mesgenleri, goş-golamyny goýýan ýerleri. ◊ Goşgoýlan, Goşluköw.

**Goşa** – geografik desgalaryň ikidigini, jübütdigini bildirýän söz. ◊ Goşaalaň, Goşabulak, Goşabutga, Goşagala, Goşaguýy, Goşagum, Goşagümmez, Goşagyr, Goşadag, Goşadepe, Goşaoba, Goşahowdan.

**Goşant** – **1**. Uly derýalara guýýan kiçi derýajyklar. **2**.Derýadan baş alyp, aýagy derýa guýmaýan (derýa ýetmän ýitip gidýän) arnalar (Penjiýew).

**Goşulyş,** *ýerli g.* – iki derýanyň (Amyderýa bilen Wahşyň) goşulyşýan ýeri, çat (Täjigistan türkmenleri). ◊ Goşulyş.

**Gotur** – **1**. Ot-çöpsüz depeler, alaňlar. ◊ Gotur, Goturgaýa, Goturdag, Goturdepe. **2**. Suwy gotura em hasaplanýan çeşmeler, guýular, suwly ýerler. ◊ Goturata, Goturguýy, Goturýuwan.

**Gowak** – dagyň, depäniň, ýapynyň we ş.m. ýüzündäki, düýbündäki, içindäki ullakan çukur, uly köwek ýer. ◊ Garagowak, Gowak, Gowakly.

**Gowşak ýel** – güýji 2 bala, tizligi 1,8-3,3 m/sek ýa-da bir sagatda 6 deňiz miline ýetýän ýel.

**Gowşut** – iki ulgamyň, iki gerşiň, iki jülgäniň…biri-birine sepleşýän ýeri.

**Goý, koý** – düzlük, tekizlik, jülge (Kaşg.).

**Goýun** – *ser.* Goltuk – 2.

**Göbek** [gö:bek] – düzlüklerde ýerleşen dik depe; üsti ýasy depeleriň üstündäki ikinji depe. ◊ Göbek, Göbejik, Göbekdepe, Göbekli, Göbeklidepe, Göbeklioý, Göbekýatak.

**Göçýän çäge** [göçýä:n çä:ge] – üsti ösümliksiz, ýeliň ugruna ondan-oňa göçüp ýören çäge, aklaň.

**Gök [**gö:k] – **1**. Asman, gözýetimdäki howa giňişligi, ýeriň ýüzündäki görünýän atmosfera. **2**. Gök ekin ekilýän ýer, bakja. **3**.Gök önüm. **4**. Gök otluk ýer.

**Gök gürrüldisi** [gö:k…] – atmosferada ýyldyrym çakmagy bilen baglanyşykly döreýän ses, gümmürdi.

**Göklem, göklemän** [gö:klem, gö:klemä:n] – gök ot-çöpüň ören döwri, alabahar.

**Göksuw** [gö:ksuw] – akmaýan çuň suw, köl (Hasanow).

**Gök ýer** [gö:k…] – adyr (Kürendagda -Lawrowlar).

**Göl** [gö:l] – **1**. Köl sözüniň dialektal görnüşi (ýom.). ◊ Garagöl, Gölli, Göllioba, Gölýer. **2**. Deňiz bilen insiz bogaz arkaly birleşýän ýalpak ajy aýlag (Borjakow).

**Gölgürden** [gö:lgürden] – kölüň kenara süsňän kert kenarly ýeri. ◊ Gölgürden.

**Gömge** – batgalyk, ýüzi kerepläp, porsap giden lüýk (Ahal). ◊ Gömge, Ýalançygömge.

**Gömüsge** – gizlin saklamak üçin ýere gömlen hazyna, baýlyk, gizlenen mülk. Mahmyt Kaşgarly bu sözi *kömüç, kömçü* görnüşlerinde ulanypdyr.

**Görnüm** – görmek mümkin bolan adalyk, gara görnüm ýer.

**Göterim** – **1**. Oturmak üçin beýgeldilen ýer (Kaşg.). **2**.Suwy nasos bilen ýokary göterilip goýberilýän ýap, kanal, maşynýap. ◊ *Gelmeli ýerinden pesde ýerleşýändigi zerarly, Sarahs kanaly iki gezek göterim ediler* (J.Hudaýguly. Sarahsyň ykbaly oýanýar). **3**. Belentlik. ◊ *Kiçi Balkanyň günbataryny Syrtlanly, Gumdag, Hudaýdag, Monjukly, Göbek, Nebitdag göterimleri eýeleýär* (Durdyýew. Balkan dagy. “Watan”. 24.X.1995).

**Göterme,** *ýerli g.* – gaçy (Farap, Dänew etraplary).

**Götermesalma** – kälden ýa-da pes ýerlerden raýyşy belende galdyrylyp çekilen salmalar (sal., Penjiýew).

**Götermeýap** [götermeýa:p] – **1.** Raýyşy ýokary göterilip çekilen ýap. **2**. *ser.* Aýaklyýap.

**Göwüs** – dagyň, belent depäniň gapdaly, ýanbaşy; goýny; asty. ◊ Dagyň göwsi.

**Göz** – suwuň başlangyç çykýan ýeri, çeşmäniň gözbaşy, çeşme. ◊ Garagöz, Ortagöz, Ulugöz, Üçgöz.

**Gözbaş** – ýerasty suwlaryň, çeşmäniň öz güýji bilen çykýan ýeri, suwuň gözi. *ser.* Göz.

**Gözeg** – gözegçi, garawul durulýan ýer, diň, minara.

**Gözýetim** – asman bilen ýeriň sepleşýän, birleşýän çygyzy.

**Gradus** – töweregiň 360-dan 1-ine deň bolan duga we burç ölçeg birligi. Geografik gradus 60 minuda deňdir.

**Grinwiç meridiany** – Ýerde giňlikleriň hasaby ýöredilýän başlangyç (nol) meridian.

**Guba** – dagyň, gyryň, çölüň guba (gyzylymtyl-goňur) reňkli belentlikleri.

**Gubadag** [gubada:g] – goňras reňkli, üsti ösümliksiz dag. ◊ Gubadag.

**Guduk** – *guýy* sözüniň gadymy görnüşi, türkmen diliniň käbir şiwelerinde "guýy" manysynda ulanylýan söz. ◊ Uzynguduk, Üçguduk, Akguduk.

**Gulaç** – ölçeg birligi (180-190 sm töweregi), giň gerlen iki goluň arasy. ◊ Kyrkgulaç, Ýüzgulaç, Gulaççeşme.

**Gulagagyz** – ýaplardan atyzlara suw açylýan ýerler (sar., Penjiýew).

**Gulak** – **1**. Uly ýaplardan kiçi ýaplaryň aýrylýan ýerleri. **2**. Suw akýan köl, akyn (Stawr.) ◊ Ajygulak, Genjegulak, Ýusupgulak, Kazygulak, Maşdakgulak. **3**. Deňiz aýlagy (Maňg.). **4**. Türkiýe türkmenlerinde deňiz suwunyň gury ýere süsňäp giden ýeri (Ali Riza Ýalman).

**Gum** – **1**. Ýer togalagynyň – planetasynyň gabygynyň daşky ýumşak gatlagynyň umumy ady. **2**. Giden çägelik meýdan, çägeli çöl. **3**. Toprak. **4**. Çaň, tozan, kirşen. **5**. Çägeleriň, çägesöw topraklaryň ählisi üçin umumy at. **6**. Garagumda: üstünde ot-çöp bitýän, ýeliň ugruna ondan-oňa süýşmeýän çäge. **7.** Anyk meýdany eýeleýän çägelik. ◊ Çilmämmetgum, Garagum.

**Gumak** – gum gatyşykly, çägesöw toprak. ◊ Gumakly, Gumajyk.

**Gumaksy ýol** […ýo:l] – daş düşelmedik ýol.

**Gumak ýer** – çägesöw toprakly ýer.

**Gumdaş, çäge daşy** [gumda:ş] – daş ýaly gatap galan gum, çäge dänejiklerinden emele gelen dag jynsy. Oňa daş gum hem diýilýär (Hasanow).

**Gumetek, gum etegi –** gumuň çäge çölüniň eteginde ýerleşen ekerançylyk zolagy, gumuň etegindäki düz ýerler.

**Gumluk** – çägelik ýer.

**Gum ýoly** […ýo:ly] – gumuň, çägäniň üstünden geçýän ýol.

**Gurak** – ýagyşsyz, ýagmyrsyz (howa); nemsiz, yzgarsyz (toprak).

**Guraklyk, gurakçylyk** – uzak wagtlap ygal düşmezlik zerarly gök ot-çöpleriň guramagy, suwuň gyt ýyly, döwri.

**Gurgançylyk** [gu:rgançylyk] – **1.** Ygal ýagandan soň ýeriň gurap, çalygyp, ýer işlerini geçirmäge ýaramly ýagdaýa gelmegi. **2.** *ser.* Guraklyk (ärs.).

**Gurruk** – ulanylman taşlanan guýy, suwy çekilen ýa-da gömlen guýy, çukur (bu at gury sözündendir). ◊ Gurruk, Gurrukbil, Bäşgurruk.

**Gurşaw** – **1.** Daşy gurşalan, berkidilen, haýat aýlanan, gabalan (Kaşgarlyda *kurşag*). **2.** Daş-töwerek.

**Gurum** – *ser.* Gorum. ◊ Gurumsaý.

**Gury** [gu:ry] – suwsuz, guran, kepän. ◊ Gurugazgy, Gurugökje, Guruguduk, Gurudere.

**Guşak** – **1.** Daşy tebigy ýa-da emeli berkitme, haýat, çil we ş.m. bilen gurşalan ýer, oý. **2**. Dagyň kemeri.

**Guşaklyk** – **1.** Ýer togalagynyň D.g. we G.o. ýarym togalaklarynda ýerleşen tropiki, aram we sowuk zolaklar. **2.** Belentligine görä bölünýär (dag-tokaý guşaklygy, çemenlik guşaklygy we ş.m.). **3.** Belli bir tapawutly, diňe şol ýere mahsus bolan aýratynlygy bilen tapawutlanýan zolagy. **4.** Dagyň belli bir kemeri.

**Guşaklyk wagty** – Ýer şary halkara ylalaşygy boýunça 24 sany wagt guşaklyga bölünýär. Olaryň hersi uzaklyk boýunça 15 gradus aralygy alýar. Her guşaklygyň 0-dan 23-e çenli öz belgisi bolup, goňşy meridianlaryň arasyndaky wagtyň tapawudy 1 sagatdyr.

**Guşhana** [guşha:na] – köp sanda guş saklanylýan jaý.

**Guşluk** – **1.** Günüň guş uçuş belentligine galýan wagty (ertir sagat 10-lar töweregi). **2**. Tarap, gündogar bilen günorta aralygy. ◊ Öýleguşluk (günorta bilen günbatar aralygy), Guşluk. **3**. Guşuň köp ýeri, guşlaryň mesgeni. **4**. Ýyldyzyň ady.

**Guýgun** – ekin meýdanlary suwarylanda, artykmaç suwlaryň akdyrylýan ýerleri, peslikler (Daşoguz; Murzaýew).

**Guýma – 1.** Ygal suwunyň ýygnanýan çöketligi, oý, kakyň uly görnüşi (Günbatar Türkmenistan). ◊ Akjaguýma, Arazguýma, Guýmalar. **2**. Düme ekilýän ýer, ýagyş, gar suwlarynyň ýygnanýan oýlary (Tejen).

**Guýruk –** dagyň, gyryň gutarýan, kem-kemden peselip, düzlük bilen deňleşip gidýän ýeri. ◊ Guýruklydepe, Altyguýruk.

**Guýrukly ýyldyz –** kometa.

**Guýtak –** guýa meňzeş tebigy oý, oýulan ýer.

**Guýty** – ýabyň düýbünde, egreminde emele gelen çukurlar (Penjiýew).

**Guýy – 1.** Suw almak üçin ýeriň suwly gatlagyna çenli gazylan çuň çukur. Bu sözüň gadymy görnüşleri: kuzug, kudug, kuýug (Kaşg.). ◊ Akguýy, Üçguýy, Dörtguýy. **2**. Dürli tehniki bähbitler üçin burawlanyp gazylan çuň çukur, skwažina. ◊ Nebit guýulary, Nebitli guýy.

**Guz –** dagyň gün düşmeýän tarapy (Kaşg.). *ser.* Guzaý.

**Guzaý –** dagyň, depäniň, gyryň we ş.m. gün düşmeýän tarapy. ◊ Guzaýigde.

**Güder, güdür –** *güzer* sözüniň gadymy görnüşi. ◊ Güdürolum.

**Gülgüzar** [gülgüza:r], *p., ser.* Gülzar.

**Gülhana** [gülha:na], *p.* – gül ekilýän we ösdürilip ýetişdirilýän jaý, gül hojalygynyň jaýy.

**Güllük –** gülli ösümlikleriň köp bitýän ýeri.

**Gülsurh,** *p.* – ýabyň düýbüne çökýän gyzgylt palçyk (ärs., Penjiýew).

**Gülşen,** *p.* – *ser.* Gülzar.

**Gülüstan** [gülüsta:n], *p.* – güller mesgeni, tutuş güllük ýer. ◊ Gülüstan.

**Gülzar** [gülza:r], *p.* – bag-bakjalyk, çemenlik, lälezarlyk.

**Gümmerçek –** güberilip duran ýer.

**Gümmez,** *p.* – **1.** Depesi gupba ýaly güberçek bolup gutarýan jaý, şol jaýyň depesiniň güberçek ýeri. ◊ Çilgümmez, Gümmezli, Gümmezlioba. **2**. Asman gümmezi.

**Gümrükhana** [gümrükha:na] – serhetden geçirilýän harytlary barlaýan, gümrük haky ýygnaýan adamlar üçin serhetde salnan jaý we işleýän edara.

**Gün – 1.** Töwereginden Ýer, Aý we beýleki planetalar aýlanýan, Ýeriň ýüzüne ýagtylyk berýän asman jisimi. **2**. Bir gije-gündiziň dowamyndaky wagt.

**Günbatar – 1.** Günüň ýaşýan tarapy, gözýetimiň (dünýäniň) esasy dört tarapynyň (rumbunyň) biriniň ady. Gadymy türki golýazmalarda (VII asyr) bu söz *günbatsyg*, *günbatyş* görnüşlerinde ulanylypdyr (ДТС). **2**. Günbatar Ýewropada ýerleşýän ýurtlaryň tutuş ady.

**Günbatar ýeli –** günbatardan köp öwüsýän güýçli şemal.

**Günçykar,** *ýerli g.* – gündogar.

**Gündiz** [gündi:z] – Gün dogandan, tä ýaşýança aralykdaky geçýän wagt, ertir bilen agşamyň aralygyndaky çag.

**Gündizlik** [gündi:zlik] – *ser.* Gündiz.

**Gündogar -1.** Günüň dogýan tarapy, gözýetimiň (dünýäniň) dört esasy tarapynyň (rumbunyň) biriniň ady. Bu söz gadymy türki ýazuw ýadygärliklerinde we Kaşgarlyda *güntogsyg, küntoguş* görnüşinde ulanylypdyr. **2**. Gündogarda ýerleşýän ýurtlaryň umumy ady.

**Gündogar ýeli –** gündogardan öwüsýän ýel.

**Güneş – 1.** Gün (planeta). ◊ *Aý-u Güneş maňa gul* (Ýunus Emre). **2.** Dagyň, gyryň, baýryň gün düşýän tarapy.

**Güneý –** dagyň, depäniň, baýryň, gyryň gün düşýän tarapy, ilersi. ◊ Güneýdere, Güneýigde, Güneýçeşme.

**Günorta – 1.** Gözýetimiň (dünýäniň) esasy dört tarapynyň (rumbunyň) biriniň ady. **2**. Demirgazygyň garşysynda ýerleşýän ýurtlar, ýerler. **3**. Günüň (gündiziň) orta bolan çagy, *günortan*.

**Günorta-günbatar –** ileri, günorta bilen günbataryň aralygy.

**Günorta-gündogar** – ýokary, günorta bilen gündogaryň aralygy.

**Günortan** [günorta:n] – günorta çagy, gündiziň orta bolan wagty.

**Günorta ýarym togalak –** Ýeriň ekwatordan günortada ýerleşen ýarpysy.

**Gün tutulyşy** – Günün ýüzüni Aýyň kölegesiniň tutuş ýa-da kem-käsleýin örtmegi.

**Gürlewük** – dagyň belent ýerinden pese şaglap eňýän çeşme, şarlawuk (Ahal).

**Güwleme** – çeşmeleriň şarlawukly, güwläp ses edýän ýeri. ◊ Güwleme, Güwlemeolum, Güwlemeçaý.

**Güýçli gaý** – tizligi 21,6-25,1 m/sek ýa-da bir sagatda 42-48,8 deňiz miline (her mil – 1852 m), güýji 10 bala ýetýän gaý.

**Güýçli ýel** – güýji 7 bala, tizligi 12,5-15,2 m/sek ýa-da bir sagatda 31 deňiz miline ýetýän ýel.

**Güýz** – ýylyň üçünji pasly.

**Güzer,** *p.* -**1.** Suw akýan çaýyň, ýabyň, derýanyň, kölüň we ş.m. mal-gara iner ýaly ýalpagrak ýeri, geçelge, olum. ◊ Jargüzer, Egrigüzer, Marygüzer. **2.** Mähelle, kwartal (Samarkant türkmenleri). ◊ Türkmengüzer.

**Gyçyk** – *ser.* Gaýraýel.

**Gyr** – üsti gumly, daşly belentlikler, käýeri takyr, köp ýeri hem depelik bolup gidýän daşly ýerler; daga çalym edýän gumaksy belentlikler, üsti tekiz inli gerişler.

**Gyra** – meýdanyň, atyzyň, kölüň, deňziň we ş.m. bir çeti, ýakasy, kenary.

**Gyraç** – gyra çalymdaş çägeli, çagylly ýerler. ◊ Gyraçly.

**Gyrak-bujak** […bu:jak] – meýdanyň, çägiň çeti, uzakda ýerleşen çetleri.

**Gyraň** – göwrümi töwerek görnüşindäki desgalaryň erňeginiň, gurşawynyň burç emele getirýän ýerleri. ◊ *Uly galanyň iki gyraňy saklanyp galypdyr* ("Edebiýat we sungat").

**Gyraw** – çigrekli gijede ýere düşýän ýukajyk buzjagaz örtügi. Kaşgarly bu sözi *kyragu* we *sarkym* görnüşlerinde ulanypdyr.

**Gyrgyny** – *çyrla* guýularynyň ajy suwlaryny aşak we gapdallara itekläp, onuň ornuny eýeleýän süýji suw gatlagy. Ol guýynyň ýakynynda edilen oýlara ýygnanýan ýagyş suwunyň ýokardan guýdurylyp ýa-da syzyp toplanmagy netijesinde emele gelýär (A.Orazow).

**Gyrly** – gyr ýaýlalary we ýazda hem-de tomusda gyrda ýaýlalaýan çarwa obalary.

**Gyrlyk** – giden gyr bolup ýatan ýer.

**Gyrlym** – *ser.* Gyrgyny.

**Gyrmança** – **1.** Derýanyň suwunyň ýer we dag jynslaryny ýuwup, aşaky akymlaryna getirýän läbigi, çökündisi. **2**. Kölleriň, derýa-deňizleriň düýbünde owunjak mineral we organiki jisimlerden döreýän çökündiler.

**Gyrpak** – suwuň ýüzündäki doňan ýukajyk buz örtügi.

**Gyrtyç** – **1.** Mahmyt Kaşgarly *kyrtyş* sözüni "Ýer gabygy" diýip düşündirýär. **2.** Ösümlik ady.

**Gyrymsy** – gyrymsy agaçlaryň, ýarym gyrymsy, gyrymsyja agaçlaryň we kelte boýly ösümlikleriň umumy ady.

**Gysby** – dar, insiz. *ser.* Gysy. *Bu ýoluň iki gapdalyny gum depeleri tutup, ol dagyň gysby jülgelerine gaty meňzeşdi* (A.Gowşudow. "Perman").

**Gysmar** – gerşiň, gyryň üstünden aşmak üçin edilen amatly gädik.

**Gysňak** – derýanyň, kanalyň, ýabyň has daralýan ýeri (Daşoguz, Horezm; Ýa.G. Gulýamow).

**Gysy** – iki dagyň, gerşiň, gyryň biri-birine golaýlaşyp, aralygy, geçelgäni has daraldýan ýeri. ◊ Garagysy, Gargalygysy.

**Gyş** – ýylyň dördünji, sowuk pasly.

**Gyşlag** – **1.** Çarwalaryň gyşyna oturýan ýerleri, örüleri. ◊ Gyşlag, Gyşlagly, Garrygyşlag. **2**. Oba.

**Gyşlak** – *ser.* Gyşlag. ◊ Maňgyşlak, Gyşlakgum, Gyşlakýap.

**Gyşlakgum** – Lebapda obanyň ýakynyndaky gumlar.

**Gyş oý** [… o:ý] – Garagumda gyşda oturylýan yk oý. Oňa gyş ýurt hem diýilýär.

**Gyşyň kiçi çillesi** – *ser.* Çille.

**Gyşyň uly çillesi** – *ser.* Çille.

**Gyş ýurt** [… ýu:rt] – *ser.* Gyş oý.

**Gyýa** – ýapylaryň, baýyrlaryň ýagyş suwlary tarapyndan jylga-jylga, erez-erez (gyýym-gyýym) edilen ýerleri. Şeýle ýere *jylga* hem diýilýär. ◊ Gyzylgyýa, Garagyýa.

**Gyzyl – 1.** Çägeleriň bir görnüşi; üstünde ösümlik örtügi diňe pes ýerinde duş gelip, relýefiň beýik şekilleri gyzaryp görünýän, ýa-da ýeliň ugruna ondan-oňa süýşüp ýören, üsti ösümliksiz gumlar. Dünýädäki meşhur gumluklaryň biri bolan Gyzylguma hem şeýle çäganiň ady geçipdir. Käbir halatlarda bu at çäganiň reňkine görä hem dakylýar. ◊ Aýgyzyl, Bäşgyzyl, Goşgyzyl, Gowşutgyzyl, Gurugyzyl, Ketdegyzyl, Öýlügyzyl, Üçgyzyl, Ýamangyzyl. **2**. Gyzyl kerpiçden, daşdan salnan binanyň adyna goşulýan reňk ady. ◊ Gyzylarbat, Gyzylgala, Gyzylkümmet. **3**. Gyzylymtyl reňkli topraklaryň, daşlaryň, daglaryň adynda köp duşýan söz. ◊ Gyzylbaýyr, Gyzylgaýa, Gyzyldepe, Gyzyldag. **4**. Bugdaý harmany. **5.** Önki döwürde "Sowet" manysynda geografik atlar. ◊ Gyzyl Oktýabr, Gyzylbaýdak. **6**. Altyn, tylla, baýlyk. ◊ Gyzylly.

**Gyzylgum** – ýeliň ugruna ondan-oňa süýşüp ýören gyzgylt çäge, çäganiň (çölüň) bir görnüşi. ◊ Gyzylgum.

**Gyzylsuw - 1.** Ýazda kanala suw ýaňy açylan döwründe gelýän ilkinji bulanyk suw (ata, ýemr., dg.ýom., Penjiýew). **2**. *kön.s.* Ýüzi doňan akabalardaky buzuň üstünden (ýüzünden) akyp gelýän suw. Tungus-manjur dillerinde-de akabalaryň doňan suwunyň (buzuň) üstünden akýan şeýle suwa *ulan* diýilýär. *Ulan* sözi bolsa "gyzyl" manysyndadyr (Murzaýew). **3**. Suwy gyzgylt çeşmeler, suwly ýerler. ◊ Gyzylbulak, Gyzylsuw, Gyzylsuwlyödek, Gyzylçeşme, Gyzylköl.

**Gyzyl ýer** – adyr (Kürendag; Lawrowlar).

## – H –

**Haçja** – ýokarsy iki şaha bolup gidýän dag, depe. ◊ Haçja.

**Hada** [ha:da], *ýerli g.* – gazy-haşar işlerinde her kime paý, hak ölçelip berilýän ölçeg agaç (Lebap wel.).

**Halifat** [hali:fat], *a.* – VII asyrda döredilip, halifler (halypalar) tarapyndan hökümdarlyk edilen arap-musulman döwleti. ◊ Arap halifaty.

**Halka,** *a.* – töwerekleýin aýlaw, gurşaw. ◊ Halka.

**Halkara akabalary** – halkara ähmiýeti bolan suw ýollarynda okeanlary we deňizleri birleşdirýän emeli desgalar.

**Halkara bogazlary** [halka:ra …] – halkara deňiz hukuklaryna laýyklykda, halkara gämi gatnawy we ähli döwletleriň gämileriniň deň şertlerde geçmegi üçin ulanylýan bogazlar (Gibraltar, Bosfor, Magellan we ş.m.).

**Halkara derýalary** [halka:ra derýa:lary] – iki ýa birnäçe döwletiň üstünden geçýän ýa-da olaryň çäklerini bölýän, ähli ýurtlaryň söwda gämi gatnawy üçin açyk derýalar (Amyderýa, Dunaý, Reýn, Amazonka we ş.m.).

**Hana** [ha:na], *p.* – **1**. Jaý, öý. ◊ Balahana. **2**. Oba, gyşlag. ◊ Araphana (Farap sebitleri). **3**. Derýa suwunyň akýan ýeri. ◊ *Derýa hanasyndan çykypdyr* (*suw joşupdyr, daşypdyr* manysynda). Eýran dilleriniň gadym döwründe *han, hani, hanik* görnüşlerinde duş gelýän bu söz "çeşme", "akar", hatda "ýap", "aryk", "derýa" manylaryny hem aňladypdyr. Deňeşdiriň: ýagnob dilinde *han* sözi "çeşme", koreý dilinde hem *kan, gang* sözleri "derýa" manylarynda ulanylýar.

**Handak,** *a. – ser.* Händek.

**Hanlyk** [ha:nlyk] – başynda han duran ýurt, döwlet. ◊ Hywa hanlygy, Kokant hanlygy.

**Haraba** [hara:ba], ***a.*** **–** ýykylyp, ýumrulyp galan jaý, ýykylan jaýyň, binanyň galyndysy, sudury. ◊ Harabaguduk, Harabaköşk.

**Harasat** [harasa:t] **–** tozan gatyşykly güýçli ýel, gaý, tupan. Bofortyň şkalasy boýunça 12 bala ýetýän güýçli ýel.

**Haraz,** *p.* – haýwanlaryň, suwuň we tehnikanyň güýji bilen aýlanýan degirmenler, şol degirmenleriň oturdylan jaýy.

**Harman,** *p.* **– 1.** Döwek, döwek ýeri. **2**. Ýyglan pagtanyň, gallanyň we ş.m. hasylynyň üýşürilýän ýeri, jaýy.

**Harsaň***, p.* – **1.** Dagyň ýokardan bölünip, aşak togalanan uly bölegi, mähnet daşly ýer; uly kesekleri bolan ýer. ◊ Harsaňly. **2.**Gataňsy, gataýan örtük, gabyk.

**Hasar,** *a.* – gala, berkitme; şäher diwary. ◊ Hasar, Hasardag, Hasarly.

**Haşar** – **1.** *ser.* Kaşar. ◊ Ýetmişiň haşary. **2**. Gyş aýlarynda suwaryş ýaplaryny arassalamak bilen baglanyşykly geçirilýän gazy, gazy döwri.

**Hatapgala** [hatapgala:], *göç.m.* – belli mekansyz, göçüp-gonup ýören.

**Hatar** – meňzeş zatlaryň (meselem, depeleriň) setiri, yzly-yzyna ýerleşen desgalar. ◊ Hatardaş, Hatardöň, Hatarerik, Hatarköpri, Hatarläheňler, Hatartam.

**Haýat** [ha:ýat we haýat], *a.* – **1.** Howly. **2**. Mal-gara we adam geçmez ýaly ýeriň daşyna, araçäge salnan pagsa ýa-da kerpiç diwar. ◊ Garahaýat, Haýatly.

**Haýrabat** [haýra:ba:t], *a.-p., kön.s.* – gadymy kerwen ýollarynyň, geçelgeleriň we ş.m. ugrunda haýyr-sogap üçin bina edilen kerwensaraýlar, myhmanhanalar, sardobalar, gazylan guýular. ◊ Haýrabat, Haýrabatguýy.

**Hazan,** *p.* – **1.** Güýz, ösümlikleri sowuk urýan döwür. **2.** Tupan.

**Hazar ýeli** – deňizden (Hazardan) kenara tarap öwüsýän ýel.

**Hazyna** [hazy:na], *a.* – **1.** Döwlet emlägi we onuň saklanýan jaýy. **2.** Ýerasty baýlyklar. **3.** Gymmatly zat.

**Hežže** – *ser.* Gež. ◊ Hežželi, Hežželioý.

**Hemra şäherler** [hemra: …] – uly şäherleriň ýakynynda onuň bilen hojalygyň köp görnüşleri boýunça aragatnaşykda, käbir babatlarda bolsa oňa tabyn bolan kiçi şäherler. Meselem, Aşgabadyň hemrasy Abadan (öňki Büzmeýin), Atamyrat (öňki Kerki) şäheriniň hemrasy Kerkiçi, Türkmenabadyň (öňki Çärjewiň) hemrasy Seýdi we ş.m.

**Heňňam** [heňňa:m], *p.* – wagt, döwür, zaman. ◊ Heňňam.

**Hepde,** *p.* – ýedi güni (iki dynç günüň aralygyny) öz içine alýan wagt birligi.

**Hepek,** *ýerli g.* – agyl. *ser.* Häpek.

**Herek** – *ser.* Erek. ◊ Herekdag.

**Herrik** – *ser.* Erk. ◊ Herrik, Herrikgala, Herrikdepe.

**Het,** *a.* – çäk, ara. ◊ Serhet.

**Häçje,** *ýerli g.* – *ser.* Haçja. ◊ Häçje.

**Händek,** *a.* – **1.** Galanyň töweregine suw goýbermek üçin edilen garym. **2**. Laý alynýan çukur. **3**. Suwly çukurlar. ◊ Händek, Hendeklikak. **4**. Sogd dilinde kandak – “kiçi gala”, “gorgança” (Nafasow).

**Häpek, häbek,** *ýerli g.* – agyl (ärs.).

**Hijri,** ýyl hasaby – Muhammet pygamberiň we ilkinji musulmanlaryň Mekgeden Medinä göçen gününden, ýagny häzirki ulanýan milady senämiziň 622-nji ýylynyň iýul (VII) aýynyň 15-inden 16-syna geçilen gijesinden başlanýan *günsanar* – kalendar (*a. hijri, hijran* – “aýralyk”).

**Hokurdan – 1.** Girdap (suwuň akýan wagty emele gelýän sese görä atlandyrylan). **2**. Deşige, hine, umuman, ýerasty gowaga akýan suwuň emele getirýän deşigi, suw giden çukur.

**Hopmak,** *ýerli g.* – gopmak, derýa kenarlarynyň aşak ýumrulmagy. ◊ *At kenar hopanda derýa gidipdir* (J.Hudaýguly. Ojaklar öçmesin).

**Horhor – 1.** *ser.* Gorgor. **2**. *ýerli g.* Amyderýanyň girdaby (g.galp.).

**Hoşap** [hoşa:p], *p.* – süýji suw, süýji suwly guýy, çeşme. ◊ Hoşap.

**Howa** [howa:], *a.* – atmosferany emele getirýän we azotdan (78 göterim), kisloroddan (21) hem-de argondan (0,9 göterim) ybarat bolan gaz şekilli garyndy.

**Howaň –** çukur, oý, gowak. ◊ Akjahowaň, Garahowaň.

**Howa ýoly** [howa: ýo:ly] – asmanda uçarlaryň gatnamagy üçin bellenilýän howa giňişligi.

**Howdan** [howda:n], *p.* – **1.** Suw saklanýan uly çukur. ◊ Howdan, Akhowdan, Bäşhowdan, Howdanjyk. **2**. *ser.* Suw howdany. ◊ Köpetdag suw howdany.

**Howdanlyguýy** [howda:nlyguýy] – mal ýakylýan wagta çenli guýynyň suwuny ýygnamak üçin edilýän howdanlar. Olar guýynyň ýanynda palçykdan, bişen kerpiçden we betondan bejerilýär, ululygy guýy suwunyň köp-azlygyna we ýakylýan mallaryň sanyna bagly bolýar. Ýygnanansoň, suw nowa akdyrylýar.

**Howly** – **1.** Töweregine haýat aýlanan ýaşaýyş jaýy, bir hojalygyň galasy. ◊ Zaňňarhowly, Eminhowly. **2**. Mellek, bir hojalyga degişli hususy ýer.

**Howuz,** *a.* – **1.** Agyz suwuny durlamak, uzak saklamak ýaly dürli hojalyk hajatlary üçin gazylýan tegelek, dörtburçly we çuň çukurlar, üsti ýapyk desgalar. Şäherlerde we çägeli ýerlerde howuzlaryň gyralary hem-de düýbi daş ýa-da bişen kerpiç, üsti demirbeton bilen örtülýär, özleri-de diňe bir tegelek däl, eýsem dörtburçly hem bolup bilýär. **2.** Derýalaryň, iri akabalaryň – kanallaryň ugrunda döredilýän iri howdanlar. ◊ Hanhowuz, Garahowuz, Goşahowuz, Mirişhowuz, Üçhowuz. **3**. Ýörite balyk ösdürip ýetişdirmek üçin deňiz, derýa we uly kanallaryň boýlarynda gazylýan howdanlar.

**Humdan** [humda:n], *p., ýerli g.* – küre, toýundan edilýän gap-gaç we kerpiç bişirilýän peç (Lebap wel.). ◊ Humdanly.

**Hummuz,** *p., ýerli g.* – küre (Daşoguz wel.).

**Hupdan** [hupda:n], *p.* – ýatylýan wagt, ýassy.

**Huşk, hoşk,** *p.* – guran, kepän, suwsuz. ◊ Huşkrud.

**Hutor,** *r., kön.s.* – **1.** Ýer eýesiniň jaýly, bag-bakjaly aýratyn ýeri; şeýle hojalyklaryň ýerleşen ýeri, oba. **2.** Oazisiň çetindäki, kolhoz döredilen ýyllarda dakylan, käbir gum obalarynyň köne ady. ◊ 4-nji hutor, 5-nji hutor (Sakarçäge etraby).

**Hülleçäge** [hülleçä:ge] – gyzgylt reňkli çägeler.

**Hürhüri,** *ýerli g.* – şarlawuk (noh.).

**Hütdük** – içinde ýaşar ýaly, pagsadan, kerpiçden, çöp-çalamdan göwnegeldik edilen garypja külbe, garaňky jaý, öý.

## – I –

**Iç –** dagyň, deňziň, derýanyň, obanyň we ş.m. içi.

**Içeri –** jaýyň, binanyň, galanyň daşy däl-de, içi, içersi.

**Içerki deňiz** – diňe bir döwletiň çygrynda ýerleşen, beýleki deňizler ýa-da okeanlar bilen gämi gatnawly ýol arkaly birleşýän we kenarlary hem degişli döwletiniň ygtyýarynda bolan suw basseýnleri.

**Içerki suw ýoly** [… ýoly] – diňe bir döwletiň çygrynda ýerleşýän derýa, köl, kanal, suw howdany ýaly suw ýollary.

**Içit –** içmek üçin suw alynýan ýer, çeşme, guýy. ◊ *Müň meçitden* (metjitden) *bir geçit, müň geçitden bir içit* (nakyl).

**Idil, itil, edil,** *kön.s.* – derýa; Wolga derýasynyň türki ady.

**Ikibaş – 1.** Iki tarapynda hem agzy bolan dag gowaklary, tümeýler. ◊ Ikibaşly. **2**. Iki ýerden baş alýan ýaplar.

**Ikindi –** Gün ýaşmazynyň öň ýanyndaky wagt.

**Ikindin** [ikindi:n] – ikindi bilen giç agşama çenli bolan wagt.

**Iki ýüzli käriz –** iki gözbaşdan suw alyp, bir örtüge birigýän käriz.

**Il** [i:l] – **1.** Döwlet, bölüg (administratiw) birlik (Kaşg.). **2**. Ýurt, Watan, dogduk mekan. ◊ Hojaili, Hydyrili, Iljik.

**Ileri, ilerki – 1.** Günorta bilen günbrataryň arasyndaky tarap, gaýra tarapyň garşysy, kybla. Ol $225^0$ bilen bellenilýär. ◊ Ileribaş, Ileriinçe, Ilerkiaryk, Ilerkidag, Ilerkimüjewür. **2**. Öň tarap, öň.

**Ilkagşam** – Gün ýaşandan az salymdan soň, ýassynyň öň ýanyndaky wagt, garaňky gatlyşan wagty.

**In** [i:n] – bir zadyň keseligine bolan uzynlygy.

**Inçe** [i:nçe] – ini dar ýa-da inçe, boýy uzyn zatlar: ýer, baýyr, gum, ýap, ýol we ş.m. ◊ Inçe, Inçeburun. Ýene *ser.* Niçge.

**Inçeýap** [i:nçeýa:p], *kön.s.* – ýogyn ýapdan (*ser.*) aýrylýan dört ýabyň biri (Mary). Inçeýap 10-12 serkar (ýa-da atlyk) ýere suw berýär.

**Inelge** [i:nelge] – **1.** Dagdan, depeden, ýapydan we ş.m. aşak düşülýän, inilýän ýer. **2.** Aginiş (Gyzylarbatda dagyň dowamly peselýän eňňidi).

**Iner** [i:ner] – ser. Inelge.

**Iniş** [i:niş] – *ser.* Inelge. ◊ Aginiş, Göginiş.

**Inişge** [i:nişge] – *ser.* Inelge.

**Iňrik –** Gün ýaşyp, garaňky düşüp başlan wagt. Gadymy türki dilde iňir sözi “daň”, “säher” ýaly manyny aňladypdyr (ДТС).

**Ippodrom,** *ýun.* – aýlaw, at çapylýan ýörite ýer.

**Işik** [i:şik] – jaýyň, howlynyň, gala ýaly bolup duran gerişleriň girilip-çykylýan ýeri, gapy, gädik. ◊ Kyrkişik.

**Iýşme** – süýji suw çykarmak üçin deňziň içindäki adada gazylýan çukanaklar (olara *çermeme* hem diýilýär). Öň şeýle çukurjyklaryň düýbüne syzyp ýygnanýan suwlar süýji bolup, ol içmek üçin hem peýdalanylýan eken. *Iýşme* sözi “açmak”, “ýarmak” manysyndaky *iýşmek* işligindendir (*işik* sözi bilen asyldaş). ◊ Iýşme, Laýlyiýşme, Agiýşme.

**Izan** [iza:n], *ýerli g. – ser.* Keş (gök.; Penjiýew).

## – J –

**Jaglak** – derýa suwunyň zarply akýan ýerlerinde döreýän girdap, suwuň towlanyp, hokurdap, jaglap emele getirýän çukurlary.

**Jahan,** *p.* – dünýä; gök, asman, ýeriň ýüzi.

**Jala,** *p.* – guýçli ýagyş, çabga.

**Jalawa** – **1.** Käriz suwunyň ýeriň ýüzüne çykýan ýeri. **2**. Derýanyň baş alýan ýeri.

**Janly muzeý** – *ser.* Zoopark.

**Janpena** [ja:npena:], *a.-p.* – **1.** Üstüne howp abananda, sowukda, ýagynda bukulynýan ýer, gala, gaçybatalga. ◊ *Janpenanyň üstünde duranlarda bir hili ... gozgalaň göründi* (A. Gowşudow. Perman). *Bizem gaçyp, janpenamyza bukduk* (şol ýerde). **2.** Han-begleriň janyna (howpsuzlygyna) jogapkär adam.

**Jar** – sil suwunyň akýan ugry, ýeriň ýüzünde suwuň emele getiren gorply we çuň jarlary (*jar* sözi aslynda *ýarmak* sözi bilen asyldaşdyr). ◊ Jargüzer, Jarsaý, Jarşaharyk.

**Jaran** – jaryň şahalary, uly jara goşulýan kiçi jarlar.

**Jarýap** [jarýa:p] – **1.** Jaryň ugrundan, jardan çekilen ýap. ◊ Jarýap, Jarşah. **2.** Dagdan, baýyrdan eňýän siliň ugry (sar.).

**Jaý** [ja:ý] – ýaşamak, işlemek, bir zat saklamak we ş.m. üçin salnan öý, bina, desga. ◊ Bazarjaý.

**Jaýryk** – ýarylmak zerarly emele gelen uzyn aýryk. ◊ Dagyň jaýrygy.

**Jaýryk-jaýryk** – ençeme ýarygy bolan, ýarygy köp ýer.

**Jebel,** *a.* – dag, daglyk. ◊ Jebel, Jebelböwür, Jebelgözbaşy, Jebelata.

**Jelegaý –** daş-töwerekdäki golaý-goltum ýerler, töwerek.

**Jeňňel,** *sansk.* – **1.** Derýa kenarlarynda toraňňy, gamyş, ýabany igde, çemiş, ýeken, ýylgyn, buýan ýaly ösümlikleriň we çöp-çalamlaryň gür tokaýlygy. ◊ Baýjeňňel, Dathajeňňel, Gökjeňňel, Jeňňelli. **2.**Tikenli ösümligiň, gyzganyň köp ýeri (Daşoguz wel., G.galp.). ◊ Uşakjeňňel. **3.** Gür agaçly ýer, tokaý. Megerem, *çemiş* diýilýän boýy 1-2 m çemesi, *Kösükliler* maşgalasyndan bolan gyrymsy agajyň rusça ady (*çingil*), onuň bitýän ýeri *jeňňeliň* ady bilen baglydyr.

**Jeýhun** [jeýhu:n] – möwç urýan, mes, gazaply akýan, joşýan (derýa). ◊ Jeýhun.

**Jezire** [jezi:re], *a.* – ada, daş-töweregi suw bilen gurşalan ýer.

**Jilwe –** kiçi ýap, salma, şah (Stawr., Penjiýew).

**Jokrama –** örän yssy, güýçli yssy (howa).

**Joran –** towşan ýodasy, towşanyň gatnaw eden ýodasy.

**Jork –** uly batgalyk, lüýk.

**Joşgun** [jo:şgun] – derýada suwuň köpelip daşmagy, möwç urmagy, daşgyn.

**Joşmak** [jo:şmak] – örän güýçli akmak, suwuň köpelip, kenardan agmagy.

**Joýa** [jo:ýa], *p.* – **1.** Bakja ekinlerinde hatarlaryň arasyndan çekilýän ýapjagaz. ◊ Akjoýa. **2.** Kiçijik suwaryş ýaby.

**Jöwenek –** buz halynda ýagýan togalajyk ýagyn.

**Jöwza** [jöwza:], *a.* – Gün şöhlesiniň güýçli gyzdyrýan wagty, tomsuň yssy günleri, ýangynly yssy.

**Ju, juý** [ju:, ju:ý], *p.* – ýap, aryk. ◊ Çarjuý (Çärjew diýen adyň gadymy görnüşi), Joýjeňňel, Akjoýa.

**Juýbar** [ju:ýba:r], *p.* – aryk, kiçi ýap, çaý. ◊ *Juýbary gam bolup aksyn gözüm ýaşy rowan* (“Leýli-Mejnun”).

**Junup** [junu:p], *a.* – günorta, ileri. ◊ *Maşryk-u magryp nedir, bilmen junup, kaýsy şemal* (Misgingylyç).

**Jülge – 1.** Iki dagyň aralygyndaky otly-suwly meýdan. Bu at “çöl” sözünden we “ge” goşulmasyndan durýar (Radlow). ◊ Jülge.

**2.** Derýa suwy peýdalanylyp ekilýän meýdanlar. ◊ Lebap jülgesi, Murgap jülgesi.

**Jümle-jahan,** *p.-a.* – älem, tutuş ýer ýüzi, ähli ýer.

**Jümmüş –** bir ýeriň ortasy, arasy, içi. ◊ Garagumuň jümmüşi.

**Jüňňül** – *çuňňul* sözüniň bir görnüşi (dg. ýom., sal.). ◊ Şamyratjüňňül, Jüňňülara, Gumjüňňül.

**Jybar** [jyba:r] – çalaja sepeläp ýagýan ownuk ýagyş, çisňäp duran howa.

**Jyda –** *ser.* Jyza.

**Jyglym – 1.** Ownuk daş. **2.** Ownuk daşyň dökülip duran gaýasy.

**Jygyr ýer –** ownuk kesekli ýer (Mary).

**Jykyr –** öňki döwürde suwy belende göterip goýbermek maksady bilen ýaplarda gurlan desga.

**Jykyrsalma –** jykyryň dökýän suwunyň akýan ýaby.

**Jykyrýap** [jykyrýa:p] – boýunda jykyr gurlan akaba.

**Jylaw – 1.** Ýagyş suwunyň, siliň öňüne edilýän bent, çil. **2.** Böwediň ýarysy, ýarymböwet (Penjiýew).

**Jylawaz** [jylawa:z] – demirgazyk-günbatardan öwüsýän ýel.

**Jylga – 1.** Ýagyş suwunyň ýapylary, baýyrlary, gaýalary ýuwup, kesim-kesim eden ýeri, ýapylaryň ýüzündäki zaw-zaw gasynlar. Oňa *gyýa* hem diýilýär. ◊ Ýetimjylga, Kyrkjylga, Uzynjylga. **2.** Jar, saý, käl. **3.** Derýanyň, akabanyň hanasy.

**Jylgaýtap** [jylgaýta:p] – ýapdaky suwuň ýokary galmagy, meselmegi, çişmegi (ýemr.).

**Jyrla –** *çyrla* sözüniň şiwe görnüşi. ◊ Ganlyjyrla.

**Jyza –** galapyn güýz aýlary we gyşda ýagyşdan soň doňaklyk zerarly emele gelýän gyraw, burjy. Käbir şiwelerde oňa *jyda* diýilýär.

## – K –

**Kadrak (gadrak, gaýrak),** *kön.s.* – dagyň belentli-pesli ýeri, gyýalyk (Kaşg.).

**Kaganat** [kagana:t], *kön.s.* – hanlyk, patyşalyk, ýurt, ülke.

**Kah, kahka,** *p.* – köşk, gala, erk. Şalaryň, emirleriň kaşaň köşklerine *kah*, olaryň kiçiräk görnüşlerine hem *kahka* diýlipdir (Bartold, Murzaýew). ◊ Kaka.

**Kak – 1.** Gumda oýlara, pesliklere ýygnanýan ýagyş suwy, suwly takyrlar (köplenç, ini 2-3, çuňlugy 1m). ◊ Ajykak, Daşkak. **2**. Guran, kepän (köl.).

**Kalendar,** *lat.* – hasap; günsanar, tebigatyň möwsümleýin hadysalaryna esaslanyp düzülýän aý we ýyl hasaby. Meselem, Kamary hasaby, Milady hasaby, Hijri hasaby.

**Kamary ýyl hasaby** – geçmişde türkmenleriň ulanan kalendarlarynyň biri. Dine uýýan adamlarymyz ony häzir hem ulanýarlar, meselem, oraza şu hasap boýunça tutulýar. Bu kalendar Aýyň dogany-ýaşany bilen hasaplanýar (arapça kamar "*Aý*" diýmekdir). Aýyň dogup-ýaşyşy we onuň Ýeriň daşyndan aýlanyş möhleti bilen baglanyşykly bolany üçin, Aý kalendary Gün kalendaryndan 10 gün 21 sagat 36 minut 10 sekunt gysgadyr. Şonuň üçin Kamary ýyl hasabynda ýylyň uzynlygy 354 (355) güne deň bolup, ýylyň başy her ýyl 10 gün öňe süýşýär, başgaça aýdanda, her 36 ýylda bir ýyl artýar. Kamary ýyl hasabynda aýlaryň atlary, ol atlaryň türkmençe ulanylyşy we gün sany aşakdaky ýalydyr (*ser*.: 1-nji tablisa).

**Kanal –** göwrümi boýunça iň uly gazylan akaba, emeli suw ýoly, ene ýap (*ganaw* sözi bilen asyldaş). ◊ Kanalýap, Üçkanal.

**Kanýon,** *isp. – ser.* Gapyz.

**Kaňşar,** *ýerli g.* – tumşuk, dagyň dik gaýalarynyň tumşuk ýaly öňe omzap duran ýerleri. ◊ Kaňşar, Ketdekaňşar.

**Kap dagy** [ka:p da:gy] – **1.** Hyýaly dag, dünýäniň gurşawy. **2.** Afrikanyň günortasynda ýerleşýän dag.

**Kapa,** *tibetçe* – dag (salar).

**Kapyz –** *ser.* Gapyz.

**Karargäh** [kara:rgä:h], *a.-p.* – dynç alynýan ýer, düşleghana, rezidensiýa.

**Karraha** – dagda öwüsýän bir ýeliň ady (Köýtendag).

*1-nji tablisa*

**Kamary ýyl hasaby**

| **Aýyň ady** | **Türkmen dilinde aýdylyşy** | **Gün sany** |
|---|---|---|
| Muharrem | Aşyr | 30 |
| Safar | Sapar | 29 |
| Rabiulowwal | Dört tirkeşik | 30 |
| Rebigilsany | | 29 |
| Jumadil-üwlä | | 30 |
| Jumadil-ahire | | 29 |
| Rajab | Rejep | 30 |
| Şaban | Meret (Barat) | 29 |
| Ramazan (Remazan) | Oraz | 30 |
| Şawwal | Baýram | 29 |
| Zülka'de | Boş aý (Baş) | 30 |
| Zülhiçje | Gurban | 29 (30) |

**Karta,** *ýun.* – **1**. Ekin ekmek üçin taýýarlanyp goýlan ýa-da ekin ekilen giň meýdan. **2**. Geografik karta: Ýeriň üst şekili çekilip görkezilen çyzgy. Kartalaryň ölçegi (masştaby) dürli-dürli bolup, olar ýer üstüniň dürli ululykdaky böleklerini görkezýärler (*ser*.: 2-nji tablisa).

**Karýer,** *fr.* – ýerasty baýlyklaryň açyk usul bilen alynýan ýerleri, kän.

**Kasyrku,** *kön.s.* – tüweleý (Kaşg.).

**Kaşar** – çölde bakylýan bir ýa-da birnäçe goýun sürüsiniň gyşlagy, merkezi, düýp goşy.

**Kaşgagum** – **1.** Ala gumlar (*ser.* Sakarçäge). **2**. Üsti ösümliksiz depeler. Umuman, garagumlaryň arasyndaky akguma, üsti ösümlikli ýerleriň arasyndaky ýalaňaç ýere we ş.m. hem *kaşga* diýilýär. ◊ Kaşgagum, Kaşgaýol.

**Kawlalyk,** *kön.s.* – gök we bakja ekilýän ýer, bakja (ДТС).

*2-nji tablisa*

**Kartalaryň ölçegi (masştaby) barada maglumatlar**

| **Kiçi ölçegli (1:1000 000-den kiçi) kartalarda** |
|---|
| 1:60 000 000 bolanda, kartadaky 1 sm aralyk ýer üstüniň 600 km-ine deňdir.<br>1:3 000 000 bolanda, kartadaky 1 sm aralyk ýer üstüniň 30 km-ine deňdir.<br>1:2 000 000 bolanda, kartadaky 1 sm aralyk ýer üstüniň 20 km-ine deňdir.<br>1:1 450 000 bolanda, kartadaky 1 sm aralyk ýer üstüniň 14,5 km-ine deňdir. |
| **Orta ölçegli (1:200 000 – den 1:1000 000 we şoňa çenli) kartalarda:** |
| 1:1 000 000 bolanda, kartadaky 1 sm aralyk ýer üstüniň 10 km-ine deňdir.<br>1:200 000 bolanda, kartadaky 1 sm aralyk ýer üstüniň 2 km-ine deňdir. |
| **Iri ölçegli (1:200 000 we şondan iri) kartalarda:** |
| 1:50 000 bolanda, kartadaky 1 sm aralyk ýer üstüniň 500 m-ine deňdir.<br>1:25 000 bolanda, kartadaky 1 sm aralyk ýer üstüniň 250 m-ine deňdir.<br>1:10 000 bolanda, kartadaky 1 sm aralyk ýer üstüniň 100 m-ine deňdir.<br>1:5 000 bolanda, kartadaky 1 sm aralyk ýer üstüniň 50 m-ine deňdir.<br>1:2 000 bolanda, kartadaky 1 sm aralyk ýer üstüniň 20 m-ine deňdir. |

**Kazarma,** *r.* – umumy ýaşaýyş jaýynyň bir görnüşi. ◊ Tallykazarma.

**Keçje –** “ters” manysynda. *ser.* Tersakan. ◊ Keçjeakan.

**Kekeç –** dag gerişleriniň üstüniň çil bolup gidýän ýerleri.

**Kel** – *ser.* Kaşga. ◊ Kelçäge, Kelbaýyr, Kelbelen, Keljenäz, Kelhowuz.

**Keleme –** dört suw, ýagny 12 sagatlyk suw nobady (Ahal, Mary). ◊ Kyrkkeleme.

**Kelet,** *p.* – dagyň belent, çykmasy kyn ýerindäki gala. ◊ Kelet, Keletgaýa, Keletdag.

**Kelete,** *p.* – **1.** *ser.* Kelet. **2.** Obajyk, kiçi oba. ◊ Kelete.

**Kelezaw** [keleza:w], *p.* – has belent gaýaly, uçut, çykmasy kyn zaw. ◊ *Kelezaw agzynda çaşyryp läşin* (“Gül-Bilbil”).

**Kelkör** [kelkö:r] – güýçli ýel, harasat, tupan. ◊ Kelkör şorlugy.

**Kelte – 1.** Uzalyp gidýän zadyň (ýabyň, gerşiň, baýryň…) gysgasy. ◊ Keltearyk, Kelteminar, Kelteözek, Kelteýap, Kelteşor. **2.** Çuň däl, ýüzleý (guýy, çukur we ş.m.). ◊ Kelteberen, Keltebeden, Kelteguýy, Kelteköw.

**Kelte çarwa –** etekgumda oturyp, hem çarwaçylyk, hem ekerançylyk bilen meşgullanýan obalar (Ahal). Olaryň beýleki atlary: *ýarym çarwa, çomry çarwa, gum çarwa.*

**Kem,** *kön.s.* – **1.** Derýa (Ýeniseý derýasyna-da gadymy türkler Kem diýipdirler). **2.** Dere, jülge, agyz (Murzaýew). ◊ Arslankem. **3.** Örküç (Radlow). **4.** Uzyn gerşiň böwsülen (kemtik) ýeri (Täjigistan türkm.). ◊ Derwezekem.

**Kemen,** *p.* – gaşy, ýaýy ýada salýan egri depeler, baýyrlar, gerişler. ◊ Kemen, Kemendere.

**Kemer,** *p.* – **1.** Gaýaly daglaryň gurşawy, bili, dagyň üstüne aýlaw-aýlaw bolup çykýan ýol. ◊ Akkemer, Garakemer, Kemerguýy. **2.** Çukur.

**Kemtik,** *ýerli g.* – *ser.* Gädik.

**Ken –** oba, şäher (Kaşg.). *ser.* Kent.

**Kenar** [kena:r], *p.* – deňziň, kölüň, derýanyň erňegi, gyrasy, ýakasy, olaryň suw giňişliginiň gury ýer bilen galtaşýan ýeri. ◊ Kenar.

**Kenarýaka adalar** [kena:rýaka a:dalar] – deňziň kenaryna ýakyn ýerde ýerleşýän adalar.

**Kenarýaka suwlar** [kena:rýaka…] – deňziň kenaryna ýakyn suwlar.

**Kent,** *sogd.* – **1.** Oba, şäher, gala. ◊ Bedirkent. **2.** *ýerli g.:* Oazis, derýanyň ýakasy (ärs.). ◊ Kentaryk. **3.** Suwly ýer. ◊ Kent.

**Kepir –** duz, şor; ýüzüne ak şor çykan, kepirlän ýer. ◊ Kepirli (zeýkeş).

**Kert –** dagyň ýa-da kenaryň eňňit gyrasy, dik erňegi. ◊ Kertguýy, Kertliköw, Kertliçuňňul, Kertýaka.

**Kertik –** *ser.* Kert. ◊ Dagyň gädigi.

**Kerwengyran,** *p.-t.* – daň ýyldyzyndan birki sagat öň dogýan ýyldyz, Zöhre ýyldyzy.

**Kerwensaraý,** *p.* – kerwenleriň düşläp, dem-dynç alyp geçýän ýeri, myhmanhanasy. Oňa *rabat* hem diýilýär.

**Kerwen ýoly** […ýo:ly], *kön.s.* – geçmişde kerwenleriň gatnan ýeri.

**Kese –** özüne meňzeş beýleki ýerleriň ugruna däl-de, olardan has tapawutly ýerleşen ýerler. ◊ Kesearkaç, Kesebil, Keseburun, Kesegorp, Keseguýy, Kesegyr, Kesemeýdan, Keseçäge, Keseýap, Keseýatan.

**Kesgi –** ada bilen gury ýeriň (materigiň) arasyny bölýän insizje suw ýoly. ◊ Kesgi.

**Kesik –** geçelgesi, gädigi bolan uzyn geriş, dag, baýyr; arasy bölünen suw ýoly, jar; suwuň böwsüp gidýän raýyşy, gaçysy. ◊ Kesikburun, Kesikgala, Kesikminara, Kesikçäge, Kiçikesik.

**Kesir,** *a.* – köşk, gala. ◊ Könekesir.

**Kesmer –** *ser.* Kesik. ◊ Dagyň kesmeri.

**Keş,** *p.* – hatara ekilen medeni ekinleriň arasyna suw goýbermek üçin çekilen ýapjagaz, joýa, emeli suwaryş ýolunyň iň kiçisi (Penjiýew). Oňa gökleňler *izan*, Jylyköl türkmenleri hem *äget* diýýärler.

**Keşwer,** *p.* – ýurt, Watan, ülke. ◊ *Begleri keşweriň şahy* ("Gül-Senuber").

**Ket, kät,** *Hindi-Ýewropa diller topary* – **1.** Şäher, gala. ◊ Ketli, Kät, Nöküs. **2.** Oba. ◊ Kethuda ("Oba hojaýyny").

**Ketde** – **1.** Uly. **2.** Goşa ýer-ýurtlaryň ulusy (“uly” manyda). ◊ Ketdegalak, Ketde Gulançy, Ketdegyzyl, Ketdedeger, Ketdejeňňel, Ketdekaňşar, Ketdeköl, Ketdesyýa, Ketdeşor.

**Ketek** – haýwanlaryň ýaşaýan jayy, bolýan ýeri. ◊ Syrtlanketek, Ketekli.

**Käbe** [kä:be], *a.* – **1**. Mekgedäki dörtburç jaý. **2**. Arzyly, iň mukaddes ýer, jaý.

**Käl** [kä:l] – tebigy oý ýer, ýapgyt kenarly çuň bolmadyk jar, gysgarak gury çaý. ◊ Käl, Kälajy, Kälçe, Garakäl.

**Kän** [kä:n], *p.* – gazylyp alynýan (alynmaly) baýlygy bolan ýer, tebigy ýerasty baýlyk, genç, hazyna. ◊ Zümkän, Çeleken, Garryken, Arslankän, Duzkän.

**Käriz** [kä:riz], *p*. – dag eteklerinde, ýapgyt baýyrlarda ýerasty suwlary almak üçin gazylýan guýularyň hatary (Köpetdag). ◊ Käriz, Kärizek, Könekäriz, Garrykäriz, Hankäriz.

**Kät** [kä:t] – *ser*. Ket. ◊ Kät.

**Kiçi-çille** – *ser*. Çille.

**Kindik** – **1**. *ser*. Göbek. ◊ Kindikli. **2**. Merkez, näme-de bolsa bir zadyň ortasy (Attuhfatuz). **3**. Kölüň içindäki dik depe.

**Kirşen** – **1**. Tozan, çaň. **2**. Topursow meýdan. ◊ Kirşenoý.

**Kirşen ýer** – toýun gatyşygy az bolan çägesöw ýer (Penjiýew).

**Kody, kudy**, *kön.s*. – *ser*. Kuýy.

**Kollektor**, *lat*. – kiçi zeýkeşleriň goşulyşyp emele getirýän uly zeýakabasy. ◊ Dostluk kollektory, zeýakabasy.

**Koloniýa**, *lat*. – **1.** Özbaşdaklygyny ýitirip, haýsydyr bir ýurda garaşly bolan ýurt, ülke. *ser*. Bakna ýurt. **2.** Haýwanlaryň (guşlaryň, gemrijileriň) ýaşaýyş toparlary.

**Koordinatlar**, *lat*.- haýsydyr bir nokadyň ýer üstündäki ýerleşen ýerini kesgitleýän ululyklar (uzaklyk we giňlik).

**Kotan** – agyl, mal gabalýan ýer (Köýtendag). ◊ Akkotan, Gapkotan, Jarkotan.

**Kowçum** – topar, topbak, birnäçe. ◊ Kowçum-kowçum köl.

**Köçe** – **1**. Oba we şäherlerdäki hatar jaýlaryň arasyndan geçýän ýol. **2**. Ýol, ýoda. **3.** Uzalyp gidýän çäge massiwi. ◊ Köçeara, Köçegum, Köçegüzer.

**Köçebag** [köçeba:g] – köçäniň iki gyrasyna ekilen daragtlar, agaçlar.

**Köküz** – **1.** Açyk deňiz, ýel bolanda suwuň güwläp, pagşyldap duran ýeri. **2**. Gamyşdyr ot – çöpli deňiz kenary. ◊ *Köküz ýerler çemenleriň gulan biler* (Gorkut ata).

**Köl** [kö:l] – **1**. Suwy hiç ýere akmaýan suw ýatagy, gury ýeriň oýluk, çöket ýerlerinde dörän tebigy suw howdany. ◊ Ketdeköl, Çuňköl, Garaköl, Porsugöl. **2**. Ekin meýdany (Astr.).

**Kölap** [kö:la:p], *täj*. – batgalyk ýer, derýanyň gamyşly pes kenary, *saz* (Jylyköl türkmenleri). ◊ Täjigistandaky Kölap wel.

**Kölçe** [kö:lçe] – **1**. Kiçi köl. **2**. Suwa ýakmak üçin çillenip, böleklere bölünen atyzyň bir bölegi, peli. **3**. Kiçi atyz.

**Kölege** – dagyň, depäniň, belentligiň gün düşmeýän tarapy, demirgazyk-günbatary.

**Kölek-kölen,** *p*. – **1**. Tolkun, gom (Amyderýa). *Kölekde kädi münen ýaly*. **2**. Deňizde özüni kenara urýan tolkunlar. **3**. Deňiz gaýy.

**Köllük** [kö:llük] – kölüň köp ýeri.

**Kölün** [kö:lün] – ýata suw (Kaşg.).

**Kölýeri** [köl:ýeri] – güýz-gyş aýlarynda artykmaç suwuň boş ýerlere akdyrylmagy netijesinde emele gelýän yzgarly oýlar. Olara, köplenç, bakja ekilýär (Penjiýew, 1993).

**Kömür, kömürli** – **1**. Öň kömür taýýarlanylan odunly gumlar. ◊ Kömürli, Kömürgömüldi, Kömürçi. **2**. Gara toprakly ýerler. ◊ Kömürdepe. **3**. Daşkömür alnan ýa-da kömri bar bolan depeler (Balkan wel.) ◊ Kömürlidepe, Kömürligyr.

**Köndeleň**, *özb*. – kese; ýoluň, akymyň öňüne böwet bolup duran dag, depe, uly daş. ◊ Köndeleň, Köndeleňli Çarşaňňy, Köndeleňdag, Kündelan.

**Köne** [kö:ne] – **1**. Taşlanan suwsuz ýaplar. ◊ Galtamanköne. **2.** Derýanyň çaýlymdaky köne ugurlary, hanalary. **3**. Öňli-soňly dörän iki desganyň öňküsi. ◊ Könearyk, Könebazar, Köne Börme, Könegala, Köne Gulançy, Könederýa, Könegümmez, Köne Kaka, Könekesir, Köne Madaw, Köne Nusaý, Köneürgenç.

**Köpjek** – iki tarapy boglup edilýän ýassygy (köpjegi) ýada salýan depeler. ◊ Köpjek, Köpjekdepe.

**Köpri** – **1**. Derýanyň, demir ýoluň, ýabyň we ş.m. üstünden öt-geç üçin gurulýan desga, geçelge. ◊ Daşköpri, Goçgarköpri, Öwşükköpri. **2**. Gämileriň ýanalmagy, ýolagçylary mündürip-düşürmek, ýük ýüklemek we düşürmek üçin kenar ýakasynda bina edilýän desga.

**Kör** [kö:r] – **1**. *ser.* Köre. **2**. Az suwly guýular, çeşmeler.

**Körçeşme** [kö:rçeşme] – gözi bitişen, suwy az berýän çeşmeler.

**Köre** [kö:re] – derýadan baş alyp, aýagy derýa guýmaýan arnalar. Olara götdin hem diýilýär.

**Köremek** [kö:remek] – çeşmeleriň, bulaklaryň, guýularyň suw gelýän gözleriniň dykylmagy netijesinde olaryň suwunyň azalmagy.

**Körguýy** [kö:rguýy] – **1**. Suwy az guýy. **2**. Käriziň gömlen, hatardan çykan guýusy.

**Köşk**. *p*. – **1**. Döwlet häkiminiň bolýan, işleýän kaşaň jaýy. ◊ Prezident köşgi. **2**. Özüniň gurluşy, arhitekturasy babatda adaty jaýlardan tapawutly bolan jaý. ◊ Köşk, Köşkgala, Guşgy.

**Kötel**, *p*. – **1**. Ýoluň barha ýokary galyp gidýän ýeri. **2**.Belent dagyň üstünden aşalga. **3**. Dik depe, eňňit. ◊ Bäşkötel, Gönkötel, Kerimkötel, Sarykötel.

**Köw** – **1**. Köwlen ýer, oý, oýtak, suw giden giň ýer. ◊ Maşatköw (Tejen). **2**. Gumuň goly, oý ýer. ◊ Basmaçyköw. **3**. Dagüsti düzlük, iki gerşiň arasyndaky düzlük, düme (arpa-bugdaý ekilýän) ýer (Garrygala). ◊ Balaklyköw, Üçköw. **4**. Girdap (Etrek). **5**. Dagyň gowagy. ◊ Köwata. **6**. Howdan, basseýn (Murgap oazisi). ◊ Egriköw. **7**. Derýanyň köwlän ýeri, onuň akan ugrunda köl bolup ýatan ýer (Ýolöten). ◊ Galalyköw. **8**. Pars dilindäki kuh (“dag”) sözüniň türkmençeleşdirilen görnüşi. ◊ Marköw, Zarynköw, Zireköw.

**Köwek** – bir zadyň oý ýeri, çukur ýer, uly deşik, oýuk, gowak.

**Köwere** – küýze, toýundan ýasalýan daş gap ýaly zatlaryň bişirilýän peji, küre.

**Köwlempe** – *ser*. Girdap.

**Köwli**, *kön.s*. – derýanyň deňze ýa-da başga bir derýa guýýan ýeri (Kaşg.).

**Köwsar** [köwsa:r] – öwsüp düşýän şemal, aýlanyp urýan ýel.

**Köwük, köwek** – köwlen, oýulan, gazylan ýer, tebigy ýol bilen dörän boşluk, gowak.

**Köý** [kö:ý], *p., kön.s*. – **1**. Köçe, kwartal. **2**. Oba, şäher. **3**. Uly geçelge.

**Krater**, *ýun*. – gaýnagyň (wulkanyň) depesinde gyzgyn läbigiň atylyp çykýan ýeri, agzy.

**Kuguş**, *kön. s*. – suw ýoly, ternaw (Kaşg.).

**Kuh,** *p*. – dag. ◊ Köýten, Diwanaköw, Marköw.

**Kuhistan** [kuhista:n], *p*. – daglyk, dagystan.

**Kurort**, *nem*. – saglyk bejerdilýän ýer; kesel bejermek we dynç almak üçin tebigy mümkinçilikler: şypaly suwy, palçygy, klimatik şertleri we ş.m. bolan ýer.

**Kurum** – gaýa, uly daşlaryň üýşen ýeri (Kaşg.). *ser.* Gorum.

**Kuýaş – 1**. Gün; Günüň şöhlesi. **2**. Jokrama yssy (Kaşg.).

**Kuýy** – aşak tarap, günbatar (Farap sebitleri). ◊ Kuýyaryk, Kuýymugal.

**Kükrek** – *ser*. Döş. ◊ Kükrek.

**Kükürt** – **1.** Kükürtli suwy bolan çeşmeler. ◊ Kükürtli çeşmesi. **2**. Kükürt alynýan ýa-da kükürdi bar bolan depeler, ýerler. ◊ Kükürt, Kükürtje, Kükürt zawody, Kükürtli, Kükürtlibil, Kükürtliýol, Gowurdak (Kükürtdag).

**Kül – 1**. Küljümek topragy bolan ýer. ◊ Küldepe, Külli, Küllüdepe, Küllüje. **2**. Kül dökülen ýerler. **3.** Kül reňkli çägeler we owranýan, ýumşak, dag jynslary.

**Küme** – **1**. Dagyň, ýapynyň kümä meňzeş ýerleri. ◊ Kümelidepe, Kümeliolum, Kümedag. **2**. Küme edilen ýer. ◊ Kümeli, Kümeliolum, Kümeliýatak.

**Kümmet** – gümmez sözüniň asyl görnüşi. ◊ Kümmetli, Hojakümmet.

**Kümmetliýaýla** [kümmetliýa:ýla] – Ahalda dagetek düzlükleriniň gum bilen sepleşen ýerlerinde däne ekilýän meýdan (kölegelär ýaly telär ýa-da çärdek edilenligi üçin, olara şeýle at berlipdir).

**Künç** – *ser*. Künjek.

**Künjek**, *p*. – uzalyp gidýän iki gerşiň, baýryň, dagyň birigip emele getirýän burçy, çüňki. ◊ Künjek.

**Küňre**, *p*. – küňreleri (goranyş diňleri) bolan galalar, howlular; şol küňreleri ýada salýan tebigy diňleri bolan dag depeleri. ◊ Küňreli.

**Küp** – Köpetdagyň ýalçy daşly depelerinde suwuň köwüp emele getirýän çukurlary. Olar gatyk ýaýylýan güpüni (küpi, ýagny aşagy-ýokarsy deň giňlikde bejerilen daş gaby) ýada salýarlar. Kaşgarly *küp* sözüni “küýze” manysynda ulanypdyr. ◊ Küýzeküp, Küplidere, Akküp, Garaküp, Altmyşküp.

**Küpe** – dagyň, gerşiň üsti.

**Küpürsek** - küpürsäp ýatan ekilmedik ýer. ◊ *Ser meýdanymyz dälmikä, şor, küpürsek, Ekip hasyl alarmykak bol ondan?* (P. Ora-zow).

**Küre**, *p*. – **1.** Kerpiç we palçyk gap-gaçlaryň bişirilýän peji, humdan. ◊ Küreli, Küreliajy, Kürelidepe, Kürelioý. **2**. *a*. – Togalak; *küre-ýi arz*-Ýer togalagy.

**Küren** – hatar. ◊ Kürendag; küren oba.

**Kütki**, *kön.s*. – kiçijik depe (Kaşg.).

**Kwartal**, *lat*. – mähelle, şäheriň iki köçesiniň aralygyndaky jaýlar toplumy.

**Kybla***,* *a*. – ileri, günorta-günbatar tarap (namaz kybla – Käbä tarap garalyp okalýar). ◊ Kybla Garamazy.

**Kyblanama** [kyblana:ma], *a.-p*. – kompas, gözýetimiň taraplaryny bildirýän abzal.

**Kybla ýel** – günorta-günbatar tarapdan öwüsýän ýel.

**Kyrkçille**, *t.-p*. – gyşyň iň sowuk döwri, gyşyň örküji. Ol uly we kiçi çilleden ybaratdyr. *ser*. Çille.

**Kyýamat** [kyýa:mat], *a*. – göçme manyda: çykmasy kyn dag, geçmesi güzaply ýol. ◊ Kyýamatdag.

## – L –

**Lager**, *nem*. – meýdanda, tokaýda, daglyk ýerlerde wagtlaýyn ýaşamak üçin duralga, düşelge.

**Lagym** – gaýanyň, gyryň beýleki tarapyna derýanyň suwuny geçirmek üçin gazylan ýerasty suwötük (Farap etraby). Uzyn lagymlary gazmagy, arassalamagy, gumuny çekip almagy ýeňilleşdirmek üçin, onuň bir ýa-da birnäçe ýerinden dikligine edil käriz guýulary ýaly deşik (tüm) edilýär. ◊ Lagym. Ýene-de *ser*. Nagym.

**Lalmi** – *ser*. Lälim.

**Landşaft**, *nem*. – ýer üstüniň umumy keşbi.

**Lar** [la:r] – **1**. Üstünden suw akýan oý, köl, suw ýatak (dg. ýom.). ◊ Lar. **2**. Ýagyş suwuny ýygnamak üçin bejerilen sement çukur (*gb. ýom*., oňa *çan* hem diýilýär). **3**.Balyk duzlamak üçin ulanylýan agzy açyk çelek (Hazar kenary). **4**. Suwly oý, köl (Penjiýew).

**Lawa**, *it.* – wulkan atylanda çogup çykýan gyzgyn suwuk läbik, ergin ýa-da suwuk halyndaky maddalar.

**Laý** [la:ý], *p.* – palçyk, läbik; gyrmança. ◊ Gyzyllaý, Laýkak, Laýlyiýşme, Laýhana.

**Laýka** suw [la:ýka…] – bulanyk mele suw.

**Leb**, *p.* – kenar, derýanyň ýakasy.

**Lebap** [leba:p], *p.* – suwuň ýakasy, derýanyň kenary. ◊ Lebap; *Leb "ýakadyr", ab-da – "suw". Amyderýaň boýy bu* (R. Seýidow).

**Lemmer** – kenara urup, yzyna serpilýän tolkun.

**Lälezar** [lä:leza:r], *p.* – gyzyl gülüň köp biten ýeri.

**Lälim, lällim** [lä:lim], *täj.* – düme, suwarylman, ýagyş suwuna ekilýän ekin. ◊ Leýlimken.

**Lotok** – ýaplaryň üstünden suw geçirmek üçin ýörite oturdylan demir-beton nowalar. Ekerançylar tarapyndan gepleşikde ulanylýar.

**Lüň** – gum ýa-da daş üýşürilip edilýän serhet belligi. ◊ *Lüň basmak* (A. Gowşudow).

## – M –

**Magallak** – **1**. Köpçülige, mähellä degişli bolan ortalyk ýer (Tejende onuň ikinji ady *patyşalyk*). ◊ Magallak, Magallakkanal, magallak ýer. **2**. *kön.s*. Beýik ýer, belentlik.

**Magdan** [magda:n], *a.* – **1**. Düzüminde metallar, metala meňzeş jisimler ýa-da gazylyp alynýan peýdaly minerallar bolan närseler, dag jisimleri. **2**. Magdan gazylyp alynýan känler. ◊ Magdanly.

**Magrybystan** [Magry:bysta:n], *a.-p.* – günbatar, günbatardaky ýurtlar. ◊ *Şäherler hatar-hatar, Magrybystana sary* (Magt.). Häzirki döwürde olar 2 topara bölünýär: 1) Magrybyň hut özi. Oňa Demirgazyk Afrikada Liwandan günbatarda ýerleşen ýurtlar - Tunis, Alžir, Marokko degişli; 2) Uly Magryp ýa-da Arap Günbatary. Oňa Liwiýa, Mawritaniýa we Günbatar Sahara degişli (ГЭС, 1989. Sah. 293).

**Magryp** [magry:p], *a.* – günbatar, aşak tarap. ◊ *Magrypdan maşryga dünýäniň ýüzi* (Magt.).

**Majar ýer** – ekerançylyk üçin ýaramsyz büdür-südür, belentli-pesli ýer. (*sar.*; Penjiýew).

**Malhana** [ma:lha:na], *a.-p.* – mal saklanylýan, gabalýan jaý, agyl.

**Mamaçömmük** [ma:maçömmük], *ýerli g.* – *ser.* Girdap, Jaglak (far.).

**Mamagaldyrak** [ma:magaldyrak], *ýerli g.* – gök gürlemesi (far.).

**Manzar**, *a.* – peýzaž, tebigatyň görnüşi.

**Maň**, *kön.s.* – **1.** Töweregi gurşalan, daşyna berkitme, haýat aýlanan (gala). ◊ Maňgyr, Maňgyrgala, Maňgyrçardere, Maňgyşlak, Maňsuw. **2.** Dört ýaşyndaky goýun (goç).

**Maňlaý** – näme-de bolsa bir zadyň öň, alyn tarapy, ýüzi. Käbir şiwelerde *gündogary* aňladýar.

**Margyz**, *a.-t.* – ene ýap, uly akaba. ◊ Margyz.

**Margzar** [margza:r], *p.* – çemenlik, otluk meýdan.

**Marşrut**, *nem.* – ýoluň, gidiljek ugruň öňünden düzülen taslamasy. Syýahatçylar, ylmy işgärler, tebigatçylar tarapyndan ulanylýan adalga.

**Massiw,** *fr.* – geografik alamatlary boýunça meňzeşräk bolan ginişlikler. ◊ Dag massiwi, tarp ýerler massiwi, tokaý massiwi. Hojaýap çäge massiwi, Çalyş çäge massiwi, Serdargum çäge massiwi, Gulbukan çäge massiwi, Sakarçäge massiwi. Ekerançylyk üçin täze ginden özleşbirilen meýdanlar.

**Maşdak,** *ýerli g.* – kelte, gysga; peslik, aşak (Stawr.). ◊ Maşdakgulak.

**Maşryk,** *a.* – **1.** Gündogar; ýokary tarap. ◊ Maşryk urugy. **2.** Häzirki döwürde kiçi sebitiň başgaça ady manydaş adalga – Arap Gündogary. Oňa Iordaniýa, Yrak, Liwan, Siriýa we Iordan derýasynyň Günbatar kenary we Gaza bölegi degişlidir (ГП, 2000).

**Maşynkanal,** *lat.* – suwy nasos bilen ýokary göterilip goýberilýän uly emeli akarlar.

**Maşynýap** [maşynýa:p], *lat.* – suwy nasos bilen çykarylýan kiçi emeli akarlar.

**Materik,** *lat.* – kontinent; Ýer gabygynyň esasy bölegi Dünýä okeanyndan ýokary çykyp, çet gyralary ondan aşakda ýerleşýän ýer gabygynyň iri bölegi. Häzirki geologik döwürde alty sany M. bar: Ýewraziýa, D.g. Amerika, G.o. Amerika, Afrika, Awstraliýa, Antarktida..

**Maý** [ma:ý], *lat.* – **1.** Aý. **2.** "Suw", ýagny bol suwly ýer, ýap, köl (Daşoguz wel.). ◊ Maýlyjeňňel, Maýlyözek, Maýlyçuňňul, Maýhor. **3.** *t.* – "ýag", ýagny ýagjaryp duran ýer, gum. ◊ Maýdökülen.

**Maýak –** gämiden kenaryň ýa-da deňziň haýsy ýeridigini̇ň bilinmegi üçin görnükli ýerlerde goýulýan çyraly diňler, gatnaw bellikleri, çelgileri.

**Maýyl –** ýyly howa.

**Medeni zona,** *a.-ýun.* – çöl-beýewan däl-de, özleşdirilen, ekin, bag-bakja ekilýän ýerler, oazis.

**Mekan** [meka:n], *a.* – menzil, mesgen, ýurt. ◊ Mekan.

**Mellek –** hojalyga ýa-da aýry-aýry adamlara öz hususy bähbitleri üçin peýdalanar ýaly döwlet ýerinden belli bir mukdarda bölünip berlen ýer, mülk. Rewolýusiýadan öň hem Durun pristawlygynda hojalyklaryň howlularynda bag-bakja ekýän ýerlerine *mellek* diýlipdir.

**Memleket,** *a.* – ýurt, ülke. ◊ *Seni söýse il-memleket, Hiç egsilmez şatlygym* (Ýunus Emre).

**Menzilgäh** [menzilgä:h], *a.-p.* – **1.** Durulýan ýer, duralga. ◊ *Bilbil uçup menzilgähim çöl boldy* ("Saýatly-Hemra"). **2.** Gabrystan. ◊ *Ýyglaşyp elterler menzilgähine* (Zynhary).

**Menzil-mekan** – *ser.* Mekan.

**Menzil, mezil,** *a.* – **1.** Öý, jaý, mesgen; düşelge; orta hasap bilen ýarym günlük ýola barabar bolan uzynlyk ölçegi; ýük ýazdyrma aralygy, geçim. ◊ *Gitme, gitme, balam, menziliň daşdyr* ("Saýatly-Hemra"). **2.** Demir ýol stansiýasy hökmünde hem ulanylýar. Meselem, Aşgabat – Garagum – Daşoguz demir ýolundaky «Altyn menzil» stansiýasy. *Ser*. Beket.

**Meridian,** *lat.* – Ýeriň iki polýusynyň üstünden geçýän aýlaw çyzyk. Ýeriň geografik polýuslarynyň üstünden geçýän meridiana *geografik* ýa-da *hakyky meridian*, magnit polýuslarynyň üstünden geçýän meridiana *magnit meridiany*, kompasyň ugruna (D.g. – G.o.) gabat gelýän meridiana *kompas meridiany* diýilýär.

**Merkez,** *a.* – **1.** Ýurduň, welaýatyň, etrabyň baş şäheri, paýtagty. **2.** Näme-de bolsa, bir zadyň, tebigy ýa-da emeli desganyň ortasy. ◊ Şäheriň merkezi.

**Mertebe,** *a.* – gat, gatbar (jaý, dag gaýalary we ş.m.).

**Merz,** *p.* – **1.** Ýere suw tutulanda, suw çykman galan bölek belent ýer. ◊ *Şu giň meýdanyň orta gürpünde bir beýik depä meňzeş merz bolup duran köne gala seňňerläp otyrdy* (A. Gowşudow. Perman). **2.** Oturmak üçin edilen sypa, seki. **3.** Serhet, araçäk; araçäge çekilen çil, haýat, diwar. ◊ Merz. **4.** Ýer, ýurt, çäk. **5.** Gaçy.

**Mesene** – **1.** Suw degirmeniniň çarhyny herekete getirýän, suwy ýokarrakdan indermek üçin beýgeldilen ýap. ◊ Mesenäniň suwuny sowmak (ýagny, çarha gelýän suwy başga ugra akdyrmak). **2.** Ýapylaryň ýüzünden göterilip çekilen götermeýap (*gök.;* Penjiýew). **3.** Uly ýaplaryň, şonuň ýaly-da Sumbar derýasynyň üstünden ternaw (lotok) arkaly geçirilen ýaplar, çeşme suwlary (*gök.*; Penjiýew).

**Mesgen,** *a.* – ýaşalýan ýer, mekan.

**Mes toprakly ýer –** ekinleriň we dürli ösümlikleriň ýokumly maddalara hem-de suwa bolan talabyny doly ödeýän ýer.

**Meteostansiýa,** meteorologik beket – stansiýa, *ýun.-lat.* – atmosferanyň ýagdaýyna yzygider gözegçilik edýän edara, şol edaranyň ýerleşýän ýeri.

**Metjit** [metji:t], *a.* – üýşülip namaz okalýan, ybadat edilýän jaý. Asly “sejde edilýän” manysyndaky “mesjed” sözünden. ◊ Metjitli, Metjitlioba, Akmetjit.

**Metropoliýa,** *ýun.* – koloniýalary bolan imperialistik döwlet.

**Meýdan** [meýda:n], *a.* – **1.** Çäk (administratiw) birlikleriň (döwletiň, welaýatyň, etrabyň, obanyň…) tutýan ýeri, çägi, çygry, aýtymy. **2.** Giňişlik. ◊ Akmeýdan, Durnalymeýdan, Dälimeýdan. **3.** Atyz, ekişe taýýar edilen ýer. ◊ Kesemeýdan, Sarymeýdan,

8.

Tutlymeýdan. **4.** Dagyň, gyrlaryň üstündäki tekiz, açyk ýerler. ◊ Meýdan.

**Meýdança** [meýda:nça], *a.-t.-* **1.** Kiçiräk meýdanlar. **2.** Şäher aýmançalary.

**Meýhen,** *p.* – Watan, ýurt, mesgen. ◊ Meýhene, Mäne.

**Meýim, meýimli** – üzümli, dalbarly ýer (Köpetdag). ◊ Meýimlije, Büzmeýin, Melli, Mellidere.

**Meýle,** *ýerli g.* – keşlere suw bermek üçin atyzyň içine çekilýän okjoýalar (*hat.*).

**Mezil** – *ser.* Menzil.

**Mähelle,** *a.* – şäheriň, obanyň bir bölegi, kwartal. ◊ Türkmengüzer ýa-da Türkmenmähelle (Samarkant şäheri). *Hatda bir uly şäheriň aýry-aýry mähelleleriniň ..., gepleşikleriniň tapawudyny agzap oturmak gerek hem däl* ("Ýaşlyk". 1991. № 11. Sah. 7).

**Mikroraýon,** *ýun.* – şäherde ýaşaýyş jaý, hojalyk we beýleki babatlarda belli bir çäk birligi emele getirýän kiçi bölüg, bölek.

**Milady** [mila:dy], *a.* – hristianlaryň ýyl hasaby, häzirki ulanylýan kalendar. Asly *weladet* ("doglan") sözünden, çünki ol hezreti Isa pygamberiň doglan gününden başlanýar.

**Minara** [mina:ra], *a.* – töweregindäki ähli binalardan ýokary saýlanyp duran arhitektura desgasy, diň. ◊ Minara, Kelteminar, Kelteminara, Kesikminara.

**Miýana** [miýa:na], *p.* – orta, aralyk, ýoluň ýa-da iki nokadyň arasy, orta gürpi. ◊ Miýana, Miýankäl.

**Mizan** [mi:za:n], *a.* – **1.** Gije bilen gündiziň deňleşýän wagty, sentýabr aýynyň 22-siniň gijesi (*mizan* sözüniň manysy "terezi"). **2.** Şemsi kalendarynyň 7-nji aýy, güýzüň başky aýy. **3.** Ýyldyz ady.

**Mor, mor ýer** [mo:r] - **1.** Ýabyň, jaryň bir ýakasyny eýeleýän tutuş, uly ekerançylyk ýer (*sar.*; Penjiýew). **2.** Hek, hekli ýer (mor) bor "hek" diýmekdir. ◊ Mor, Morly.

**Möhlet,** *a.* - belli bir wagt aralygy, wagt, pursat, müddet.

**Möwç urmak -** tolkun atmak, joşmak, daşmak.

**Möwrit** [möwri:t], *a.* - döwür, zaman, wagt, müddet.

**Möwsüm,** *a.* - belli bir wagt, pasyl, döwür.

**Munduz -** dagdan inýän güýçli sil (“Kutadgu-bilig”, ДТС).

**Muýanlyk -** suwhana, howdan (Kaşg.).

**Müçe -** gadymy ýyl hasaby boýunça dürli haýwanlaryň ady bilen bellenýän on iki ýyllyk toplum. *ser.* Müçe ýyl hasaby.

**Müçe ýyl hasaby -** her 12 ýyldan gaýtalanyp duran kalendar (onuň ikinji ady: çarwa hasaby). Her ýyla bir haýwanyň (jemi 12 haýwanyň) ady dakylypdyr. Olaryň atlaryny we tertibini bilmek üçin, şu iki setir goşgyny ýatda saklamak ýeterlikdir: *Ýyl başy syçan, sygyr, bars, towşan, luw, ýylan, ýylky, koý, bijin, takyk, it, doňuz - boldy tamam.*

**Müger, müner,** *kön.s.* - çeşme, bulak, suw gözi (Kaşg.). ◊ Dälimüger, Tekemüger.

**Mülk,** *a.* - **1.** Ýurt, ülke. **2.** Mülk edilip berlen ýer, meýdan. ◊ Mülkbagşy, Mülkburkaz, Mülkbükri, Mülkdäli, Mülküçurug, Mülkýazy.

**Müner - 1.** *ser.* Müger. ◊ Müňer, Aýakmüňer, Başmüňer. **2.** Suw ýygnanýan köw, oý, gowak (Borjakow).

**Müňüş, müňňüş -** gizlin ýer, pynhan çüňk (Radlow). ◊ Garamüňňüş.

**Mürçel - 1.** Galalaryň, howlularyň burçlarynyň üstünde edilen uly küňreler. ◊ Mürçel. **2.** Howp abananda suw goýbermek üçin, galanyň töweregini gurşap alan garym (Radlow).

**Müddet,** *a.* - wagt, zaman, döwür, pursat.

## – N –

**Nagym** – tümeý, lagym, suw getirmek ýa-da buky üçin gazylan ýerasty garym, tonnel. ◊ Nagymgala. *Ak patyşanyň goşuny galanyň bir tarapyndan nagym gazyp, däri döküp, ýykyp girmek hyýalyna düşüpdir* (A.Gowşudow. Perman).

**Nahr, nähr,** *a.* – derýa, çeşme, bulak, aryk. ◊ Mawerannahr, Nerezim.

**Namazger** [nama:zger], *a., ýerli g. – ser.* Ikindi.

**Namazgä** [nama:zgä:], *a.-p.* – **1.** Namaz okalýan ýer, metjit. **2.** Namaz wagty, ikindi. **3.** Namaz okalanda, ýüzüň tutulýan tarapy, kybla.

**Nasosýap –** suwy nasos bilen ýokary göterilýän ýap. *ser.* Maşynýap.

**Naýzadaş** [naýzada:ş] – dagyň dik çömmegi, çeňňe.

**Nebitdakyl –** dag mumy, ozokerit.

**Nebitötük –** nebit geçýän turba.

**Nemeksar** [nemeksa:r], *p.* – duzly köl, duz käni.

**Näz** [hä:z], *p.* – tolkunyp ýatan, ýeliň ugruna göçüp ýören gyzgylt çägeleriň bir görnüşi. ◊ Näzdepe, Näzlije, Gyzyljanäz.

**Niçge** [ni:çge], *ýerli g. – ser.* Inçe (ärs.). ◊ Niçge, Niçgearyk.

**Nobur** [no:bur] – täze gazylan uly aryk, kanal. ◊ *Mele suw nobury dolabara edip çaýkanyp ýatyrdy* (B. Kerbabaýew. "Aýgytly ädim"); Nobur.

**Nohur,** *a.* – derýa, kanal, akyn, çeşme. ◊ Nohur, Nohurgöwi.

**Nokat,** *a.* – ýurduň, giňişligiň aýratyn bellenýän ýerleri. ◊ Türkmenistanyň iň gündogar nokady Köýtendag etrabynda dagyň *Hezretaksar* diýen gerşi, günorta nokady Serhedabat (Guşgy) şäheriniň ýakynyndaky *Çilduhtar* (Kyrkgyz) dagy, günbatar nokady Garabogazkölüň ýakynyndaky *Söýe burny*, demirgazyk nokady bolsa Köneürgenç sebitlerindäki *Keseklik* diýen ýerdir (A.Lawrow).

**Now,** *p.* – täze, öňli-soňly dörän iki meňzeş mesgeniň soňkusyny bildirýän adalga. ◊ Nowgala.

**Nowakäriz** [nowakä:riz] – nowa depilende, suw alynýan çukur. Oňa ýapdan ýörite sowgut arkaly suw getirilýär.

**Nowbahar,** *p.* – ala ýaz, täze ýaz, ýazyň ýaňy başlanan wagty.

**Nowhana** [nowha:na], *p.* – giň, uly aryk, kanal. ◊ Saýatnowhana.

**Nowruz,** *p.* – Şemsi (şems – "Gün") ýyl hasaby boýunça täze ýylyň ilkinji güni (mart aýynyň 21-i Nowruz baýramydyr).

**Nur** [nu:r], *a.* – **1.** Günüň şöhlesi. **2.** *Göçme manyda* – atmosfera ygallary (esasanam, gurakçylyk wagty ýagýanlary).

## – O –

**Oazis,** *ýun.* – töweregi çöl-beýewan ýa-da sähralyk bilen gurşalan otly-çöpli, bag-bakjaly, suwly ýer. Lebap boýlarynda oňa *kent* diýilýär (*ser.* Kent – 2).

**Oba [**o:ba] – daýhançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanýan ilatyň oturýan ýeri, mekany. ◊ Obagonan, Obaoturan, Täzeoba, Goşaoba.

**Obalyk** [o:balyk] – **1.** Köp oba, küren oba. **2.** Göçüp giden obanyň orny.

**Oblast,** *r.* – *ser.* Welaýat – 2.

**Odunlyk** [o:dunlyk] – odun üçin ulanylýan agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň bol ýeri, ot-çöpli ýer.

**Ogruk,** *kön.s.* – gaňňany, eýeri ýada salýan geriş, baýyr; bil, oňurga (Kaşg.). Bu adalga *oňurga* sözi bilen asyldaşdyr.

**Ogry –** gizlin, pynhan, tapmasy kyn. ◊ Ogruguýma, Ogrudag, Ogrudepe, Ogruýap, Ogurja.

**Ogur,** *kön.s.* – döwlet, ýurt, köşk, dergäh (Kaşg.).

**Ogurja – 1.** *ser.* Ogry. ◊ Ogurja, Ogurjaly. **2.** Demirgazyk-günbatar (tarap); günbatar bilen demirgazyk aralygy. ◊ *Suw ogurja tarapa akýar, suwy şol tarap ogurlaýar* (Ö.Berdimyradow. Çarwa pähimleri).

**Ojak** [o:jak] – **1.** Näme-de bolsa bir zadyň bol ýeri, kän. ◊ Gazojak. **2.** Ojaga meňzeş çukurlar. ◊ Ojakly, Goşaojak. **3.** Önüp-ösen öýüň, dogduk mekan.

**Ok – 1.** Ýeriň iki polýusynyň arasynda Ýer togalagynyň içi bilen geçirilen hyýaly çyzyk. **2.** Suw akýan jar, akyn (Balkan wel.). ◊ Ok, Okly, Erkekliniň oky. **3.** Takyryň pesinde ýerleşen kaklara we çyrla guýularyna ýagyş suwuny akdyrmak üçin gazylan ýapjagazlar.

◊ Oklutakyr. **4.** Atyzyň, ýeriň araçägi, çili (Kaşg.). **5.** *ser.* Okaryk, Okjoýa.

**Okaryk** [oka:ryk] – atyzyň içinden keşleriň ugruna däl-de, keseligine çekilip, olara suw berýän, ekinler suwarylandan soň bolsa bejergi traktorynyň geçmegine päsgel bermez ýaly täzeden tekizlenýän ýaplar, joýalar. Onuň şiwelerdäki atlary: *ok, okýap, okaryk, salma* (Mary), *okbadak* (çow.), *okjoýa, okaryk, tirçe, terezi* (ärs.), *palgar* (Garabekewül, Saýat) we ş.m. (Penjiýew).

**Okbadak – 1.** *ser.* Okaryk (çow). **2.** Salmanyň sakasy (far.).

**Okean,** *ýun.* – iň uly suw giňişligi, dünýä okeanynyň çar tarapy biri-birine baglanyşygy bolmadyk materikler bilen gurşalan iri bölegi. Olar Atlantik, Hindi, Ýuwaş we Demirgazyk Buzluk diýen dört okeandan ybarat.

**Okjoýa** [okjo:ýa], t.-p. – *ser.* Okaryk (ärs.).

**Okrug,** *or.* – *ser.* Bölüg.

**Okýap** [okýa:p] – *ser.* Okaryk (Mary).

**Olug,** *kön.s.* – ternaw, akweduk (Kaşg.). Hytaýdaky salar türkmenleri hem akweduga *olah* diýýärler.

**Olum – 1.** Akynyň, jaryň, umuman, suw ýolunyň geçmek üçin amatly, saý ýeri, geçelgesi. **2.** Güzer, suwlat, ýasga. ◊ Güdürolum, Bäbegolum, Burunolum, Hemzeolum, Igdirolum, Temesolum; *Golun sallap maral gabak periler, Iner olumyndan däli Gürgeniň* (Magt.).

**Omuz –** *ser.* Egin, Gerden. ◊ Dagyň omzy.

**On –** sag tarap (Kaşg.).

**Onur,** *kön.s.* – gowak (Kaşg.).

**Oňurga –** dag gerşiniň, baýryň, alaňyň, gumuň, gyryň üstünden aşmak üçin amatly, bil bolup duran ýeri. ◊ Alyçlygaraoňurga, Oňurga.

**Opgun –** suw joşan döwründe Amyderýanyň esasy akymynyň kenarlaryny ýuwmagy, ýumurmagy, opurmagy, degiş emele getirmegi. Munda güýçli akym kenara urup, onuň aşak gatlagyndaky çägäni ýuwup aýyrýar. Aşagy boşap galan ýokarky gatlak üstündäki ösümlikleri, jaýlary bilen birlikde opurylyp, suwa çümüp gidýär.

Tebigy bela hasaplanýan opgunlar bir gije-gündiziň dowamynda birnäçe ýüz metrden kilometre çenli kenarýaka ýerleri alyp bilýär. Ýene *ser.* Degiş. ◊ *Gemirýär kenaryň ýalmawuz opgun* (Paýzy Oraz).

**Opuk – 1.** Düzlükde ýeriň aşak çöküp, opup emele getirýän çuň we gyralary kert çukury. Ol suwly we suwsuz bolup bilýär. Mahmyt Kaşgarly bu sözi *obry* görnüşinde ulanypdyr. **2.** Dik we belent kenaryň opurylan ýeri.

**Opuryk –** *ser.* Opuk.

**Or** [o:r] – **1.** Çukur, köw, garym. Bu söz *oraça, ury* sözleri bilen asyldaşdyr. ◊ Or, Popuşyň ory. **2.** Händek, galanyň töweregine suw goýbermek üçin edilen çukur; okop. ◊ Urşulanor. **3.** Ekin meýdanlarynyň suw gaçýan pes ýerleri (Penjiýew, 1993).

**Oraça,** *kön.s.* – **1.** Çatma. **2.** Tärimsiz, diňe uklardan dikilen gara öý.

**Oral –** tegelenip, bir zadyň daşyna halka bolup aýlanýan geriş, baýyr, diwar ("oralan" manysynda). ◊ Ural daglarynyň ady şu sözden hasaplanýar.

**Oram,** *kön.s.* – **1.** Ýol, köçe. **2.** Mähelle, kwartal, obanyň, şäheriň bir bölegi (ДТС).

**Oran,** *ýerli g.* – depe, çal, çypar depe; üstünden ýol geçýän belentlik (Balkan wel.). ◊ Oran, Ikilioran, Uly Oran, Kiçi Oran.

**Orda,** *t.-m.* – **1.** Şa köşgi (Kaşg.). **2.** Çingiz hanyň imperiýasy dargandan soň, onuň ornunda emele gelen bölek hanlyklar. **3.** Topar, süri, ýygyn, banda. ◊ *Gelegurtlar ordasy* (A.Gowşudow).

**Ordu – 1.** Topar; urug, oba. ◊ Ordugoja (urug ady).

**2.** Orda ýa-da ordu – goşunyň durýan ýeri; şäher. **3.** Patyşanyň bolýan ýeri, paýtagt (Kaşg.). **4.** Haýwanlaryň hini. **5.** Göçme ilatyň düşleghanasy (Kaşg.).

**Ordugäh** [ordugä:h], *t.-p.* – toparyň, urugyň düşleghanasy, wagtlaýyn ýaşaýan ýeri.

**Orfa –** *ser.* Orpa. ◊ Ajyorfa, Garryorfa, Goňurorfa, Ilamanorfa.

**Orman –** tokaý, agaçly, daragtly ýer. ◊ Orman, Ormanýer.

**Orpa – 1.** Suw ýygnamak üçin gazylýan agzy giň çukurlar, kak (Balkan wel. Köplenç, *orfa* ýaly aýdylýar). Bu adalga or (“çukur”) sözi bilen asyldaşdyr. ◊ Köporpa. **2.** Suwy çuňda däl, pes guýy (Maňg.). ◊ Agorpa. **3.** Suwy az guýy, körguýy (Kaşgaderýa türkm.). **4.** Guýy (Türkmenistanda ýaşaýan gazaklar). ◊ Janaorpa.

**Orta –** bir zadyň merkezi, ortasy, aralyk. ◊ Ortaaryk, Ortabeýik, Ortaçöl, Ortabent, Orta Garagum, Ortagöbek, Ortagöz, Ortaguýy.

**Ortaçöl – 1.** Çägäniň bir tipi. Onuň ikinji ady *çagat* (A.Orazow). **2.** Çölüň ortasy, oazisden uzak arasy.

**Ortak ýer –** iki ýa-da birnäçe obanyň, tiräniň arasyndaky ortalyk, boş ýer (A.Jykyýew).

**Ortalyk – 1.** Aralyk, bir zadyň ortasy. **2.** Ada (Murzaýew).

**Ortara** [orta:ra] – bir zadyň ortasy, orta giňişligi, arasy, merkezi.

**Ortaşogap** [ortaşoga:p] – **1.** Amyderýanyň esasy hanasy bilen arnasynyň aralygynda ýerleşen gury ýerler, adalar. *ser.* Şogap. **2.** Deryada kenara ýakyn ýerde daş üýşüp döreýän päsgelçilik (Borjakow).

**Orun** – **1.** Köne aryklaryň orny, öň suw akan ýerler (derýa, çeşme, jar). Bu adalga “*r*” sözi bilen asyldaşdyr. ◊ Orun, Orunderýa, Orunjyk, Orunçäge, Garryorun. **2.** Obanyň oturan ýeri, galanyň we ş.m. ýerleşen orny. ◊ Galaorun.

**Otag – 1.** Ýaşalýan jaý, öý (Kaşg.). **2.** Öýüň bir tamy, otagy.

**Otar – 1.** Mal bakylýan otluk ýer, öri meýdany. ◊ *Şu gün otarda gezip ýörkäm, bir aýagy döwük towşan gördüm* (A. Gowşudow). **2.** Süri (bu söz otara görnüşinde rus diline-de geçipdir).

**Otlag –** ýaýla, mallaryň otlaýan ýeri, öri. ◊ *Behişdiň otlagyn ýaýlar* (Magt.). *Indi gül öwüssin çölüň, otlagyň* (R.Seýidow).

**Otluk –** otly ýer, oty-çöpi köp meýdan, çemenlik.

**Otrug,** *kön.s.* – ada (Kaşg.).

**Oturymly –** *ser.* Çomry.

**Owgan ýeli** [owga:n …] – tizligi sekuntda 17-25 metre ýetýän we günortadan, Owganystan tarapdan gelýän epgek ýel.

**Oý** [o:ý] – **1.** Pes ýer, çöketlik. ◊ *Marynyň golaýynda, Amaşanyň oýunda, Murgabyň boýunda mydama gök bürenip oturan bir oba bar* (H. Ysmaýylow. “Iki atanyň bir ogly”). **2.** Oba, obanyň oturan we ekin ekýän ýeriniň tutuş ady, suwarylýan ýerler (Daşoguz wel.). ◊ Alilioý, Allaýaroý, Magtymoý, Oýşyh. **3.** Çukur (Kaşg.). ◊ Balyklyoý, Garaoý. **4.** Çyrlaguýularyň ýanynda ýagyş suwlarynyň ýygnanmagy üçin edilen emeli howdanlar, oýlar.

**Oýdak** [o:ýdak] – **1.** Yzgarly, batgaly, otly-suwly peslik (Radlow). ◊ Porsyoýdak. **2.** *ser.* Oýtak. ◊ Daşlyoýdak. **3.** Suwuň gaçýan pes oýy (Daşoguz wel.).

**Oýluk** [o:ýluk] – oý ýer, peslik, çöketlik; oýuň köp ýeri.

**Oýmak** [o:ýmak] – oý, çukur ýer (gb. ýom.). ◊ Akjaoýmak.

**Oýnak** – çöl we jeňňel haýwanlarynyň wagtlaýyn toplanýan, ýaýnaýan, “oýnaýan” meýdany. Kaşgarly bu sözi *oýnagu* görnüşinde ulanypdyr. ◊ Towşanyň oýnagy, atyň oýnagy.

**Oýtak** [o:ýtak] – ýagyş suwunyň ýygnanýan we düme ekilýän oýlary. Ylmy edebiýatlardaky *oýtak ekerançylygy* adalgasy şu söz bilen baglanyşyklydyr. ◊ Ýylgynlyoýtak.

**Oýtum** [o:ýtum] – çukur, pes ýer. ◊ *Jaryň ilersinde otly-suwly uly oýtum bar* (“Edebiýat we sungat”).

**Oýuk** [o:ýuk] – **1.** Oýulan, gazylan, köwlen ýer, köwlen, opuk. ◊ Haşymoýuk, Çaloýuk, Çanoýuk. **2.** Bellik, çelgi, gum ýollarynda oriýentir üçin daş, gum, süňk, sazak we ş.m. üýşürip edilen belgiler. Mahmyt Kaşgarly *uýuk* sözüni “bakjada goýulýan garantga”, “bellik” diýip düşündirýär. ◊ Daşoýuk, Balaklyoýuk, Oýukly, Oýuklygyr, Soltanoýuk, Ortaoýuk. **3.** Depe, diň.

## – Ö –

**Ödek** [ö:dek] – *ser.* Özek. ◊ Ýekeödek, Gyzylsuwlyödek.

**Ödek ýer** [ö:dek…] – gyzyl toprakly, ekmäge ýaramsyz gaty ýer (sar.; Penjiýew).

**Ögüz** – *ser.* Ügüz.

**Öküz** – *ser.* Ügüz.

**Öleň** – otluk giň ýer, çemenlik, otly-suwly meýdan.

**Öleňlik** – otluk, çemenlik ýerler.

**Ömrüzaýa** [ömrüza:ýa], *a.-t.-p.* – günorta tarapda ir dogup, günorta-günbatarda ir ýaşýan ýyldyz. ◊ *Ömrüzaýa ýyldyz kimin bataýyn* (Aýdymdan).

**Ömür,** *a.* – biriniň ýa-da bir zadyň ýaşaýyş döwri, müddeti.

**Ömürlik** – baky, hemişelik, mydamalyk.

**Öň** – ýüz tarap, alyn, maňlaý. ◊ Dagyň öňi.

**Öňaldy** – suwy başga ýana akmazlyk üçin öňi beklenilen suwly takyr. ◊ Öňaldy.

**Öňküsigün** – öňňin däl, ondan öňki gün.

**Öňňil** [öňňi:l] – öten ýyl däl, ondan öňki ýyl, iki ýyl öň.

**Öňňin** [öňňi:n] – düýn däl, ondan öňki gün.

**Ördekgaý** [ö:rdekgaý], *ýerli g.* – baharyň başlanyp, ördekleriň ýumurtgalaýan döwri, aýly wagt (ýemr.).

**Öre** [ö:re] – **1.** Sütün, direg, söýe. **2.** Meýdan (A. Meredow, S. Ahally, 1988).

**Örgün, örkün,** *kön.s.* – tagtly köşk (Malow).

**Öri** [ö:ri] – **1.** Mal bakylýan otluk meýdan, otlag, ýaýla. **2.** Irki eýýamda: daşyna ýüp aýlanyp, içine mal goýberilen meýdan. Hakaslar sürä *ö:r* diýýärler.

**Örk** – uly deräniň başlanýan ýeri (Ýokary Sumbar).

**Örküç** – **1.** Dagyň düýäniň örküjine meňzeş belent depesi. ◊ Agörküçler. **2.** Belli bir döwrüň, paslyň, wagtyň ýa-da wakanyň ortasy, aýgytly wagty. ◊ Gyşyň örküji. **3.** Tolkunyň iň ýokarky nokady. Mahmyt Kaşgarly “örküç” manysynda *tolkun* sözüni ulanypdyr.

**Örtgi, örti, örtük** – iň üstki gatlak, ýapynja; gumuň ýylagy. ◊ *Örtügi aýrylan gum ýeliň ugruna göçmek bilen bolýar* (“Garagum”).

**Örük,** *kön.s.* – düşleg, düşlenýän ýer (Kaşg.).

**Örüm** [ö:rüm] – **1.** Daş örülip, bina edilen desga, geçelge. **2.** Çägesöw ýerde gazylan guýynyň diwaryny berkitmek üçin onuň iç ýüzüne sözen, ýylgyn ýaly gyrymsy agaçlar örülip edilen diwar. Onuň üç görnüşi bar: *çygyr örüm*, *düşeme örüm* we *ters örüm* (A.Orazow). ◊ Örümliguýy, Örümlije.

**Örümliguýy** [ö:rümliguýy] – Garagumdaky ürgün çägelerde gazylýan guýularyň bir görnüşi, agzyndan tä düýbüne çenli diwarlary agaç örümi we selin bilen berkidilen guýy.

**Ötelge – 1.** *ser.* Geçelge. ◊ *Ýalňyz ötelgäniň batgalyk ugry* (Paýzy Oraz). **2.** Şäherde iki uly köçäni birleşdirýän kiçi köçeler, proýezd.

**Ötgel,** *kön.s.* – suwuň saý, ýalpak, ötmek üçin amatly ýeri, güzer. ◊ *Ilerki suwly käliň ötgeline garawul goýuldy* (“Edebiýat we sungat”).

**Ötlem, ötlem-ötlem** – biri-biriniň içinden geçilýän ençeme otagly jaý, birnäçe ötlemli bina.

**Ötük** – haýatyň, diwaryň aşagynda goýulýan geçelge, sümelge, suw akar ýaly deşik; demir ýoluň aşagyndan suw geçirmek üçin edilen suwötük. ◊ Ötükýap.

**Öwrüm – 1.** Aýlaw, ýoluň, ýabyň bir tarapa sowulýan, öwrülýän ýeri. ◊ Ýoluň öwrümi. **2.** Gyryň, gerşiň, ulgamyň öwrüm berip emele getirýän burçy, yk ýer.

**Öwüsgin** – çala öwüsýän şemal, kä güýjäp, kä peselýän ýel, mylaýym ýel.

**Öý – 1.** Ýaşalýan jaý, tam. **2.** Gara öýi ýada salýan togalak depeler. ◊ Öýdepe, Öýlüdepe, Öýlügyzyl.

**Öýjük** – ýapylaryň ýüzünde köwlüp edilen jaýlar. ◊ Aýmagöýjük.

**Öýjük çäge** [… çä:ge] – çägäniň öýjük şekilli relýefli görnüşi.

**Öýle – 1.** Günortanyň soň ýanyndaky wagt, günüň ortadan geçen wagty, peýşin, öýlän. **2.** Günorta-günbatar tarap. ◊ Öýle-guşluk.

**Öýlän** [öýlä:n] – *ser.* Öýle – 1.

**Öýsün – 1.** Suwa gelen guşlary atmak üçin çeşmäniň başynda çöp-çalamdan, agaçdan we ş.m. gurulýan buky, ýatym. **2.**Ýagyşdan, Günden goranmak üçin çöl-beýewanda, jeňňelde çöp-çalamdan edilýän bukalga, çatma.

**Öz** [ö:z] – *özen, özek* sözleriniň gysgalan görnüşi. ◊ Agöz, Gögöz, Gyzylöz, Ortaöz, Özugry, Özýap. Mahmyt Kaşgarly *öz* sözüni “dere” manysynda ulanypdyr.

**Özek** [ö:zek] – **1.** Akyn, siliň ugry, jar. ◊ Agözek, Garaözek, Goşaözek, Özegaryk. **2.** Çeşme, bulak. ◊ Daşözek, Maýlyözek,

Soltanözek; *Ilde bolsa – özegi, ýagyda bolsa – tezegi* (nakyl). **3.** Derýajyk, arna (astr.). ◊ Garaözek. **4.** Jülge, dagyň darajyk deresi. *Özek* sözüniň gadymy görnüşi *ödekdir* (*deň*.: *gyzylözek – gyzylödek*).

**Özen, özensuw – 1.** Çeşme (Maňg.). ◊ Özen, r.Uzen. **2.** Derýa (salar; Hytaý). Türki dillerde *özen, üzen, ösen* sözleri "derýa", "derýanyň hanasy", "jülge", "dere", "akym" ýaly manylarda ulanylýar. Hytaý dilinde-de *izýan* "derýa" diýmekdir. Majarlar hem akyma *özen* diýýärler.

**Özleşdirilen ýer** [ö:zleşdirilen…] – bejerilen, ekilýän, medenileşdirilen, abatlaşdyrylan meýdan; täzeden ekilip başlanan meýdan.

## – P –

**Pada** – mal sürüsi.

**Padaýatak** [pa:daýatak], *p.-t.* – sygyr agyly. ◊ Padaýatak.

**Padyman** – sygyr çopany.

**Pagtabaz** [pagtaba:z], *t.- fr.* – pagta kabul edilýän jaý, pagta harmany.

**Palçyk –** laý, batga, ezilen toprak.

**Paliz** [pa:li:z], *p.* – bakja. ◊ Palizekdepe.

**Parallel,** *ýun.* – Ýer togalagynyň ekwator bilen ugurdaş (parallel) zolaklary. Nokadyň giňişlik boýunça geografik koordinatlarynyň ýerleşýän ýerini görkeziji çyzygy.

**Parap,** *p.* – emeli suwaryş arkaly suwarylyp ekilýän ýer (*bar* – "ýokary", "belent", "ýap bilen belende çykarylan", *ab* – "suw"). ◊ Farap.

**Parçam/barçam,** *kön.s.* – ýüzüne harby bellik ýa-da nyşan çekilen tagtajyk (Kaşgarly bu sözi "oguzça" diýip belleýär).

**Parhaw,** *ýerli g.* – ýörite däne saklamak üçin edilen jaý.

**Parhaw –** "ury". ◊ *Obanyň belli-belli adamlarynyň parhawlary galladan dolup durýardy* (A. Gowşudow. Mähri-Wepa).

**Park,** *iňl.* – her hili güller, agaçlar ekilen hem-de gezelenç ediler ýaly alleýalary bolan seýil bagy.

**Parom – 1.** Adamlary, ýükleri, maşyn-traktorlary, otly wagonlaryny derýadan, deňizden geçirmek üçin ulanylýan düýbi ýasy giň gämi ýa-da sal. **2.** Parom gämileriniň duralgalary, güzeri.

**Parsah,** *p. – 6 km* deň uzynlyk ölçegi.

**Parsaň – 1.** *ser.* Parsah. **2.** *p.* Garagumuň günorta-gündogar böleginde çuň çukurlyk, çöket (Murzaýew).

**Partaw – 1.** Öň ekilen, emma soňra topragyň hasyllylygyny dikeltmek maksady bilen birnäçe ýyllap ekerançylykdan galdyrylan ýer (Penjiýew). **2.** Ekmek üçin ýaramly, emma özleşdirilmedik ýer, tarp, boz ýer.

**Pasly-bahar,** *a.-p.* – Ýaz aýlary; ýaz paslynyň başy. ◊ *Pasly-baharlarda seýrana gitsek. Tükenmez ýollaryň bardyr, sen çölüň* (Seýdi).

**Pasyl,** *a.* – ýylyň 4 möwsüminiň biri, dowamlylygy 4 aýa barabar möwsüm, zaman, wagt ölçegi.

**Patlawuk –** läbigi pürkülip, patlap sesli gazlar çykýan, ýagny hereket edýän wulkan (Hazar kenary). ◊ Akpatlawuk, Gökpatlawuk. Tebigy gazlaryň birsydyrgyn çykyp, ot golaýlaşdyrsaň ýanýan wulkanlara "ýanardag", suwlary birsydyrgyn gaýnap, köpürjikläp çykyp duran wulkanlara "gaýnag" diýilýär.

**Patyşalyk** [pa:tyşa:lyk], *p.-t.* – **1.** Türkmenistan Russiýanyň koloniýasyna öwrülenden soň Mary we Tejen etraplarynda döwletiň ygtyýaryna alnyp, hasylynyň dörtden birine kärendesine berlen ýerler (Jykyýew). **2.** Patyşanyň höküm edýän ýurdy. ◊ Iordaniýa Haşimit Patyşalygy.

**Paýan** [pa:ýan], *p.* – aşaky, günbatarky; arygyň aýagyndaky. ◊ Sarykpaýan.

**Paýapyl,** *p.* – adamlaryň ulagsyz, ýöräp geçmegi üçin suwly ýabyň üstüne keseligine goýulýan agaç, tagta köprüjik, geçelge.

**Paýtagt** [pa:ýtagt], *p.* – döwletiň iň esasy şäheri, hökümet we häkimiýet edaralary ýerleşýän merkezi şäher.

**Paýyz** – azajyk wagt, bir dem, salym. ◊ *Gyzym, bir paýyz otur, men olardan elegi derrewjik getireýin – diýip çykyp gitdi* (N. Pomma. “Sebäbini soň bildim”).

**Pel** – **1.** Suw tutup, ekin ekmek üçin töweregi çillenen ýer, kölçe, atyz. ◊ *Her peliň içinde ýatan suw dyzyňdan ýokary geçsin* (A.Gowşudow. “Köpetdagyň eteginde”). **2.** Suw saklamak üçin atyzyň töweregine galdyrylýan çil, raýyş, gum. ◊ *Ýap gazyp, pel çekip, düzediň ýerler* (Mollamurt). W.W.Radlow käbir türki dillerde pel sözüniň “depe”, “ulgam” ýaly manyda ulanylýandygyny belleýär.

**Pelek,** *a.* – **1.** Asman, gök. **2.** Ykbal. ◊ *Pil burnun pelege tutar* (Magt.).

**Pelke** – *ser.* Pel – 2.

**Pelle,** *p.* – **1.** Ýetilmegi niýet edilen iň soňky sepgit, pellehana, finiş. ◊ *Maşyny barjak pellämize çenli gönüläp sürmek gerek* (A.Gowşudow. “Köpetdagyň eteginde”). **2.** Basgançak (dagyň, diwaryň, merdiwanyň we ş.m. basgançaklary). ◊ *Pelle-pelle aşak düşer adamzat.*

**Pellehana** [pelleha:na], *p.* – *ser.* Pelle – 1. ◊ *Akguş pellehana ilkinji geldi.*

**Pena** [pena:], *a.* – gaçalga, bukalga, gaçybatalga; daýanç, gorag, ýygyşga. ◊ *Älemde penahyň biribar olsun* (“Gül-Senuber”).

**Penjiwar** [penjiwa:r], *p.* – Murgap jülgesinde uly ýaby birnäçe kiçi ýaba (bäşe) bölüp goýberýän gatla, taraz. ◊ Penjiwar.

**Pes, pest,** *p.* – oý, çöket ýer, peslik. ◊ Pesti, Işmetpest.

**Pesdag** [pesda:g] – beýikligi ýokary bolmadyk daşly gerişler, gaýalar.

**Peslik –** oý ýer, çöketlik. ◊ *Şol pesligiň gür jeňňelini özüne pena tutundy* (“Garagum”). ◊ Peslik Garagum.

**Peşger,** *p.* – käriziň çeşmä birigýän ilkinji, baş guýusy.

**Peştag** [peşta:g], *p.* – galadaky erkleriň öň tarapy, howalap duran ýüzi, portal. ◊ Peştag.

**Petik –** şäherlerde öňi bekli kiçi köçeler, tupik.

**Petiş –** dymyk, dem gysdyryjy, kapas, tutuk howa.

**Peýkal** [peýka:l] – orta möçberlerde bakja ekilýän meýdan. ◊ Tekepeýkal.

**Peýşin** [peýşi:n], *p., ýerli g.* – öýle (sagat 15-17 arasy); *ser.* Öýlän.

**Peýzaž,** *fr.* – tebigatyň gözelligi, ajaýyp görnüş.

**Pik,** *fr.* – dagyň çür depesi, çeňňesi, çömmegi, çüňki. *ser.* Naýzadaş, Çeňňe.

**Pillempaý** [pillempa:ý], *p., ýerli g. – ser.* Pelle – 2. (hat.).

**Plýaž,** *fr.* – güzer, derýanyň, kölüň, deňziň suwa düşmek üçin amatly, aşagy çägeli, çagylly ýapgyt kenary.

**Polka –** pürküldäp ýatan yzgarsyz toprak, kirşen. *ser.* Bürk. ◊ Akpolka.

**Polýar,** *ýun.* – polýusa golaý, oňa dahylly giňişlik, döwür ýa-da desga: Polýar aýlawy, P. ýyldyzy, p. gijesi, p. güni, p. ýurtlary. Ylmy edebiýatdan alnan.

**Polýus,** *lat.-ýun.* – Ýeriň aýlanýan hyýaly okunyň iki ujy we şol uçlaryň töwerekleri. ◊ Günorta we Demirgazyk polýuslar.

**Pontonköpri,** *fr.-t.* – agaçdan ýa-da demirden ýasalan ýüzüji desgalaryň üstünde biri-birine çatylyp edilýän köprüler.

**Porsaň – 1.** Boş gumly şor ýer. ◊ Porsaň, Garaporsaň, Porsaňgum. **2.** Toýun gatyşykly çägesöw ýeriň ýagyşdan soňky görnüşi (ata; Penjiýew). **3.** Hiç zat ekilmän ýatan boş ýer. (dg.ýom.; Penjiýew).

**Porsy –** dürli sebäbe görä, ýakymsyz ysy bolan ýerler, guýular, çeşmeler, kaklar. ◊ Porsy, Porsugala, Porsugöl, Porsuguýy, Porsugum, Porsuköşk, Porsusuw, Porsyaýman, Porsyakyn, Porsyoýdak.

**Port,** *fr.* – **1.** Getirilýän we iberilýän ýükleri ýükläp-düşürmek, kabul edip almak we olary suw ýa-da guryýer ýoly arkaly barmaly ýerine ibermek, ýolagçy gatnawyny üpjün etmek, suw we guryýer ulaglarynyň ýüklerini biri-birine agdarmak üçin niýetlenen ýer. **2.** Suwuň ýakasynda porty bolan şäher (Türkmenistanda deňiz porty Türkmenbaşy, derýa portlary Türkmenabat we Atamyrat şäherleri).

**Posalaň, posarlaw,** *ýerli g.* – suw basmadyklygy üçin kirşeni pürküldäp ýatan ýer, köçe (ärs.). ◊ *Ok dek okduryldy posalaň oýa* (Paýzy Oraz).

**Post,** *fr.* – goralmaga degişli ýerlerde goýulýan gözleg nokatlary, garawul durulýan ýerler.

**Posýolok,** *r.* – *ser.* Şäherçe.

**Potala,** *ýerli g.* – bulanyk (suw). ◊ Işiginden akan suw – potala (ärs.).

**Priçal,** *r.* – **1.** *ser.* Köpri – 2. **2.** Hazarýaka ilatynyň gepleşiginde ulanylýar.

**Pristan,** *r.* – **1.** *ser.* Köpri – 2. **2.** Gämileriň duralgalaryna, ýanalýan köprülerine, ýolagçy we ýük gämilerine hyzmat edýänleriň şäherçesi. Farap pristany.

**Pristawlyk,** *r.-t., kön.s.* – Türkmenistanda 19-njy asyryň aýagynda girizilen we geçen asyryň 20-nji ýyllaryna çenli dowam eden bölügçäk (administratiw-territorial) birligi. ◊ Durun pristawlygy.

**Prospekt,** *lat.* – *ser.* Şaýol.

**Pul,** *p.* – köpri. ◊ Pulhatyn, Polasoltan, Pulzyndan, Pulsyrat köprüsi.

**Pulsyrat** [pulsyra:t], *p.-a.* – *ser.* Syrat.

**Punkt,** *lat.* – nokat; belli bir maksat üçin bellenen ýa-da bir aýratynlygy bilen tapawutlanýan ýer.

**Pursat,** *a.* – wagt, döwür, zaman.

**Puşda,** *p.* – **1.** Gaçy, çil, depe, belentlik. **2.** Iki joýanyň arasyndaky suwa basdyrylmaýan belent ýer, zolak.

**Pürk** – *ser.* Bürk. ◊ Inçepürk, Akpürk.

**Pynar,** *kön.s.* – çeşme, bulak. ◊ *Aby-Köwser yrmagyndan içerkäň, Suwsuz pynarlardan gandyrdy meni* (Garajaoglan). *Ak gerdeniň asty Zemzem pynary* (şol ýerde).

**Pynhan** [pynha:n], *p.* – gizlin; tapmasy kyn; ýoldan sowa. ◊ Pynhan.

**Pyýada ýol** [pyýa:da ýol] – ýanýoda, trotuar, tebigy meýdandaky ýodajyk.

## – R –

**Rabat** [raba:t], *a.* – **1.** Ötegçileriň, kerwenleriň düşläp geçýän ýeri, kerwensaraý. **2.** Şäheriň çeti, gyralary. **3.** Serhetdäki garawulhanalar. Orta asyrlarda (araplar Türküstany basyp alan döwürlerinde) *rabat we rabad* adalgalarynyň aňladýan düşünjeleri aýry eken. Rabat yslamy Türküstana ýaýradyjylaryň özleri üçin serhetde guran we ýaşaýan obalaryny hem-de şäherlerini (galalary), rabad bolsa şäherleriň çet-gyralarynda gurlan jaýlary aňladypdyr. ◊ Agajarbat, Daşrabat, Akrabat, Rabadaryk, Rabat, Rabatguýy.

**Rabatek** [raba:tek], *a.-p.* – kiçi rabat, rabatjyk. ◊ Rabatek, Repetek.

**Rah, reh** [ra:h], *p.* – ýol, köçe. ◊ Hemra (hem rah), rehber.

**Raş** [ra:ş] – *raýyş* sözüniň gysgalan görnüşi. ◊ Akraş.

**Raýon,** *fr.* – **1.** Geografik, ykdysady we ş.m. alamatlary bilen tapawutlanýan ýer, belli bir çägiň, bölügiň şol alamatlar boýunça aýratynlandyrylan bölegi. **2.** Sowet häkimiýeti ýyllary içinde: bölügçäk (administratiw-territorial) birligi. *ser.* Etrap.

**Raýyş** [ra:ýyş] – ýap, kanal gazylanda, onuň iki kenaryna çykarylýan gum seňňeri, gaçy.

**Region,** *lat.* – **1.** Ýurduň beýleki böleklerinden özüni tebigy, taryhy, ykdysady, medeni we ş.m. aýratynlyklary bilen tapawutlanýan bölegi, etraby, welaýaty. **2.** Ykdysady-geografik, dil, milli we ş.m. taýdan biri-birine ýakyn bolan ýurtlaryň toplumy. *ser.* Sebit.

**Registan** [registа:n], *p.* – daşlyk, çägelik, gum, çöl; Gündogar şäherlerinde aýakgaba palçyk ýokmazlygy üçin çäge ýa-da ownuk daş düşelen meýdança. ◊ *Birniçe bazara seýr etdim bu registan era* (Şabende).

**Ribat,** *a.* – **1.** *ser.* Rabat – 1. **2.** Bag; gala, mäkäm jaý. ◊ *Müňde bir ribat ýapynça* (Magt.).

**Riz** [ri:z], *p.* – ownuk daşly dere. ◊ Riz.

**Rud** [ru:d], *p.* – derýa, dagdan inýän çeşme. ◊ Gerirud (Herirud), Hoşkrud, Merwerrud.

## – S –

**Saba** [saba:], *a.* – **1.** Ýakymly şemal, salkyn, mylaýym ýel. **2.** Ertir, daňdan, säher. ◊ *Eý, saba, zarym meniň arz ile jananymga aýt* (“Zöhre-Tahyr”). *Saba turup sazlaşaýly, söwdügim* (Şeýdaýy).

**Sabat** [sa:ba:t], *ýerli g.* – jaýyň öň tarapynda bir ýa iki tarapy açyk edip gurulýan jaý, dalan (ärs.). ◊ Sabatguýy.

**Sadap,** *a.* – deňziň düýbünden alynýan balykgulak, çaňňalyk hem-de ondan ýasalan ilik we ş.m. ownuk zatlar.

**Sag –** tarap, çep tarapyň garşysy. ◊ Derýanyň sag kenary, sag goly; Sagja.

**Sagat** [sa:gat], *a.* – **1.** Wagt, dowamlylygy 60 minuda deň bolan döwür, zaman. **2.** Gije-gündiziň dowamyndaky wagt birligini ölçemek üçin gural, abzal.

**Sag kenar** [… kena:r] – derýanyň akýan ugrunyň sag tarapynda ýerleşýän gury ýeriň gyrasy.

**Sagry –** *ser.* Syrt (Far.).

**Sag-sol** [… so:l] – dumly-duş, töwerek. ◊ *Ýene teferriçgäh oldy, Sagdan sola dört ýanymyz* (Ýunus Emre).

**Sahyl** [sa:hyl], *a.* – deňziň kenary, ýakasy, gyrasy.

**Sajyn** [sa:jyn], *r.* – 3 arşyna ýa-da 7 funta deň bolan uzynlyk ölçegi (2,13 sm).

**Saka – 1.** *kön.s.* Dag etegi (Kaşg.). **2.** *a.* Ýabyň, derýanyň suwunyň bölünýän ýeri, taraz, gatla. **3.** Ýabyň, kanalyň baş alýan ýeri. ◊ Başsaka, Kölsaka, Keltesaka.

**Sakarçäge** [sakarçä:ge] – **1.** Çägäniň, gumuň bir görnüşi: ýalaňaç we üsti ot-çöpli gumlaryň gezekli-gezegine utgaşyp gidýän ýerleri, ala gumlar; sakar çägelikler, ýagny üsti ösümliksiz ak we üstünde ösümlik ösýändigi sebäpli garalyp görünýän gumlaryň utgaşyp gidýän ýerleri. Olara *kaşgagum* hem diýilýär (Ö.Gurbanow). Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň ady bu adalga bilen baglanyşykly däl. **2.** Ekerançylyk ýerlerde, takyrda ýerleşen bölejik gumlar (Penjiýew).

**Sakgyz,** *ýerli g.* – toýun (ärs.). Mahmyt Kaşgarly *sakgyz* sözüni “küýze ýasalýan toprak, palçyk”, *sagyz* sözüni bolsa “sagdyn ýer” diýip düşündirýär.

**Saklaw –** *ser.* Garawulhana.

**Sal** [sa:l] – **1.** Suwdan geçmek ýa-da ýük geçirmek üçin çöp-çalamdan, agaçdan, gamyşdan we ş.m. toplanyp edilýän emeli “gaýyk”. Mahmyt Kaşgarly şu maksat üçin ulanylýan içi ýelli tuluma *sal* diýilýändigini belläpdir. Häzir Amyderýa boýlarynda oňa *gübser* diýýärler. **2.** *p.* Ýyl, ýaş. ◊ *Ömür saly artar alkyş alanyň* (Magt.).

**Salgym** [sa:lgym] – yssy howanyň uzak aralykda, gözýetimde emele getirýän optiki ýagdaýy, aldawçy görnüş. Geçmişde bu adalga *sakyg* (Kaşg.), *sagym* (Attuhfatuz) görnüşlerde-de ulanylypdyr.

**Salkyn – 1.** Aram, yssy däl, mylaýym, sergin howa. ◊ *Saýany ekmedik salkynda ýatmaz* (nakyl). **2.** Ir ertir ýa-da giçlik. **3.** Bir salkyn – gündiziň birinji ýa-da ikinji bölegi, ýarym gün.

**Salma – 1.** Ene ýapdan aýrylýan kiçiräk ýaplar. ◊ *Suwlar akýar salmalarda şarlaşyp* (R. Seýidow). **2.** Atyz-çil arasyndaky kiçi ýaplar (ýemr.).

**Sanatoriý,** *lat.* – şol ýeriň şypaly tebigy şertlerini ulanmak arkaly kesel bejerýän we adamlaryň gowy dynç almagyny guraýan sagaldyş edarasy.

**Sandyk,** *a.* – dagyň üsti tekiz, daşky şekili sandygy ýada salýan gaýasy, depesi. ◊ Sandyk, Sandykdaş.

**Saňsar,** *p.* – daglyk ýerlerde adamlar tarapyndan oklanylýan daşlardan emele gelen emeli depeler, tümmekler (olara *saňsardaş* hem diýilýär). Ýeke duran käbir mazarlarda erbet adamyň (bet kempiriň) jaýlanandygy baradaky gürrüň ýaýradylýar. Her geçen “saňsara bir daş” diýip, onuň üstüne (ýa mazar tarapa) bir daş oklap geçýär. Netijede, ululy-kiçili emeli depeler emele gelýär (parsça *seňsa:r* – “daşlama”, “daşlanma”). ◊ Saňsar.

**Saraý,** *p.* – **1.** Köşk, kaşaň, jaý. ◊ Aksaraý; *Şol uja köşg-u saraýlar, Weýran olur galar bir gün* (Ýunus Emre). **2.** Şähere gidýänler üçin düşelge jaý we mal-gara daňylýan howly. ◊ Daşsaraý. **3.** *ser.* Kerwensaraý. ◊ Saraý, Saraýgöl, Saraýöwrüm, Mirsaraý. **4.** Gala.

**Sardaba,** *p.* – **1.** Buzhana. **2.** Çölde gurulýan gidrotehniki desga. Ol takyryň pes ýerinde gurlup, üsti gümmez bilen ýapylýar. Töweregine toplanan ýagyş suwlary ýörite edilen çukurlarda durlanansoň, sardaba

akdyrylýar (gümmeziň aşaky bölegi giň we çuň bolýar). Sardabalar gadymy kerwen ýollarynyň ugrunda gurlup, gymmatly arhitektura ýadygärlikleri hasaplanýarlar. ◊ Bataşsardaba, Ýylgynagyzsardaba, Sardaba, Çagansardaba, Rahysardaba. Edebi dilde sardabalara *sardoba* diýilýär.

**Sardoba –** *ser.* Sardaba.

**Sarkym,** *kön.s.* – gyraw, çyg (Kaşg.).

**Sarp – 1.** Siliň eden çukur jary. **2.** Uçut kert. ◊ Sarp.

**Saryçäge** [sa:ryçä:ge] – *ser.* Sarygum. ◊ Saryçäge.

**Sarygum** [sa:rygum] – sargylt reňkli gumlaryň bir görnüşi. Olara *saryçäge* hem diýilýär. ◊ Sarygum.

**Saryja tomus** [sa:ryja …] – jöwza, tomsuň iň yssy döwri.

**Sarysuw** [sa:rysuw] – bulanyk, läbikli, çalt akýan suw (Hasanow).

**Sary ýel** [sa:ry …] – gaýdan, tupandan pesräk tozan gatyşykly ýel.

**Saý – 1.** Ýalpak suw, geçmek üçin suwuň amatly ýeri. **2.** *kön.s.* Wulkanyň döreden daşly ýeri (Kaşg.). **3.** Derýanyň suwsuz we çagylly hanasy (Radlow). **4.** Gyralary kert bolmadyk gury jar, käl. ◊ Agarsaý, Agylsaý, Akdaşsaý, Atalyksaý, Garasaý, Jarsaý, Patmasaý, Uzynsaý. **5.** Çeşme, derýa (Radlow). **6.** Gumdaky düzlük, tekiz ýer (ДТС).

**Saýa,** *p.* – dagyň, depäniň, belentligiň saýa tarapy. *ser.* Kölege.

**Saýawan** [sa:ýawa:n], *p.* – dagyň, gaýanyň, gerşiň saýawan ýaly asmany tutup duran ýeri. ◊ Saýwan.

**Saýlyk –** deňziň tolkun atmagy netijesinde suwuň düýbünde döreýän ýalpaklyk.

**Saýram suw –** ýalpak, çuň däl suw (Kaşg.).

**Saýýar** – planeta.

**Saz** [sa:z] – **1.** Ot-suwly, batgaly, gamyşly jeňňel. ◊ Buldumsaz, Saz, Sazdepe; *Ol Birekden gorkusyna saza tarap gaçyp gitdi. Birek saza ot berdi* (Gorkut ata). **2.** Dag eteklerinde ýerasty suwlarynyň ýer üstüne ýakyn şertlerde emele gelýän toprak görnüşi.

**Sazaklyk** [sa:zaklyk] – gumda sazagyň bol ýeri, odunlyk.

**Sazlyk** [sa:zlyk] – batgaly, gamyşly jeňňel. ◊ *Olardan aglabasy ulagynyň başyny Murgap boýundaky sazlyga, jeňňellige bakan burdy* (E. Ataýew. "Zulmat tününde"). *Olar sazlyga girip başlanlarynda, at aýagynyň dükürdisini eşitdiler* (B. Kerbabaýew. "Aýgytly ädim").

**Sebit** – tarap, töwerek. ◊ *Türkmenistan Merkezi Aziýa sebitinde ýeke-täk Bitarap döwletdir.*

**Sebzezar** [sebzeza:r], *p.* – otluk, göklük, gök çemenlik. ◊ *Zemiň sebzezar olup, Teninden aýrylyp zen* (Magt.).

**Sed,** *a.* – gaçy, päsgel, bent. ◊ Sedwer, Sedgen.

**Seki –** sekä çalymdaş üsti tekiz dag, dagyň öňe çykyp duran üsti tekiz burny. ◊ Saryseki, Sekidag.

**Sekirtme –** dagyň ýokardan aşak basgançak-basgançak (kert-kert, seki-seki, sekmer-sekmer) bolup duran ýerleri, terrasa, dagyň dik geçelgesi. Mahmyt Kaşgarly sekrik sözüni "dagyň böküp geçilýän geçelgesi" diýip düşündirýär. ◊ Sekirtme.

**Sekmer –** *ser.* Sekirtme.

**Seleň –** dumly-duşdan howa çalyp duran açyk giň ýer. ◊ *Täze oba ýerimiz örän seleň ýer eken* (A.Gowşudow. "Köpetdagyň eteginde").

**Sene,** *a.* – ýyl, aý hasaby. ◊ Milady senesi, hijri senesi.

**Seň,** *p.* – **1.** Daş, daşdan (bişen kerpiçden) salnan bina. ◊ Seňňisulak, Seňrabat, Seňrize. **2.** *ýerli g.* Aýazda derýada suw bilen bilelikde akýan ownuk buzlar (g.galp.).

**Seňçe,** *p.-t.* – **1.** Burjy; ilki çyglyk, soňra aýaz bolup, agaçlaryň burjy baglamagy, ýollaryň sürçek bolmagy. **2.** Daşly ýer.

**Seňir – 1.** Dagyň, gyryň, baýryň burun bolup duran depesi, burun. "Seňir – dag burny. Burun bolup duran her bir zady (meselem, diwary) aňlatmakda şu söz ulanylýar" (Kaşg.). ◊ Seňir, Seňirajy, Seňirbulak, Garaseňir, Salakseňir. Daşoguz we Horezm welaýatlarynda geçmişde wagtlaýyn galalara *seňir* diýlipdir (Ýa.G. Gulýamow). **2.** *kön.s.* Gala. *ser.* Seňňer. **3.** Ýalpak deňiz kenarlarynda tolkunlaryň süren çägesinden we çagyl daşlaryndan emele gelip, deňze tarap süýnüp ýatan uzyn ýarym ada (Borjakow).

**Seňňer – 1.** Uzakdan seňňerläp görünýän belent galalar. ◊ Ataseňňer, Babaseňňer, Köneseňňer, Maşrykseňňer, Sakgaryň seňňeri.

**2.** Üýşürilen gum tümmegi, depe. Meselem, demirýol gurlanda üýsürilýän gum.

**Seňňir** – *ser.* Seňňer, Seňir – 2. ◊ Ýalanseňňir.

**Seňňistan** [seňňista:n], *p.* – daşlyk ýer. ◊ *Bir gün üstüň bassa agyr seňňistan* (Kemine).

**Seňre –** seňir sözüniň bir görnüşi (Esenguly). ◊ Seňreler.

**Seňrik –** *ser.* Seňir – 1. ◊ *Suw seňrikden agdy.*

**Seňrize** [seňri:ze], *p.* – ownuk daş, çagyl. ◊ Seňrize.

**Sep –** çyrla guýulary, kaklary bolýan takyrlaryň (ala gumlaryň) tüm diýilýän gumlara degýän, olar bilen sepleşýän ýerleri. ◊ Sep.

**Sepgit –** iki ulgamyň, uzalyp gidýän iki gerşiň, baýryň, gumuň we ş.m. birigýän, sepleşýän ýerleri.

**Sepguýy –** seplerde (takyr bilen tümüň sepleşýän ýerlerinde) gazylýan guýularyň bir görnüşi. ◊ Sepguýy.

**Sepoý** [sepo:ý] – sepde ýerleşýän ýaýlalar we çarwa obalary.

**Ser,** *p.* – baş; ýokary, ýokarky, üstki; dagyň çüňk bolup duran ýeri, çömmegi. ◊ Sertagt.

**Serçemen,** *p.* – güller açylyp, suw akyp ýatan otluk ýer, giň çemenlik. ◊ *Serçemenli kölüň gadryn hiç bilmez* (Magt.).

**Serçeşme,** *p.* – çeşmäniň gözbaşy, bulagyň çogup çykýan ýeri. ◊ *Serhowzuňda, serçeşmäňde gezer men, Herne jebr eýleseň, şoňa dözer men* (Döwletýar).

**Sergin –** *ser.* Salkyn. ◊ *Howanyň sergin çagynda, Öwser gara zülpüň seniň* (“Görogly”).

**Serhet,** *p.* – araçäk, çäk.

**Serhetdeş ýurt** [… ýu:rt] – serhetleşýän, araçäkleri umumy ýurtlar.

**Serhowuz,** *p.* – töweregi bag-bakjaly, şypaly howuz. ◊ *Kenizler Hemrany alyp, serhowzuň başyna getirdiler* (“Saýatly-Hemra”).

**Serkar** [serka:r], *p., kön.s.* – Rewolýusiýadan öň: 24 sagatlyk suw nobaty; şol nobatda suw tutulýan ýer.

**Sermenzil,** *p.-a.* – ýurt, ülke, ýer. ◊ *Idi kim Börme sermeňziliden* (“Jeňnama”).

**Sertagt,** *p.* – dagüsti tekizlik. ◊ Sertagt.

**Sesýetim –** gygyrylanda, ses ýeter ýaly aralyk. ◊ *Sesýetime baryp aýak çekdi*. (“Edebiýat we sungat” gaz.).

**Setir** – bir zadyň (meselem, agaçlaryň) tertipli hatary. ◊ *Nahallaryň her setirine bir okuwçy gözegçilik edýär*; Tümmeksetir.

**Seýilbag** [seýilba:g], *a.-p.* – seýil edilýän köp agaç, gül ekilen ýer, park.

**Seýilgäh** [seýilgä:h], *a.-p.* – seýil edilýän ýer, gezelenç etmäge oňaýly ýer, seýil bagy. ◊ *Goýnuň içinde reýhan seýilgähi – jaý, gözel* (Mollanepes).

**Seýishana** [seýisha:na] – athana; atlaryň seýislenýän we saklanýan jaýy.

**Seýlap** [seýla:p], *p.* – sil suwy, daşgyn, joşgun. ◊ *Seýlap dek akyzma gözünden ýaşy* (“Gül-Senuber”).

**Seýrap** [seýra:p], *p.* – bol suwly, joşgunly (guýy, çeşme). ◊ Seýrap.

**Säher,** *a.* – daň, gün dogmazynyň öň ýany, ir-ertir. ◊ *Säher wagty bidar bolgun* (Magt.).

**Sähra** [sähra:], *a.* – gury klimatly açyk meýdan, giň çöl ýeri. ◊ Sähra.

**Sibir –** batgaly, zeýli, suwy ýüzüne çykyp ýatan ýer. Suwly ýaralara-da, *şiber, şibir* diýilýär. Öňki SSSR-iň demirgazyk we gündogarynda giň meýdany tutup ýatan Sibiriň ady hem şu sözdendir. ◊ Sibir, Sibirala.

**Siklon,** *ýun.* – ýeriň demirgazyk ýarymynda ýyly we sowuk howa akymlarynyň arasynda döräp, sagat diliniň ugry boýunça howanyň tüweleý ýaly aýlanýan hereketi. Müňlerçe kw/km meýdany öz içine alyp, siklonlar 30-45 km çaltlyk bilen hereket edýärler, olaryň merkezinde ýagyn köp ýagýar, atmosferanyň basyşy aşak gaçýar. Siklonlar, adatça, üç günden on güne çenli dowam edýärler (Borjakow).

**Sil,** *a.* – suwly ýagyşdan ýa-da çalt erän garlardan emele gelýän güýçli, zarply suw akymy, özi bilen ýüzüniň ugruna ähli zady, esasan

hem, läbik, daş ýaly zatlary sürüp getirýän tebigy bela. ◊ Silsüren, Silýaran.

**Silap** [si:la:p], *a.-p.* – siliň emele getiren köli.

**Simgermew** [si:mgermew], *p.-t.* – *ser.* Germew.

**Siňir** – *ser.* Seňir – 1. ◊ Siňirbaba.

**Siňňitli ýagyş** – pessaýdan yzyny üzmän ýagýan maýda damjaly atmosfera ygaly.

**Skwer,** *iňl.* – şäherlerde, şäherçelerde, dynç almaga we gezelenç etmäge niýetlenen we ýörite abadanlaşdyrylan kiçiräk jemgyýetçilik baglary.

**Sogulmak, sowulmak** – derýanyň, kölüň, bulagyň suwunyň kesilmegi, guramagy.

**Sokmak** – uly ýoldan tokaýlyga, otluga tarap aýrylýan ýodajyk. Azerbaýjan we türk dillerinde oňa *sokak* diýilýär, geçmişde käbir türki halklar "geçelge" adalgasyna derek *sokdug* sözüni ulanypdyrlar.

**Sol** [so:l] – çep tarap. ◊ *Kanalyň sagyna mäşdir künji, soluna bolsa bakja ekinleri ekiler* ("Türkmenistan").

**Soltanlyk** [solta:nlyk], *a.-t.* – soltanlaryň häkimlik edýän ýurtlary. Arap dilinde *soltanat, saltanat* sözleri "şalyk", "patyşalyk" diýen manydadyr.

**Sonar** – otly-suwly giň meýdan, ýaýla, öri, çemenlik.

**Soňkusygün** – birigünüň yz ýanyndaky gün, geljekki üçülenji gün.

**Sowa** – ýoldan sowa ýerleşen.

**Sowalga** – *ser.* Sowgut.

**Sowgut** – uly ýoldan, ene ýapdan gapdala bölünip aýrylýan ýoda, ýap.

**Sowma** – **1.** Ýabyň sowgudy. **2.** Çöldäki takyrlara ýagýan ýagyş suwuny kaklara, sardabalara, oýtaklara sowmak üçin edilýän çiller. ◊ Sowma, Esenguly Sowma, Kiçi Sowma, Ketde Sowma.

**Sowuk** – $0^0$-dan aşak temperaturaly howa. ◊ Sowuk, Sowuktümmek.

**Sowuklyk polýuslary** – Ýer togalagynyň iň sowuk ýerleri. Ýer şarynyň demirgazyk ýarymynda Grinell ýeri (Kanada) we

Grenlandiýanyň merkezindäki buzluk belentligi sowuk nokatlar hasaplanýar (–53,3 = –64,8$^0$). Günorta ýarymda sowuklyk polýusy Antarktidanyň merkezinde ýerleşýär. Bu ýerde 1960-njy ýylyň awgust aýynyň 24-ine – 88,3 gradus sowuklyk bellenildi. Türkmenistanda sowuk ýeri Daşoguz welaýatynda bolup, ol ýerde howanyň sowuklygy – 36$^0$C barabardyr.

**Sowuk urmak** – köplenç, güýzde ilkinji gezek howanyň 0 gradusdan aşak düşüp, ösümlikleri sowuk urmagy. Ýylyň gelşine görä, bu hadysa gyşyň dowamynda we ýazyň başynda hem bolup bilýär.

**Soýka,** *ýerli g.* – suwuk palçyk, gyrmança, läbik (ärs.).

**Sökmek** – dürli sebäplere görä, öň ekilen ýeri täzeden sürüp, ikinji gezek ekmek ýa-da başga ekin ekmek.

**Sörtük** – gündogar tarapdan öwüsýän ýakymsyz şemal. ◊ *Sörtük şemal niredendir bir ýerden tamdyrdan täze çykan çöregiň ýakymly ysyny getirdi* (A. Gowşudow. “Perman”).

**Söw** – käriz ötükleriniň depesindäki we gapdallaryndaky gumuň, daşyň aşak inmezligi, ýumrulmazlygy üçin goýulýan egri diregler; şeýle söýegler goýlan gowaklar.

**Stalagmit,** *ýun.* – ýokardan damýan hekli damjalaryň gatamagy netijesinde döräp, dag gowaklarynyň düýbünde ýokary somalyp duran daş diňler, sütünler.

**Stalaktit,** *ýun.* – dag gowaklarynda ýokardan syrygýan hekli damjalaryň gatap emele getirýän we ýokardan aşaklygyna sallanyşyp duran dürli şekildäki daşlar.

**Stan,** *sanskr.* – ýer, orun, ýurt, geografik atlaryň düzüminde: ýurt, Watan. ◊ Türkmenistan, Dagystan, çölüstan.

**Stansiýa,** *lat.* – **1.** Duralga, demir ýollarda we beýleki gatnaw ýollarynda ulaglaryň durup geçýän ýerleri. **2.** Ýörite maksatlar üçin döredilen käbir ylmy-barlag we tejribe edaralary, kärhanalary, ylmy-tehniki jaýlary. ◊ Repetek çäge-çöl stansiýasy, Ýaş tehnikler stansiýasy. Garaşsyzlyk ýyllarynda bu adalga derek *beket* sözi giňden ulanylýar.

**Subh,** *a.* – ertir, säher, daňdan. ◊ *Subha dek görsetdi çendin köksüniň agyn ýene* (Gaýyby).

**Subhu-şam** [… şa:m], *a.-p.* – ertir-agşam, gije-gündiz. ◊ *Her subhu-şam zowky-sapa istedim* (“Saýatly-Hemra”).

**Subtropikler,** *lat.-ýun.* – tomsuna yssy, gyşyna maýyl howasy bolan we tropik guşaklyklara ýakyn ýerleşen ülkeler. Türkmenistanda Sumbar we Etrek jülgeleri gury subtropik ülkelerine degişlidir.

**Sudur** [sudu:r] – **1.** Näme-de bolsa bir zadyň (depäniň, dagyň, binanyň) uzakdan görünýän görnüşi, garasy, şekili, sulbasy, kontury. **2.** Kontur kartalara *sudur* kartalary diýilýär.

**Sulba –** *ser.* Sudur.

**Sum –** goranmak, mal ýatyrmak, gaýanyň beýle tarapyna suw geçirmek ýaly dürli maksatlar üçin gaýalaryň aşak ýüzünde gazylan gowaklar, lagym (Sumbaryň ýakasy. Bu adalganyň sümmek işligi bilen baglanyşykly bolmagy hem mümkindir). ◊ Sumbar, Sumluýatak, Sumlugaýa, Zümkän.

**Sunami,** *ýaponça* – güýçli ýerasty ýer titremesi ýa-da wulkanyň atylmagy netijesinde okeanyň ýüzünde döreýän äpet we howply gomlar.

**Sundyry,** *kön.s.* – deňiz (Kaşg.).

**Supa,** *a.* – **1.** Kölegeli, sapaly ýerlerde, ýabyň, serhowzuň boýlarynda oturmak, dynç almak we tomsuna ýatmak üçin niýetlenip, palçykdan beýgeldilip edilýän sekiler. ◊ Supaly. **2.** Üsti tekiz depeler; dagyň tekiz sekmerleri. **3.** Metjidiň öňündäki uly daş oturgyçlar.

**Supadag** [supada:g] – üsti tekiz dag, belentlik.

**Surruk** – suwuk palçyk, läbik, lüýk. ◊ *Ikisi-de lüýk surruga bulaşan* (Paýzy Oraz).

**Susma** – suwy ýüzleý, el bilen susup alybermeli guýular. ◊ Susmaoý.

**Suw – 1.** Wodorod bilen kislorodyň himiki birleşmesi bolup, bulaklary, derýalary, kölleri, deňizleri emele getirýän dury we reňksiz suwuklyk. **2.** Çeşme, bulak, çaý. ◊ Zamyrlysuw, Ýylysuw, Morsuwy, Uzynsuw, Hojasuwy.

**Suwakdyrgyç –** suw howdanyndaky artykmaç suwy akdyrmak üçin niýetlenen gidrotehniki desga, bentlerdäki dürli gurluşlar.

**Suw akymy – 1.** Derýanyň, bulagyň, sil suwunyň bir ýana akmagy, hereketi. **2.** Akar (akýan) suwuň wagt birligindäki ýa-da bir ýylyň dowamyndaky mukdary.

**Suwammar,** *t.-p.* – **1.** Köp suwuň toplanýan ýeri, suw howdany, sardaba. **2.** *ser.* Lar – 2.

**Suwarymly ýer –** emeli ýol bilen suwarylýan ekerançylyk meýdany, atyzy, peli. Suwarymly ekerançylyk – oba hojalygynyň bir pudagy.

**Suwaryş kanaly –** ekin meýdanlaryna suw eltmek üçin gazylan emeli desga, akaba, aryk, ýap.

**Suwasty daşlar** [… da:şlar] – köplenç, suw ýataklarynda belli bir bölegi görünýän ýa-da tutuşlygyna görünmeýän dürli ululykdaky daşa öwrülen jynslar.

**Suwasty seňir –** deňiz suwunyň aşagy bilen kenara gelip direýän belentlik, suwasty daşlaryň, gerişleriň ulgamy.

**Suwat –** güzer, derýa kenarynyň mal inmek üçin amatly ýeri (Stawr.). ◊ Aksuwat, Bukaýsuwat, Özeksuwat, Dürnyýazsuwat.

**Suw desgalary** […desga:lary] – *t.-p.* – suw baýlyklaryny peýdalanmak we suw basmak helakçiliginiň önüni almak üçin niýetlenen desgalar: bentler, gatlalar, emeli köller, howdanlar, sowgutlar, kanallar, ýaplar, şlýuzlar, estakadalar, köprüler we ş.m.

**Suw giňişligi** […gi:ňişligi] – aňrysyna-bärsine göz ýetmeýän uly meýdandaky ýa-da çäkli desgadaky suwuň ýüzi.

**Suwgyra ýer –** ýabyň, arygyň gapdalyndaky, gyrasyndaky suwarmaga amatly ýer (Penjiýew).

**Suw howdany** […howda:ny], *t.-a.-p.* – suw üpjünçiligini kadalaşdyrmak üçin peýdalanylýan suwy tomsa çenli toplap saklamak maksady bilen gurulýan emeli suw desgasy. ◊ Gurtly suw howdany, Garaşsyzlygyň 15 ýyl ad. (ozalky Zeýit) suw howdany.

**Suwlag – 1.** Mallaryň suw içýän ýeri, güzer (Kaşg.). **2.** Mallaryň suwa ýakylýan howzy, sardabalar. ◊ *Howzy-Köwser suwlagydyr* (Magt.). **3.** Bol suwly ýer.

**Suwlah –** *ser.* Suwlag – 2. ◊ *Üsti ýapyglydyr kümüş kerpiçden, Her kimiň özi çün suwlahlary bar* (Magt.).

**Suwlat** – *ser.* Suwat, Suwlag – 1. ◊ Geçisuwlat, Diksuwlat, Tekesuwlat.

**Suwluk** – suwa bol ýer, suwuň köp ýeri.

**Suwly gatlak** – ýerasty suwlaryň erkana hereket edýän gatlagy.

**Suwötük** – **1.** Diwaryň, demir we asfalt ýoluň astyndan suw geçirmek üçin goýulýan deşikler, tokurtgalar. **2.** Suw akdyrylýan turbalar, tokurtgalar.

**Suwýatak** – artykmaç suwlaryň kowulýan ýa-da ygal suwlarynyň toplanýan oýlary. ◊ Suwýatak.

**Suw ýoly** [...ýo:ly] – **1.** Suwuň akýan tebigy we emeli ýollary: derýalar, çeşmeler, kanallar, ýaplar. **2.** Gämi gatnawy üçin ulanylýan suw giňişligi, gazylyp porta, priçala barar ýaly birsydyrgyn çuňlukda saklanylýan suwasty garym zolagy.

**Süýran,** *kön.s.* – diň, minara (Kaşg.).

**Süm** – *ser.* Sum.

**Sümelge** – **1.** Kiçiräk gowak, küme. **2.** Sümüp geçilýän deşik, geçelge.

**Sümme** – **1.** Geçip bolmaýan gür tokaý. **2.** Dagyň güýçli ýagyşda, harasatda bukular ýaly deşikleri.

**Sünt,** *p.* – dag, dagyň belent depesi, çeňňesi. ◊ Sünt.

**Sürçek** – üstüne ýagan ýagşyň doňmagy netijesinde typançak bolan ýer, ýol.

**Süren** – uly haýwanlaryň ýaşamak üçin gazyp bejeren giň hinleri.

**Sütün,** *p.* – direg, söýget; dik gaýalaryň belli bir ýeriniň ýumrulmagy netijesinde onuň gapdalyna ýaplanyp duran direg şekilli depeler.

**Süýji** – içmäge ýaramly agyz suwly guýular, ýaplar, çeşmeler, köller we ş.m. ◊ Süýji.

**Süýjüguýy** – suwy içmek üçin ýaramly guýular.

**Süýrdepe** – bir zadyň iň ýokarsy, depesi, üsti.

**Süýri** – uzalyp giden depe, baýyr, geriş, atyz, köl we ş.m. ◊ Göksüýri, Süýrüdepe.

**Süzüksuw,** *kön.s.* – çeşmeden süzülip geçen dury, arassa suw (Kaşg.).

**Sygyndy,** *ýerli g.* – iki dagyň arasy, dar jülge (maňg.).

**Symyş ýer,** *ýerli g.* – ekilip taşlanan köne ekerançylyk meýdany (gb.ýom.).

**Syn** [sy:n], *kön.s.* – **1.** Dag depesi, geriş. **2.** Mazarüsti daş (Radlow). **3.** Belent gerşiň geçelgesi. ◊ Aksyn.

**Syňrak** – derýanyň deňze guýýan iki golunyň arasyndaky meýdan, delta. ◊ *Olaryň bir bölegi Nil derýasynyň syňragyna göçüp gidýär* (Muhammet Nesewi. Soltan Jelaleddin Meňburnuň ömür beýany. -A.; Ruh, 2001, 279 sah.).

**Sypa** – *ser.* Supa.

**Sypançak** [sy:pançak], *ýerli g.* – typançak, taýgançak; ýokardan aşaklygyna typylýan ýer (ärs.). Käbir türki dillerde buzuň üstünde typylýan ýerlere-de *sypançak* diýilýär (Radlow).

**Syra** [sy:ra] – **1.** Köçe, ýap ýaly uzalyp gidýän zatlaryň ýakasy, boýy. **2.** Uzalyp gidýän ekerançylyk ýeri (Penjiýew). **3.** *kön.s.* Dere, jülge. Mahmyt Kaşgarly şu manyda *sygra* sözüni ulanyp, ony “oguz sözi” diýip belläpdir.

**Syramak** – güýçli ýeliň ýokardan çaň, tozan, çäge, gar ýaly zatlary ýagdyrmagy.

**Syrat** [syra:t], *a.* – köpri. Üstünden geçmesi kyn we darajyk köprülere Syrat, Pulsyrat, Gylsyrat diýilýär. ◊ Syrat.

**Syrgyn** – **1.** Gar gatyşykly güýçli ýel. ◊ *Syrgyn şemal iki sagat çemesi dowam etdi* (“Edebiýat we sungat”). **2.** Öwüsýän güýçli ýeliň ugruna üýşen üýşmekler (gar, çäge we ş.m.). ◊ Syrgynly.

**Syrgyn** [sy:rgyn] – bir hatar bolup oturan jaý, obadaky öýleriň hatary, küren, setir. ◊ *Biziň syrgynymyzda bäş-alty öýli azerbaýjanly, iki-üç öýli eýranly pars ýaşaýardy* (“Halk sesi”).

**Syrt** – **1.** Yz tarap, daş ýüz. ◊ Galanyň syrty, öýüň syrty. **2.** Arka tarap. ◊ Ýaplaryň syrty. **3.** Üsti ýasy uzynak depe, belentlik (Kaşg.). ◊ Garasyrt, Doňuzsyrt, Tekesyrt; *Soňra ol atlylaryny bir syrt gaýra geçirdi* (A.Gowşudow. Perman). **4.** Dagyň belent ýerlerindäki düzlük (Radlow). ◊ Syrttagta, Syrtýaýla. **5.** Dagyň belent ýerlerindäki dereler (Radlow). **6.** Ululy-kiçili depeler. Kaşgarly oguzlaryň kiçi depelere *syrt* diýýändigini belläpdir. **7.** Guýruk.

**Syrylgan** [sy:rylgan] – dagyň dik ýapylaryndan aşak inýän jyglym, ownuk daşlaryň toplumy, tümmegi. ◊ Syrylgan.

**Syýa** [syýa:], *p.* – gara; ýer-ýurt atlarynda köp ulanylýan söz. ◊ Syhýakuh, Syýadag, Syýazaw, Syýaseň.

**Syýk –** *ser.* Saý – 1 (Hazaryň kenary).

**Syzyksuw,** *kön.s.* – ýeriň aşagyndan süzülip, syzylyp geçen arassa we dury suw (Kaşg.). *ser.* Süzüksuw.

## – Ş –

**Şa** [şa:], *p.* – ýer-ýurt atlarynyň düzümindäki bir manysy: uly, äpet, üýtgeşik. ◊ Şadüz, Şadüzgala, Şaýoly, *deň.:* şaýol, şatut.

**Şaggyldy –** şaglawugyň we güýçli akýan suwuň sesi.

**Şagla –** şaglawuk. ◊ Şagla, Şaglaýbulak.

**Şaglawuk –** Ýokardan aşak eňýän suw, ýokardan şaglap inýän suwuň akýan ýeri. ◊ Şaglawuk. Käbir şiwelerde *şarlawuk* diýilýär.

**Şah,** *p.* – **1.** Dagyň çeňňesi, ýokary galyp duran çiş depesi. ◊ Şahlyburun, Şahly. **2.** Atyz-çile barýan kiçi ýap. ◊ Mekgeşah, Tokaýşah, Şeýdaýyşah.

**Şaha,** *p.* – gol; derýanyň, jaryň, çeşmäniň ikä bölünýän ýeri. ◊ *Jaryň şu iki şahasynyň gündogarkysynyň sag kenarynda lüň bardyr* (A. Gowşudow. "Köpetdagyň eteginde").

**Şahça –** atyz-çile suw berýän kiçi ýaplar (ärs., muk., sur.).

**Şahşah,** *p.* – dagyň çömmek-çömmek duran ýeri. ◊ Şahşah.

**Şahta,** *nem.* – ýerasty baýlyklaryň gazylyp alynýan guýulary, çukurlary, tümeýler.

**Şakga,** *ýerli g.* – *ser.* Şykgy (ärs., sar.).

**Şalyk** [şa:lyk] – *ser.* Patyşalyk.

**Şam** [şa:m], *p.* – **1.** Iňrik garalan wagty, Gün batan çagy, agşam. ◊ Aýyň şam iýmegi (*ýerli g.)* – Aýyň Gün batandan soň dogmagy. **2.** Siriýa döwletiniň gadymy edebi çeşmelerdäki ady.

**Şamahy,** *a.* – belentlik, depe. ◊ Şamahy.

**Şapak,** *a.* – Gün dogmazynyň öň ýanynda we Gün batan wagtynda gökde emele gelýän gyzyl reňk, şöhle.

**Şark,** *a.* – gündogar (tarap).

**Şarlama** – *ser.* Şaglawuk.

**Şarlawuk** – *ser.* Şaglawuk. ◊ Şarlawuk.

**Şarşar,** *ýerli g.* – çyrla guýusy; şarlawuk (Köýtendag).

**Şatlama, şatlama aýaz** – güýçli aýaz, doňduryp barýan sowuk.

**Şawap** [şawa:p], *ýerli g.* – taba gelen ýer, ekişe taýýar meýdan (far.).

**Şaýol** [şa:ýo:l] – şäher we şäherçelerdäki uly köçeler, prospekt.

**Şehit** [şehi:t], *a.* – mazar, adam jaýlanan ýer, gubur. ◊ Şehitli, Şehitligyr, Şehitliada, Şehitlioý, Şehitlişor.

**Şeker,** *a.* – gidronimiýada: süýji suwly akar, ýap, çeşme we ş.m. ◊ Şekeraryk, Şekerbulak, Şekerli, Şekerguýy.

**Şemal** [şema:l], *a.* – **1.** Demirgazyk, gaýra (tarap). **2.** Çep tarap. **3.** Demirgazyk ýeli. **4.** Ýel; haýal öwüsýän ýel.

**Şemsi ýyl hasaby –** geçmişde türkmenlerde ulanylan günsanarlaryň (kalendarlaryň) biri (*a. şems* – "Gün"). Bu günsanarda ulanylan aýlaryň atlary, atlaryň manysy, gün sany şeýle (*ser.*: 3-nji tablisa).

**Şäher,** *p.* – köp adam ýaşaýan ilatly nokat, ülkäniň, welaýatyň, etrabyň söwda, senagat we medeni merkezi, bölüg-çäk birlik. ◊ Şährihaýbar, Şährizeňňar, Şähryslam, Şäherlik.

**Şäherçe,** *täze s.* – şäher tipli, emma şäherden kiçiräk ilatly nokat.

**Şäheretek zolagy** (zonasy) – şäheri gurşap alan we onuň bilen hojalyk taýdan ýakyn gatnaşykda bolan çäk. Bu zolakda bag-bakja, ekerançylyk ýerler, käbir kärhanalar, ulag üçin binalar, şäheriň hemralary, dynç alyş we kurort jaýlary, kommunal jaýlar, howdanlar, tokaý zolaklary we ş.m. ýerleşýärler.

**Şäherlik –** gadymy şäherleriň, galalaryň, uly oturymly ýerleriň galyndylary, harabalyk.

**Şähristan** [şährista:n], *p.* – **1.** Şäheriň daşy berkidilen galasy, erk. **2.** Içki şäher, şäheriň iň ilki gurlan ýeri.

**Şidirim,** *ýerli g.* – **1.** Maýda ýagyş, çisňi. **2.** Ekinleri sepme usuly bilen suwaryş (Özbegistan türkm.).

*3-nji tablisa*

**Gün kalendary barada gysgaça maglumatlar**

| Aý ady | Manysy | Gün sany | Haýsy aýa gabat gelýär |
|---|---|---|---|
| Ýaz aýlary | | | |
| Hamal | guzy | 31 | mart |
| Sowur | öküzçe | 31 | aprel |
| Jöwza | ekizler | 32 | maý |
| Tomus aýlary | | | |
| Seretan | leňňeç | 31 | iýun |
| Eset | ýolbars | 31 | iýul |
| Sünbüle | gyz | 31 | awgust |
| Güýz aýlary | | | |
| Mizan | terezi | 30 | sentýabr |
| Akrap | içýan | 30 | oktýabr |
| Kowus | abdalgolak | 29 | noýabr |
| Gyş aýlary | | | |
| Jedi | owlak | 29 | dekabr |
| Deluw | gowa (dol) | 30 | ýanwar |
| Hut (Hüýt) | balyk | 30 | fewral |

**Şirem** [şi:rem] – iki deräniň arasynda uzalyp gidýän belent geriş; düzlügiň beýgelýän ýeri; dagyň, gyryň uzalyp gidýän ulgamy; bir tarapy kert, beýleki tarapy ýasyrak bolan gerişler. Olaryň kiçisine Köýtendagda we Köpetdagda *şirem*, ulusyna *örk* diýilýär. ◊ Kerimşirem; Ýalaňajyň şiremi; *Her deräniň başyny şirem keser* (nakyl). Ýene *ser.* Şyram.

**Şirin,** *p.* – süýji suwly. *ser.* Şeker, Süýji. ◊ Şiringuduk, Şirinköw, Şirinhatar, Şirinşeker.

**Şlýuz,** *nem.* – gämileri bir basseýnden suwunyň derejesi tapawutly beýleki basseýne geçirmek üçin derýalarda we kanallarda gurulýan gidrotehniki desga.

**Şogap** [şoga:p] – Amyderýanyň adalary, arna bilen derýa aralygynda uzyn meýdan, jeňňellik. ◊ Ortaşogap; *Hol şogapda gazlar otyr daranşyp* (Paýzy Oraz).

**Şor** [şo:r] – **1.** Şor çykan meýdan, ýer, şorluk. *Şor* (şur) sözüni alymlaryň aglabasy pars sözi hasaplaýarlar, emma Menges, Şerbak ýaly türkologlaryň dogry belleýişleri ýaly, ol türki-altaý sözüdir. Muňa *şor* sözi bilen asyldaş bolan *saz* sözüniň majar (wengr) we çagataý dillerinde duş gelmegi hem güwä geçýär. ◊ Şor, Şorgala, Şorgöbek, Şordepe, Şordere, Şorly, Şorlumeýdan. **2.**Şor suwly guýy, köl, çeşme we ş.m. ◊ Şorajy, Şorakyn, Şorbulak, Şorguýy, Şorköl, Şorkäriz.

**Şorlamak** [şo:rlamak] – ýerasty suwuň derejesiniň ýokary galmagy sebäpli, ýeriň ýüzüne duz çykmagy.

**Şorluk** [şo:rluk] – *ser.* Şor – 1.

**Şorsaw** [şo:rsaw] – şorrak suwly akaba, guýy.

**Şortaň** [şo:rtaň] – biraz şorlaşan, şorlaşyp başlan ýer.

**Şortap** [şo:rta:p] – *ser.* Şortaň.

**Şosse,** *fr.* – ulag gatnawy üçin asfalt ýa-da beton düşelip bejerilen giň ýol.

**Şow –** suw degirmenine gelýän suwy başga ýana sowmak üçin gazylan ýap.

**Şöhle,** *a.* – nur, ýalkym, Günüň ýagtysy. ◊ *Leýli kimin şöhle salsam* (“Şasenem-Garyp”).

**Ştat,** *nem.* – käbir döwletlerde öz-özüni dolandyrýan dolandyryş-çäk (administratiw-territorial) birlik (asyl manysy “döwlet”). ◊ Amerikanyň Birleşen Ştatlary.

**Şugla,** *a.* – *ser.* Şöhle. ◊ *Perwana deý her şuglaga baş urup* (“Gül-Senuber”).

**Şüdügär** [şüdügä:r] – sürlüp goýlan ýer.

**Şykgy** – ýapyşyp, degen ýerine ýelim ýaly ýelmeşip ýatan palçyk; toýun ýer. ◊ *Birsellemden köpdi ýoluň şykgysy* (Paýzy Oraz).

**Şyr** – düp-düz, tep-tekiz, takyr. ◊ *Şepagatyň şyr düzünde, Mojuk gördüm işlerini* (Dowan şahyr); Gyzylşyr.

**Şyram** – *ser.* Şirem. ◊ Şyram, Şyramguýy, Kyýamatşyram.

**Şyrlama** – **1.** *ser.* Çyrla. ◊ Şyrlama. **2.** Üsti ýelli tekiz belentlik. ◊ Şyrlamabeýik.

**Şyrlamak** – ýokardan ýuwaşja eňýän suwuň sesi.

**Şyrmyk** – çägäniň, ak gumuň bir görnüşi, şyrlap, akyp ýatan gum, üsti ösümliksiz çäge. ◊ Şyrmyk, Şyrmykgyzyl.

**Şyr takyr** – tekiz takyr, ösümliksiz takyr, düz. ◊ Şyrtakyr.

## – T –

**Taba** [ta:ba] – ekilen zatlaryň (nahallaryň, gowaçanyň, jöweniň we ş.m.) hatary, keşi; ekişde, orumda bölünip alnan aralyk. ◊ *Gapdalyňdan taba tutmaga geldim* (Gurban Wehimi).

**Tabakçeşme** [ta:bakçeşme], *a.-p.* – gözbaşy tabak ýaly tegelek çukurdan çykýan az suwly, köplenç, güýçli akmaýan, çykan ýerine siňip duran çeşmeler. ◊ Tabakçeşme.

**Tabluk,** *kön.s.* – ýeriň ýarygy (Kaşg.).

**Tabystan** [ta:bystan], *p.* – tomus. ◊ *Tabystanda ýylan çykar hininden* (Aryf).

**Tada,** *kön.s.* – durup, bir tarapa seredeniňde, gözüň ýetýän möçberindäki ýer (Kaşg.).

**Tagan** [ta:gan] – tagany ýada salýan üç närseden ybarat zatlar: depeler, dereler. ◊ Tagandere, Üçtagan.

**Tagara,** *p.* – tagara ýaly tegelek we çuň oýlar, peslikler, çöketlik. ◊ Tagara, Tagaraw.

**Tagt,** *p.* – **1.** Jaýyň belent ýerinde soltanlaryň, şalaryň oturmagy üçin ýörite bejerilen bezemen oturgyç, seki; şol tagta meňzedilýän üsti tekiz belentlikler. ◊ Soltantagt, Tagt, Süleýmanyň tagty. **2.** Dagyň, gyryň belent ýerlerindäki tekiz ýerler. ◊ Sertagt. **3.** Däneli ekinleriň endigan gögeren ýagdaýy, döwri. **4.** Ýeriň suwarylyp, sürlüp, ekişe taýýar edilip goýlan ýagdaýy. **5.** *ýerli g.* Suwarmak üçin amatly bolar ýaly, kölçelere (gyralaryna çil tutulan böleklere) bölünen ýeriň aýry-aýry kölçeleri (ahal; Orazow).

**Tagta,** *p.* – tekiz düzlük; iki jülgäniň aralygyndaky tekizlik. ◊ Tagta, Tagtabazar, Injirlitagta, Sarytagta, Syrttagta, Tagtalyk, Almatagta, Welitagta.

**Tahýadaş** [tahýada:ş] – görnüşi tahýa meňzeş gümmezekläp duran dag depesi ýa-da uly daşlar. ◊ Tahýadaş.

**Tak,** *p.* – gümmez, gümmezli jaý; ýarym tökerek görnüşinde üsti ýapylan derweze, gapy, penjire; jaýyň diwarynda zat goýmak üçin edilen tekjeler. ◊ Takýazyr, Tak, Takýunushan.

**Takalaň –** ösümlik, ot bitmedik giden düz meýdan, şyr takyr ýer.

**Takyr –** toýun çöl, toýunsow giňişlik, üsti ösümliksiz düz meýdan, şyr. ◊ Takyr, Takyrdepe, Takyrçy, Gyzyltakyr.

**Takyrlyguýy –** takyryň pes ýerlerinde gazylyp, oňa üýşen ýagyş suwunyň guýdurylmagy netijesinde ajy suwy süýjedilýän çyrla guýy. ◊ Takyrlyguýy.

**Tak ýer,** *ýerli g.* – gaty we tekiz ýalaňaç düzlük (Özbegistan türkm.).

**Tak ýol** [… ýol], *ýerli g.* – üstünden köp ýörelip berçigen takyr ýol (Özbegistan türkm.).

**Talak,** *a.* – esasy daglardan uzakda ýerleşen ýekeje dag depesi; köp depelerden aýratynlykda duran ("talak berlen") depe. Ýene *ser.:* Ýetim, Bötendag. ◊ Talakdepe.

**Talhan –** örän ownuk we tolkunyp ýatan çägeleriň bir görnüşi. ◊ Talhanly.

**Talh suw –** düzüminde mineral maddalar, şol sanda duzlar köp bolan suwlar (olara *ýogyn suw*, *galyň suw, bordan suw* hem diýilýär). Meselem, Amyderýanyň suwunyň talhlygy tomsuna Dörtgül şäheriniň ýanynda 4,7 mg-ekw./litre barabardyr. Mahmyt Kaşgarly "bişmedik miwe, üzüm" (ýagny "ajy") manysynda *talka* sözüni ulanypdyr. Bu türki söz "ajy, şor" manysynda pars diline-de geçipdir (şonuň üçin *talh* sözüni parsy hasaplaýanlar hem bar).

**Talkyg,** *kön.s.* – iki dag gerşiniň goşluşýan, çatlyşýan ýeri (Kaşg.).

**Taluý,** *kön.s.* – okean, deňiz (Kültegininiň ýadygärligi).

**Tam** [ta:m] – öý, jaý, pagsadan ýa-da kerpiçden gurlan bina. ◊ Tamly, Tamparah.

**Tamarka** [ta:marka], *ýerli g.* – öň kolhoz we sowhoz işçileriniň hususy bähbitleri üçin bölünip berlen goşmaça ýer, mellek (Daşoguz wel.; far.).

**Tamdyr – 1.** Göçülen, emma tamdyry saklanan ýer. ◊ Tamdyrlyboz. **2.** Tamdyra meňzeş uly togalak daşly ýer, togalak depe. ◊ Tamdyrseňňi.

**Tamga,** *kön.s.* – **1.** Derýanyň deňze, köle ýa-da ýene özüne guýulýan goly, goşandy, arnasy. **2.** Deňziň aýlagy; derýa kenarlarynda gaýyklaryň durýan ýeri (Kaşg.).

**Tamlyk** [ta:mlyk] – köp tamly ýer; göçülen obanyň harabaçylygy. ◊ Sakgaryň tamlygy.

**Tan,** *kön.s.* – daňyň we şamyň sowuk ýeli (Kaşg.).

**Tanap,** *a., kön.s.* – **1.** Meýdany gektaryň bäşden birine deň bolan ýer ölçegi (ini we boýy 60 arşyn ýa-da 3600 ädim). **2.** 41,5 çärýege deň bolan uzynlyk ölçegi. 100 tanap 1 mile deňdir (Radlow).

**Taňry,** *kön.s.* – **1.** Uly, belent. ◊ Taňrygazan, Taňrydag. **2.** Gök, asman. **3.** Allanyň köp sanly atlarynyň biri.

**Taňrygazan** – öň suw akan ýerlerden, jarlardan, akyn ugurlaryndan çekilen ýaplar, kanallar. ◊ Taňrygazan.

**Tap** [ta:p], *ýerli g.* – iki lüňüň aralygy (ar.).

**Tapbat** [tapba:t], *p., ýerli g.* – *ser.* Epgek.

**Tap ýer** [ta:p …] – suwarylandan soň, suwy siňip we kepäp, ýeriň sürüme we ekişe taýýar bolmagy.

**Tarap,** *a.* – ugur; ýan, gapdal, taý; Ýer şarynyň dürli bölegini görkezmek üçin şertleýin aňladylýan ugur.

**Tarawa** – *ser.* Darawa – 2, 3. ◊ Tarawa.

**Taraz,** *p.* – *ser.* Saka – 2, 3, Gatla.

**Tarhan,** *kön.s.* – hökümdarlaryň ýa-da döwletiň öňünde bitiren belli bir hyzmaty ýa-da hyzmatlary üçin dürli ýeňillikler berlen şahs; şeýle adamlara degişli bolan we salgytdan boşadylan ýer. ◊ Tarhan, Tarhanguýy.

**Tarim,** *kön.s.* – derýanyň batgalyga guýýan ýa-da çägelikde ýitip gidýän aýagy (Kaşg.), derýanyň goly, goşandy.

**Tarmak** – *ser.* Daram, taram.

**Tarmut,** *kön.s.* – **1.** Dag depeleri we saýlyklary (Kaşg.). **2.** Derýanyň gollary we orunlary (Kaşg.).

**Tarnaw,** *ýerli g.* – suwy tarnaw (ternaw, akweduk) arkaly başga bir ýabyň üstünden geçirilen aryk (sak.). ◊ Tarnawaryk, Hojatarnaw. Edebi dilde *ternaw* diýilýär.

**Tarp –** hiç wagt sürülmedik we ekilmedik, emma özleşdirilmegi mümkin bolan boz ýer. ◊ Tarphana.

**Taşa,** *ýerli g.* – ýelden, ýagyşdan, sowukdan, ýakyp barýan günden goranmak üçin edilen wagtlaýyn agyl ýa-da telär.

**Tatyr,** *kön.s.* – *ser.* Takyr (Kaşg.).

**Taý** [ta:ý] – *ser.* Tarap.

**Taýaksalym –** taýak zyňlanda ýeter ýaly ýakyn aralyk, taýakýetim.

**Taýfun,** *hyt.* – köplenç, ekwatoryň zonasynda döreýän güýçli ýel, harasat, apy-tupan.

**Taýga,** *t.-m.* – **1.** Gür tokaýlyk; üsti tokaýly dag (Murzaýew); gaýaly dag (Radlow). **2.** *ser.* Taýgançak.

**Taýgak** [ta:ýgak] – *ser.* Taýgançak.

**Taýgançak** [ta:ýgançak] – **1.** Typançak, sürçek, taýdyrýan. **2.** Ýagyşdan, erän gardan soň toýun ýeriň we ýoluň ýagdaýy.

**Taýka,** *ýerli g.* – güzer, olum (gar.).

**Taýyz – 1.** *kön.s.* Belent ýer (Kaşg.). **2.** Deňziň ýalpak kenary.

**Tazgun,** *kön.s.* – derýa, uly derýa (Kaşg.).

**Teblehana** [tebleha:na], *a.-p.* – ýaby, eşek ýaly mallary daňmak we saklamak üçin ýörite edilen üsti bassyrmaly, töweregi haýatly jaý.

**Tedrim,** *ýerli g.* – ekilmedik ýa-da ekilip taşlanan ýer, tarp (dg. ýom.).

**Tegaw** [tega:w], *ýerli g.* – tekiz düzlük, takyr (Sarahs).

**Tegelek –** töwerek, halka görnüşli aýlaw; süýri däl-de, meýdany tegelenip duran ýerler, depeler. ◊ Tegelekgala, Tegelekgyr, Tegelekköl, Tegelekşor, Garategelek.

**Tegen,** *ýerli g.* – agyl; agyl ýaly daşy gallanan ýerler (ärs.). ◊ Tegenli.

**Tegerk,** *p.* – doly, buz, ýagyş. ◊ *Duman gelip, dag başynda ýörisin, Tegerk ýagyp, şol garlaryň erisin* ("Asly-Kerem").

**Tekeç –** dagyň, gyryň basgançak-basgançak, seki-seki bolup gidýän ýapylary. ◊ Tekejik, Tekeçgyr.

**Tekizlik** [teki:zlik] – *ser.* Düzlük.

**Tel,** *a.* – depe, belentlik, tümmek. ◊ Tallymerjen (Telimerjen), Telezagan, Tellipagta, Talgandym.

**Telek,** *ýerli g.* – **1.** Jaýyň üstünde, salkynda oturmak ýa-da däne, tohum saklamak üçin edilýän telär, saýawan (Daşoguz). ◊ Teleklitam. **2.** Kör telek – kerçelen ýorunja, ot-iým we ş.m. saklanýan telek (dg. ýom.).

**Telär** [telä:r] – **1.** Kölegelemek üçin agaç dikilip, çöp-çalamdan, gamyşdan, hyşşadan edilýän taşa, saýawan. ◊ Telärli. **2.** *ser.* Dalbar.

**Tellik,** *ýerli g.* – deňlik, ortalyk; iki ýa-da birnäçe hojalygyň, obanyň, tiräniň ortalyk zady. ◊ Tellikkak.

**Tenekar** [teneka:r], *ýerli g.* – jybar (Far.).

**Teň,** *p.* – dag deresiniň, jülgesiniň gysylan ýeri, gysy, dar jülge; dar ýer. ◊ Köýten (Kuhiten); *Tärik jaý teňlik eder, kejdumlary mardan beter* (Şeýdaýy).

**Teňir –** *ser.* Seňir – 1. ◊ Garateňir, Teňňirýap.

**Teňňeli –** örän ýuka gatlaklardan ybarat daşly ýerler. Kalsit, dolomit we minerally palçyklaryň garyşyp, çöküp gatamagyndan emele gelen bu dag jynslary gatlak-gatlak bolýar. Olaryň gopup owrananlary hem teňňeli meýdany ýada salýar. Ylmy edebiýatda *mergel* diýlip atlandyrylýan bu dag jynsy sement taýýarlamak üçin gowy materialdyr. Onuň 76–80 göterimi kalsitden we 20–25 göterimi palçykdan durýany bolsa tebigy sement hasap edilýär. ◊ Teňňeli, Teňňelioý, Teňňedepiz.

**Teňňir –** *ser.* Seňir – 1. ◊ Teňňirýap.

**Teňri,** *kön.s.* – *ser.* Taňry.

**Terezi,** *p.* – **1.** Üçýyldyzyň ikinji ady. **2.** Mizanda (güýzde) gije we gündiziň deňleşýän wagty.

**Teriň** – çuň. Mahmyt Kaşgarly *terinek* sözüni “çeşme suwy”, *teriňük* sözüni bolsa “gaýnap çykýan suw” we “syzyp çykýan suw” manylarynda ulanypdyr. ◊ *Teriň derýa, haýbatyňa guwanma* (Magt.).

**Ternaw** [terna:w] – **1.** Akweduk. **2.** Nowa, ternaw ýaly ýerden akyp çykýan gözbaşlar, çeşmeler. ◊ Ternaw, Ternewli.

**Terrasa,** *fr. – ser.* Sekirtme.

**Territorial suwlar** – belli bir döwlete degişli kenara degýän we şol döwlet tarapyndan eýelik edilýän suwlar.

**Territoriýa,** *lat.* – belli bir araçäk, serhet bilen kesgitlenen guryýer we suw giňişligi; çäk; çygyr, aýtym, tutýan meýdany.

**Ters** – ters ugra çekilen, şonuň üçin hem suwy akmaýan ýa-da erbet akýan ýaplar. ◊ Abdyllanyň tersi.

**Tersakan** – akmaly ugruna (Türkmenistanyň çäklerinde, köplenç, gündogardan günbatara) däl-de, başga ugra akýan akarlar; derýanyň egrem-bugram bolup, terslin-oňlyn akýan ýeri. ◊ Tersakan.

**Tersakar** – *ser.* Tarsakan.

**Teşne çöl** – suwsuz, suwa mätäç çöl.

**Teý, tek** – **1.** Ast, aşak. ◊ Orteki, Gyrteýesgi. **2.** Düýp, binýat. ◊ *Olar indi otlynyň salynjak ýolunyň tekini tutýardylar* (A. Gowşu-dow. “Perman”).

**Tezginç,** *kön.s.* – dagyň egrem-bugram ýodasy (Kaşg.).

**Tärik** [tä:ri:k], *p.* – garaňky, tüm. ◊ *Tärik jaý teňlik eder, kejdumlary mardan beter* (Şeýdaýy).

**Tärim** [tä:rim], *a.* – gara öýüň tärimi ýaly aýlaw berip duran gaýa, dag, gyr. ◊ Tärimli, Tärimgaýa.

**Täze** [tä:ze], *p.* – ýaňy; öňli-soňly ýüze çykan iki (köp) obanyň, öňli-soňly gazylan guýynyň, ýabyň we ş.m. soňkusy. ◊ Täzebazar, Täzegala, Täzeguýy, Täzekäriz, Täze Nusaý, Täzeoba, Täzehasar, Täzeýap.

**Tim** [ti:m], *kön.s.* – gümmez, üsti gümmezli jaý (Radlow).

**Tirçe** [ti:rçe], *p.-t., ýerli g.* – kiçi ýap (Hojambaz, Halaç).

**Tirema** [tirema:], *ýerli g.* – güýz (lebap wel.).

**Tirgeş,** *kön.s.* – ýata suw (Kaşg.).

**Tirkeş, tirkeşik** – iki ýa-da köp zadyň (depäniň, kölüň we ş.m.) biri-biriniň yzyndan gidýän ýeri, hatary. ◊ Tirkeşler, Tirkeşikli.

**Tirsek** – uzalyp gidýän desgalaryň (ýabyň, gyryň, derýanyň, gerşiň we ş.m.) burç bolup öwrülýän, bir tarapa sowulýan ýeri. ◊ Tirsek, Hantirsek, Tirsekýap.

**Tiýek,** *ýerli g.* – etek (şäheriň etegi), aşak, aýak, ýagny derýanyň aýagy (Astr.). ◊ Tiýeksuw.

**Toda** [to:da], *p.* – topbak, üýşmek, üýşürilip goýlan her bir zat. ◊ Isfentoda.

**Togalak – 1.** Şar görnüşinde bolan. ◊ Ýer togalagy. **2.** Üsti ýarym şar ýaly togalanyp duran depeler. ◊ Togalak, Togalakburun, Togalakdepe, Togalakly, Togalakhowuz, Garatogalak.

**Togsan dolmak** [… dolmak] – türkmeniň Täze ýyly, Baýdak aýynyň 22-sine düşýän gün (gyşyň 90 güni gutaryp, baharyň başlanmagy).

**Tokarak,** *kön.s.* – suwötük, tokurtga. ◊ *Sen şu ýerde atlary tutup dur – diýip, şol tokarakdan girdi* (“Saýatly-Hemra”).

**Tokaý** – her hili gyrymsy ýa-da uly agaçlar gögerip oturan meýdan, gür daragtlyk ýer. ◊ Aktokaý, Tokaýly, Işantokaý, Salyrtokaý, Uzyntokaý, Çäçtokaý.

**Tokurtga** – uly ýaplardan kiçi ýaplara, ýaplardan okjoýalara suw goýbermek we dyky bilen aňsat beklemek üçin, ýabyň gulagynda oturdylan lüleler, turbalar. ◊ *Suw almasyn, tokurtgany dykaýyn* (Durdy Gylyç).

**Tolgunma** – suwuň ýüzünde tolkunlaryň peýda bolmagy. Ol ýel düşende we ýer titrände döreýär.

**Tolka,** *ýerli g.* – derýanyň uly tolkuny (ärs.). “Tolkun” manysyndaky tolky sözüni W.W.Radlow hem belläpdir.

**Tolkun** – ýeliň ýa-da başga bir fiziki güýjüň täsiri netijesinde suwuň ýüzünde döreýän hereket, suw örküçleri.

**Tomalak,** *ýerli g.* – *ser.* Togalak (ärs.). ◊ Tomalakdag.

**Tommuk** – kiçi depeler, düwrün, üýşmek gumlar. ◊ Tommukdag, Tommuk, Tommukly.

**Tomsuň kiçi çillesi** – *ser.* Çille.

**Tomsuň uly çillesi** – *ser.* Çille.

**Tomus** – ýylyň ýaz bilen güýz aralygyndaky iň yssy üç aýy, ikinji pasly.

**Tomus oý** [… o:ý] – Garagumda tomusda oturylýan oý, süýji suwly guýynyň oýy. Oňa *tomus ýurt* hem diýilýär.

**Tomus ýurt** [… ýu:rt] – *ser.* Tomus oý.

**Toňňa, Taňňa,** *ýerli g.* – uzakdan görünýän dik depeler (Esenguly). ◊ Taňňalar.

**Top** – topar, jem, ýygyn; şol bir görnüşli zatlaryň toplumy. ◊ Topguýy, Topdepe, Topjak, Topýylgyn, Topçulba, Topsaryk.

**Topar** – köp, ençeme; bir görnüşli närseleriň üýşmegi. ◊ Topar, Toparajy, Toparçulba.

**Topbak** – *ser.* Topar. ◊ Topbakürt.

**Toplum** – *ser.* Topar.

**Toprak** – **1.** Ýeriň üstki, gyrmança, tozan, çäge, toýun, topur ýaly maýdajyk däneleriň dürli görnüşde utgaşýan we ösümlikdir jandarlar bilen baýlaşýan çüýrüntgili gatlagy. Mehaniki düzümine baglylykda çäge, çägesöw, ýeňil toýunsow, orta toýunsow, agyr toýunsow, toýun topraklary tapawutlandyrýarlar. ◊ Toprakgala. Ozalky Bütinsoýuz pagtaçylyk institutynyň (Союз НИХИ) şkalasyna (1963) laýyklykda toprak nusgalarynda fiziki toýnuň, ýagny möçberi (0,01 mm-den kiçi dänejikleriň) mukdaryna görä aşakdaky ýaly atlandyrylýar: düzüminde fiziki toýnuň mukdary 14%-den az bolsa, onda oňa *çäge* diýilýär; düzüminde fiziki toýnuň mukdary 14–25% aralygynda bolsa, onda oňa *çägesöw*; 25–33% aralygynda bolsa, *ýeňil toỳunsow*; 33–40% aralygynda bolsa, *orta toỳunsow*; 40–50% aralygynda bolsa, *agyr toỳunsow*; 50–58% aralygynda bolsa, *ýeňil toýun*; 58–66% aralygynda bolsa, *orta toýun*; 66%-den köp bolsa, *agyr toýun*, diýilýär. Toprak nusgasyndaky dänejikleriň ululygy: 0,01–0,001 mm aralygynda bolsa, onda oňa *gyrmança* diýilýär; 0,001–0,0001 mm aralygynda bolsa, *kolloidden öňki bölejikler* diýilýär; 0,0001–0,000 001 mm aralygynda bolsa *kolloid bölejikler* diýilýär. **2.** Ekin meýdany. **3.** Ýurt, Watan. ◊ Türkmen topragy.

**Topur** – ýumşak, toýun gatançly toprak; şeýle hem tozan, kirşen. ◊ Topurdepe, Topurkak.

**Tot** [to:t] – ümür, duman, tozan.

**Toýnak,** *ýerli g.* – toýnuk şekilli egri, aýlaw gum, depe (ärs.). *ser.* Toýnuk. ◊ Aýtoýnak.

**Toýnuk –** haçja, şaha; uzalyp gidýän desgalaryň ikä bölünýän ýeri, egri atyz, toýnuk ýaly egri takyr. ◊ Toýnuk, Toýnuktakyr.

**Toýun –** dykyz toprak, şykgy. Kaşgarly *toý* sözüni "palçyk" diýip düşündirýär. ◊ Toýunly.

**Toz** [to:z] – *ser.* Tozan. ◊ *Tozuň ýüzüme sürtem, Ger çyksa aýakyňdan* (Mollanepes).

**Tozan – 1.** Çaň, howany gaplap alan toz, ownuk gum. **2.** Tozanly, çaňly ýel, harasat, tüweleý. ◊ Tozanly. **3.** *ýerli g.* – Türkmen diliniň käbir ýadygärliklerinde bu adalga *tozan, tozyň* görnüşlerinde ulanylypdyr (Tefsir).

**Tör** [tö:r] – jaýyň, howlynyň, galanyň, gowagyň we ş.m. düýp tarapyň girelgesiniň iç garşysy. Gazagystanyň günortasynda ýaşaýan gazaklar we gyrgyzlar dereleriň dagyň ýokary tarapyna baryp direlýän, gutarýan ýerine *tör* diýýärler. ◊ *Törden geçseň, gerşiň beýlesindäki dere başlanýar* (Konkaşpaýew, Murzaýew).

**Töwerek –** degre-daş, öwrüm, bir zadyň daşyny gurşap alan ýerler. Bu adalga *tegelek* sözi bilen asyldaşdyr. Mahmyt Kaşgarly ony *tegrek* görnüşinde ulanypdyr.

**Traktor ýoly,** *iňl.-t.* – gara ýollaryň asfaltyny zynjyrly traktorlaryň bozmazlygy üçin, ýoluň bir ýa iki tarapynda goýulýan ýörite ýol.

**Trassa,** *nem.* – ýoluň, kanalyň we ş.m. geçýän ugry, geçýän ýeri.

**Tug,** *kön.s.* – **1.** Bent, böwet, dyky (Kaşg.). Bu adalga dykmak (tykmak) işligi bilen bagly bolsa gerek. **2.** Baýdak.

**Tumşuk –** dag depeleriniň, burunlaryň öňe çykyp duran ýeri, öňe abanyp duran gaýa. ◊ Bazartumşuk, Gyzyltumşuk.

**Tundra,** *fin.,* – Polýar ülkelerindäki ownuk ösümlikli batgaly giňişlikler.

**Tunnel, tonnel,** *iňl.* – demir we gara ýollary, elektrik we aragatnaşyk kabellerini, suw we ş.m. geçirmek üçin edilýän ýerasty we suwasty geçelgeler, tümeýler.

**Tupan** [tupa:n] – güýçli ýel, syrgyn, boran, harasat, gaý.

**Tupçyl ýer,** *kön.s.* – şemally, ýelli ýer (Kaşg.).

**Turmak** – başlamak, göterilmek, öwüsmek (ýel, gaý, harasat barada).

**Tutgy** – düme ekilýän oýtak; ýagyş suwuny gerekli oýtaga akdyrmak üçin takyryň öňüne edilýän çil, böwet (Balkan wel.). ◊ Eýmiriň tutgusy.

**Tutmak – 1.** Derýa suwunyň doňmagy. ◊ Derýa tutanda, buzuň üstüne çöp ýazyp, düýelerem geçirilýär. **2.** *Suw tutmak* – ýere suw goýbermek, ýeri suwa ýakmak.

**Tutulmak** – Aýyň tutulmagy: Aýyň görünýän ýüzüniň Ýeriň kölegesi bilen örtülmegi; Günüň tutulmagy: Günüň ýüzüni Ýer bilen Gün aralygyndan geçýän Aýyň kölegesiniň ýapmagy.

**Tuwa,** *ýerli g. – ser.* Köre.

**Tüm** – **1.** Gumuň bir görnüşi: gyr we takyrly ala gumlaryň aralygynda ýerleşýän akgumlar, alaňly çägeler. Olara tün hem diýilýär. Üsti ösümliksiz bu ak gumlaryň emele getirýän zolagynyň ini 100–200 kilometrdir (Orazow). ◊ Gyzyltüm. **2.** Üstünden geçmesi kyn gum (Sarahs). **3.** Tümmek. **4.** *ýerli g.* Lüň. **5.** Tüýnük (*tüýnük* sözüniň özi-de *tüm-lük* ýa-da *tün-lük* sözüniň üýtgän görnüşidir). **6.** Lagymyň ýokarsynda goýulýan deşikler. **7.** Ýerasty jaý. ◊ *Seýitmyrat beg ýalylar özlerine deňli-derejeli owadanlap tümler gazdyrypdyrlar* (A. Gowşudow. “Perman”).

**Tüm çarwasy** – tüm gumlardaky maldarlar we şol ýerde ýaýlalaýan çarwa obalary (Orazow).

**Tümen,** *kön.s.* – **1.** Etrap, welaýat (Malow). **2.** Buhara emirliginde ýer ölçegi: 1 tümen = 40 000 tanap, 60 gez = 1 tanap (Radlow). **3.** Ýüz obasy bolan şäher (Radlow). ◊ Tümen urugy, Tümenli. **4.** Buhara emirliginde bölüg. ◊ Kelif tümeni.

**Tümeý** – nagym, tunnel, ýerasty geçelge.

**Tümmek** – gümmezekläp oturan, tebigy ýa emeli ýol bilen dörän ululy-kiçili gum üýşmekleri, depe, beýiklik. At ýasaýjy *-mek* goşulmasyny kabul eden tüm sözi *temp*, *tom/tem, dom, doň, tumb* ýaly dürli ses öwüşginlerinde ähli türki dillerde ulanylyp, onuň asly Altaý we Hindi-Ýewropa diller toparlarynyň ikisi üçin-de umumydyr, çünki ol *tomb, tom, tum (p.), domb (majar), tumbus (ýun.), tumbulus (lat.)* görnüşlerde hindi-ýewropa topara degişli dillerde-de ýörgünlidir. ◊ Daşlytümmek, Sowuktümmek, Tümmekdag, Tümmeksetir, Tümmekgum, Tümmektakyr.

**Tümmek çäge** [… çä:ge] – çägäniň relýef şekiline görä at alan görnüşi.

**Tümmi** – gümmezekläp oturan kiçi depe.

**Tün** – **1.** *ser.* Tüm – 1. ◊ Tünajy, Tünlük, Tünüderýa (“tün derýa”). **2.** Garaňkylyk, gije. ◊ *Tün olmuş günleri gördüm* (Ýunus Emre).

**Tünlük** – deşik, oýuk (*tüýnük* sözüniň bir görnüşi). ◊ *Bular Kubaýs dagyga baryp, gabrystanlarny agtaryp, bir dar tünlükden bir kimersäni tapdylar* (“Leýli-Mejnun”).

**Tüpgen** – orda, topbak oturylýan ýer, düýpgoş. ◊ *Atyny dogry ýagynyň tüpgeniniň dikilen ýerine baka sürdi* (A.Gowşudow).

**Tüweleý** – atmosfera hadysasy: birden turup, ýerden göge çenli towlanyp öwüsýän we geçýän ýeriniň ýüzündäki zatlary göge galdyrýan güýçli ýel. Şiwelerde oňa *tüwereý* hem diýilýär.

**Tüýnük** – **1.** Üstünde deşigi bolan gowaklar. ◊ Tüýnükli (gowak). **2.** Gara öý görnüşindäki togalak depeler, daglar. ◊ Tüýnükli, Tüýnüklije, Tüýnükdepe.

**Tyga** [ty:ga] – serhet çyzygy. ◊ *Uzalyp gidýän tebigy belgi – dag bilen çäklenýän serhet tygasyndan bärik geçen adama ölüm ýokdy* (A.Gowşudow. “Perman”).

**Tyg bermek** [ty:g …] – daňyň ýaňy atyp başlamagy.

**Typançak** [ty:pançak] – *ser.* Taýgançak.

## – U –

**Ubuz,** *kön.s.* – gaty ýer (Kaşg.).

**Ubuzlyk,** *kön.s.* – çukur ýer (Kaşg.).

**Uç** [u:ç] – gyra, çet, iň aňyrky. ◊ Ujajy; Ýeriň aňry ujy.

**Uçastok,** *r.* – **1.** Çäklendirilen belli bir ýer bölegi, mellek. **2.** Daýhan birleşigi ýa-da onuň bir bölegi, obasy.

**Uç il** [u:ç i:l], *kön.s.* – serhetde, çetde ýerleşen uzak welaýat (Kaşg.).

**Uçma** – uçudyň (kert jaryň, dik gaýanyň, gorpuň, çuň çukuryň …) gyrasyndan geçýän ýol.

**Uçurym –** *ser.* Uçut.

**Uçut –** beýik kert, dik gaýa, uçurym. Bu adalga *uçmak* işliginden bolup, ol Köşeguçan, Aguçan ýaly gaýa atlarynda duş gelýär.

**Uýuk –** *ser.* Oýuk – 3.

**Ugruk,** *kön.s.* – **1.** Derýanyň, saýyň gutarýan ýeri, aýak ujy. **2.** Dagyň ýapysy (Kaşg.).

**Ugur** – ýaka, boý, syra; tarap. ◊ Jeňňeliň günorta ugry; ýoluň ugry.

**Uja** (dag) – belent, beýik; görnükli (Radlow); dagyň belent görnüşi. ◊ *Çykyp ujalara, bakmak islärsiň* (Garajaoglan).

**Ul,** *kön.s.* – binýat, düýp, fundament, jaýyň dyrnagy (Kaşg.).

**Ula,** *kön.s.* – çöl we sähra ýerlerindäki ýollaryň ugrunda ýol görkezmek üçin goýulýan daş (Kaşg.), çelgi, görkeziji.

**Ulgam** – **1.** Beýiklikleriň we peslikleriň ulaşyp, utgaşyp gidýän ýerleri. ◊ Garanyň ulgamy, Köpüň ulgamy. **2.** Çägäniň Garagumda giň ýaýran relýef şekilleriniň bir görnüşi, ulgam çägelik.

**Ulus,** *kön.s.* – oba, şäher; ülke, ýurt. Mahmyt Kaşgarlynyň döwründe bu söz *uluş* görnüşinde ulanylypdyr. ◊ Il-ulus.

**Uluş,** *kön.s.* – gyşlag (çigilçe); şäher (arguça; Kaşg.). *ser.* Ulus.

**Uly –** iki ýa-da köp meňzeş desganyň iň ulusy. ◊ Ulugöz, Uludag, Uludepe, Uludüme, Ulujar, Uluköl, Uluşor, Uly Akdepe, Ulyada, Uly Garagum.

**Uly çille** – *ser.* Çille.

**Uly suw** – okeanlarda, deňizlerde joşgun wagty suwuň iň ýokary derejesi.

**Umman** [umma:n], *a.* – uly deňiz, okean, derýa. ◊ *Gaýnaban joş uran Umman derýasy* (“Gül-Senuber”).

**Urpak** – çägäniň, gumuň, topuryň küpürsäp ýatan tebigy üýşmegi, topbak ýeri. ◊ Goşaurpak, Taýurpak, Japarbaýurpak, Mätiurpak.

**Ury – 1.** Bugdaý, arpa we beýleki däneleri saklamak üçin edilýän çukur. ◊ Urusakçy. **2.** *kön.s. Ury* ýa-da *ory* – gök önüm saklanýan çukur (Kaşg.). **3.** *Ory* – çukur (Kaşg.). **4.** Dere, jülge (Kaşg.).

**Ussapürküş** – ýagşyň çisňäp ýagmagy, çisňi.

**Uwruk,** *kön.s.* – dagyň etegi (Kaşg.).

**Uýezd,** *r.* – rewolýusiýadan öňki Russiýada we 1929-njy ýyla çenli ozalky SSSR-de bölüg-çäk (administratiw-territorial) birligi, *guberniýanyň* düzüminde bir bölek, taryhy taýdan, bir günüň dowamynda atly aýlanyp çykmak mümkin bolan ýer.

**Uý ubuz,** *kön.s.* – peslik we sähralyk ýer (Kaşg.).

**Uz** [u:z], *kön.s.* – *Üňüz* sözüniň gysgalan görnüşi: derýa. Häzirki döwürde: derýanyň köne hanasy, derýa akan ýer. ◊ Uzboý, Uzgeriş.

**Uzaboý** – **1.** Ýap, ýol, geriş, dere ýaly uzalyp gidýän tebigy gurluşlaryň we desgalaryň tutuş boýy, uzynlygy. **2.** Rus dilindäki «pogonnyý metr» ölçeginiň terjimesi.

**Uzak** – iki ýa-da birnäçe meňzeş närsäniň iň uzakdakysy. ◊ Uzak Gündogar – Günbatar Ýewropa ýurtlaryndan has uzakda ýerleşen ýurtlar (oňa öňki SSSR-iň gündogary, Hytaýyň gündogary, Koreýa, Ýaponiýa we Filippinler girýär).

**Uzaklyk – 1.** Geografik giňlik bilen bilelikde haýsydyr bir nokadyň ýer ýüzüniň niresindedigini kesgitlemek üçin ulanylýan, geografik koordinatlaryň biri. Ol takyklanylýan nokadyň demirgazykdan günorta uzalýan ugruny görkezýär. **2.** Aralyk, iki desganyň arasyndaky daşlyk.

**Uzu,** *kön.s.* – depe (Kaşg.).

**Uzyn** [uzy:n] – iki ýa-da köp desganyň uzyny; çuňy, belendi. ◊ Uzynada, Uzynakar, Uzynburun, Uzynguýy, Uzyndepe, Uzyndepiz, Uzyndiň, Uzynýol, Uzynköl, Uzynsuw, Uzyntokaý, Uzynşor.

**Uzyn tolkunlar** [uzy:n …] – diňe atmosfera hadysalarynyň täsiri bilen däl-de, eýsem ýeriň gabygynda bolup geçýän hadysalar sebäpli döreýän tolkunlar. Olar, köplenç, suwasty ýer titremesinden soň emele gelýärler. Olara *sunami* diýilýär. Onuň ýaýraýyş tizligi 400–800 km/sagat, beýikligi açyk okeanda 203 m, kenara golaý ýerde 15–30 m ýetip bilýar.

## – Ü –

**Üçagaç** – belent depeleriň üstünde geodezistleriň dikýän bellik agajy, demri, üç aýakly bellik; triangulýasiýa nokady.

**Üçburç, üçburçluk** – üç sany burçy bolan, şeýle şekili emele getirýän ýerler, depeler. ◊ Üçburç.

**Üçek,** *ýerli g.* – **1.** Tamyň üsti, tam üstüniň örtügi (Daşoguz wel.). ◊ *Üçýyldyzda üçekde* (nakyl). **2.** Galla, däne we ş.m. goýmak üçin tamyň üstünde edilýän we gapdallary bölek-bölek palçyk urulary bolan jaý (ärs.). ◊ Üçekli. *Annaguly aksakgalyň üçegi* (“Garagum”).

**Üçgil, üçgül,** *kön.s.* – üçburç, üçburçly, üçgyraň (ýer, depe we ş.m.). Mahmyt Kaşgarly *gil* sözüni “burç”, *gül* sözüni bolsa “gyraň” diýip düşündirýär.

**Üçýyldyz – 1.** Baharda suwuň mes bolup gelen wagty (ýemr.). ◊ *Üçýyldyzda üçekde* (nakyl). **2.** Ülkeriň yz ýanyndan dogýan üç sany setir ýyldyz.

**Üdekguýy** – Garagumuň toýunly, daşly ýerlerinde gazylýan, şonuň üçin hem diwarlaryna hiç zat örülmeýän örümsiz guýularyň bir görnüşi (Orazow). Bu sözüň, aslynda, *özek, ödek* adalgasy bilen baglanyşykly bolmagy mümkindir.

**Ügüz (üňüz, ögüz, üz) – 1.** *kön.s.* Derýa. ◊ Oks (Amyderýanyň gadymy türki *Ögüz* diýen adynyň ýunançalaşdyrylan görnüşi. Ol diňe ýunan alymlarynyň işinde duş gelip, soňra kitap üsti bilen dünýä ýaýradylýar). ◊ Transoksaniýa, Akes. **2.** Häzirki wagtda: birwagtlar akmasy kesilen köne derýalaryň hanasy, orny. *ser.* Üňüz.

**Ükek,** *kön.s.* – küňre; gala diwarlarynda atyşhanalary bolan diňler, küňreler (Kaşg.).

**Ülke –** Watan, ata Watan, dogduk mekan, ýurt. ◊ *Näçe möwç urdukça durmuşyň sili, Ülkämizi bezär gyzyl güllerden* (N.Pomma).

**Ülker –** birnäçe ýyldyzdan ybarat ýyldyzlar toplumy; çölbeýewanda gijesine barýan ugruny dogry kesgitlemek üçin çelgi, bellik. ◊ *Aý şöhlesin öçir ol güler ýüzler, Ülker ýyldyzy dek ýaldyrar gözler* (A.Kekilow).

**Ümez** – howanyň ýüzüne tutuş ýaýran duman, ümür, tot, çaň.

**Ümür** – bug bilen örtülen tutuk howa, duman. Kaşgarly bu sözi "oguzça" diýip belläp, *emir* görnüşinde ulanypdyr. ◊ Ümürli, Ümürligoç.

**Üňüz** – *ser.* Ügüz. ◊ Ügüz, Üňüz aňyrsyndaky Garagum.

**Ürgün** – akyp ýatan çäge; küpürsäp ýatan ýer, topur, kirşen. ◊ Ürgün çäge.

**Ürpek** – örän ownuk we ýumşak, böwşeň gum, çäge. *ser.* Urpak.

**Üst** – **1.** Ýokary, belent. ◊ Üstýurt. **2.** Ýokary ýüz, ýokary tarap. ◊ Üstükeç.

**Üşük,** *kön.s.* – güýçli sowuk, aýaz (Kaşg.).

**Üwmek,** *ýerli g.* – tümmek edilip üýşürilip goýlan närse, üýşmek (*üýşmek* adalgasy bilen asyldaş söz).

**Üýşmek** – kybapdaş zatlaryň köp ýeri, toplanan, ýygnanan ýeri. ◊ Üýşmek (guýular).

**Üýtgemeýän ýeller** [üýtgemeýä:n…] – bütin ýylyň dowamynda ugruny üýtgetmän, diňe bir tarapa öwüsýän ýeller.

**Üýük,** *kön.s.* – **1.** Belentlik, depelik ýer (Kaşgarly bu sözi "oguzça" diýip belleýär). **2.** Suwly, batgaly ýer, üstünden ýöremek, batan aýagyny sogrup almak kyn ýer (Kaşg.).

**Üzi,** *kön.s.* – iki dag ulgamynyň arasyndaky giň ýol (Kaşgarly bu sözi "çigilçe" diýip belläpdir).

**Üzük,** *kön.s.* – syzyp ýygnanýan suw (Kaşg.).

**Üzük suw** – **1.** Syzyp çykýan suwlardan baş alýan ýaplar. **2.** Ýerasty akabalar (Kaşg.).

# – W –

**Wady** [wa:dy], *kön.s., a.* – **1.** Çöl, beýewan. **2.** Dere, iki dagyň arasyndaky jülge. **3.** Derýanyň hanasy. ◊ *Düş adem wadysyga, ilden özüňi aýryp* (Şeýdaýy). **4.** Arap ýurtlarynda ýagyş suwlarynyň wagtlaýyn akýan hanasy.

**Wagt,** *a.* – her bir zadyň, hadysanyň tebigatdaky dowam edýän, ýaşaýan möhleti, sene.

**Wahym,** *a. wakf* – köpçülik haýyrlanar ýaly, metjit-medreselere bölünip berlen ýerler. ◊ Wahymaryk, Uluwahym, Kiçiwahym, Wahymgala, Wahymýer.

**War, wart,** *kön.s.* – gala, oba. Bu söz hindi-ýewropa diller toparyndaky *kerd, kird, gird, gorod* sözleri bilen asyldaşdyr. ◊ Pelwert, Purnuwar (Parnwart).

**Watan,** *a.* – adamyň dogup-dörän ýeri, önüp-ösen ýurdy.

**Welaýat,** *a.* – **1.** Ýurduň merkezinden uzakdaky ýaşalýan ýerler, ýurduň uly bölekleriniň biri. **2.** Bölüg-çäk (administratiw-territorial) birligi, häkimlik. Häzirlikçe Türkmenistanda 5 welaýat bar: Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary. **3.** Oazis.

**Welosiped ýol,** *fr.-t.* – şäher köçeleriniň ýanýoda bilen aralygynda welosiped gatnawy üçin goýulýan ýol. Ahalda oňa *tigir ýol*, Daşoguz welaýatynyň käbir şiwelerinde *itaraba ýol* diýilýär.

**Wodokaçka,** *r.* – suw çykmaýan belent ýerlerde sorujylaryň kömegi bilen suw çykarýan desga we onuň jaýy.

**Wokzal** – menzil, demir we gara (şosse) ýollarynyň geçýän ugurlarynda (köp ilatly nokatlarda), deňiz ýakasynda, gämi gatnawly derýalaryň we kanallaryň boýlarynda, uçarlaryň gonýan we uçýan ýerleri (aerowokzal), ýolagçy gatnawy we ýük daşamak üçin gurulýan duralgalar.

**Wyşka – g**özegçilik etmek, nebit çykarmak we beýleki tehniki hem-de geodezik maksatlar üçin dikilýän metal ýa-da agaç diňler.

# – Y –

**Ygal** – **1.** Maýdajyk buz bölejikleri we suw damjajyklary görnüşinde gökden ýere düşýän nem, ýagyn. **2.** *ýerli g.* Ýagyş (ärs.).

**Ygyşga** [y:gyşga], *ýerli g.* – ýelden, sowukdan goranmak üçin edilen wagtlaýyn jaý, küme; ýapynyň, dagyň yk taraplarynda edilen bassyrma, agyl we ş.m.

**Yk** [y:k] – **1.** Ýeliň, şemalyň degmeýän tarapy, ýeläniň garşysy (tarap). **2.** Käbir şiwelerde günorta (tarap).

**Ykgyn** [y:kgyn] – ýeliň ugruna gelip, bir ýerde üýşen çöp-çalam, saman, tozan, gum çökündileri.

**Yklym** [ykly:m], *a.* (asly *ýun.*) – **1.** Älem, jahan, ýurt, dünýä, il. **2.** Klimat. **3.** Klimatik guşaklyk. **4.** Dini düşünjelere görä, ýeriň 7 böleginiň biri.

**Ymarat** [yma:rat], *a.* – uly jaý, bina, abat öý. ◊ Ymarat.

**Ymgyr –** giden, uly, giň, çäksiz, ummasyz (meýdan, çöl, sähra we ş.m.).

**Yňňyrjak,** *ýerli g.* – *ser.* Gaňňa (ärs.). ◊ Yňňyrjak, Yňňyrjakdepe.

**Yrak, [**yra:k], *a.* – uzak, alys, çet. ◊ *Diýmedi ýakyn, yrak* (Ýunus Emre).

**Yrmak,** *kön.s.* – **1.** Derýa, çeşme. ◊ *Aby-Köwser yrmagyndan içerkän, Suwsuz pynarlardan gandyrdy meni* (Garajaoglan). **2.** Aryk, ýap, kanal (Attuhfatuz).

**Yssy –** güýçli gyzgyn, gyzan howa, jokrama, jöwza.

**Yş –** tutuş zadyň (diwaryň, jaýyň, dag jynslarynyň we ş.m.) deşigi, ýarygy.

**Yşgalaň –** *ser.* Yş.

**Yza,** *ýerli g.* – iýşme. Maňgyşlakda deňiz kenarlarynda bir metr çemesi çuňlukdan süýji suw çykýar. Ýerli türkmenler ol suwy diňe bir içmek üçin däl, eýsem jykyryň güýji bilen kenarýaka ýerlere akdyryp, bakja we gök ekin ekipdirler (G.Amannyýazow).

**Yzgar** [yzga:r] – toprakdaky çyg, nem, zeý.

**Yzgarýap** [yzga:rýa:p], *ýerli g.* – **1.** Yzgarsyz ýere ekilen ekinden, sepilen tohumdan doly gögeriş almak üçin yzgar suwuny atyza getirýän wagtlaýyn ýapjagazlar (ärs.). **2.** Zeýaryk, zeý suwlary akar ýaly çuň we dar aryklar (ärs.; Penjiýew).

## – Ý –

**Ýaban** [ýa:ban], *p.* – çöl, sähra, düzlük, gum, meýdan. ◊ Ýabany, Ýabanyaryk, Ýabanyoý.

**Ýabaýak** [ýa:baýak] – ýabyň gutarýan ýeri.

**Ýagmak** – gökden sepelenip dökülmek (ýagyş, gar, jöwenek, gum, tozan we ş.m. hakynda).

**Ýagmyr** – ygal, ýagyş. Gar, jöwenek, doly ýaly asmandan ýere ýagýan zatlara ýagyş, ýagmyr däl-de, ýagyn diýilýär. Mahmyt Kaşgarly hem *ýagmyr* sözüni diňe "ýagyş" (gökden suw görnüşinde ýagýan ýagyn) manysynda ulanypdyr.

**Ýagty, ýagtylyk** – Ýer ýüzüniň ýagty döwri, Ýere Günüň nurunyň, Aýyň şöhlesiniň düşýän wagty.

**Ýagtygözin** [ýagtygözi:n] – garaňky gatlyşmanka, garaňky düşmänkä, Gün ýaşmanka, gündiz, irgözin.

**Ýagty jahan,** *dini* – şu dünýä. ◊ *Mollalar öwerler ol kyýamaty, Goýsalar, bu ýagty jahan ýagşydyr* (Zelili).

**Ýagyn** – **1.** Ýagyş, gar we ş.m. görnüşde asmandan ýere düşýän çyg. **2.** Ýagyşly döwür; gar-ýagşyň ýagýan wagty; bulutly howa.

**Ýagyrny** – arka, üst, depäniň, baýryň arka tarapy.

**Ýagyş** – ownujak suw damjajyklary görnüşinde ýagýan atmosfera ýagny, damjalap ýa-da çisňäp ýagýan ýagyn, ýagmyr.

**Ýah,** *p.* – buz, doň; buzluk; sowuk, aýaz. ◊ Ýahbil.

**Ýahdan** [ýahda:n], *p.* – **1.** Buzhana, buz saklanýan ýer. **2.** Daglaryň üstündäki uly buz gatlaklary.

**Ýaka** – gyra, kenar, boý, syra. ◊ Kertýaka, Ýakaboýy, Ýakalyýap, Jarýaka.

**Ýakaboýy** – giň düzlük bilen gumuň sepgidindäki zolak ýer, ekin meýdany, gumuň ýakasy (Ahal, Balkan).

**Ýakmak, suwa ýakmak** – ýere suw tutmak, atyzy, ekini suwdan gandyrmak.

**Ýakyn** [ýaky:n] – daş bolmadyk, golaýdaky, uzak däl. ◊ Ýakyn Gündogar – Hytaý, Ýaponiýa bilen deňeşdireniňde, Günbatar Ýewropa ýurtlaryna ýakyn ýerleşen Gündogar ýurtlary: Balkanlarda, Alynky Aziýada we Demirgazyk-Gündogar Afrikada ýerleşen ýurtlar.

**Ýal** [ýa:l] – dag gerşi, uzalyp gidýän üsti dik baýyr, alaň.

**Ýalama** – tekiz düzlük, takyr.

**Ýalançy,** *gepl.d.* – şu dünýä, dünýä. ◊ *Ýalançy dünýäge gonup-göçenler, Ne söýlärler, ne bir habar bererler* (Ýunus Emre); *Ýalançyda munuň kimin hem at bolar eken* ("Görogly").

**Ýalaň** – üsti ýalaňaç depe, meýdan, düzlük. ◊ Ýalaňseňňir.

**Ýalaňaç** – üsti ot-çöpsüz depe, dag, gum. ◊ Ýalaňaç, Ýalaňaçdepe.

**Ýalazy** – üsti ot-çöpsüz düzlük, tekiz meýdan.

**Ýalçy** – dagyň ot-çöp bitmeýän tutuş ýylçyr daşdan durýan ýylmanak ýüzi, ýapysy. ◊ Garaýalçy, Akýalçy.

**Ýaldyr, ýaldyrsuw** – töweregi ot-çöpsüz, şonuň üçin hem Aýyň, ýyldyzyň ýagtysyna uzakdan ýaldyrap görünýän köl.

**Ýaldyrak** – tomus bilen güýzüň sepgidinde dogýan ýalpyldawuk ýyldyz. ◊ *Ýaldyragyň ýangyny, Üçýyldyzyň galgyny* (aýtgy).

**Ýalkym** – suwuň ýüzünden yza ýa bir gapdala serpilýän şöhle, nur.

**Ýalňyzak** – beýleki depelerden uzakda ýerleşen ýeke depeler, gyr, dag, çöl. ◊ Ýalňyzak, Ýalňyzakdepe, Ýalgyzak.

**Ýalpak** – çuň bolmadyk saý suw, suwuň boý ýeri.

**Ýalpaklyk** – çuňlugy deňziň umumy çuňlugyndan az bolan saý ýer. Ýalpaklygyň çuňlugy 20 m az bolsa, gämi gatnawy üçin howply diýlip hasap edilýär. Ýalpaklykda, köplenç, balyk tutulýar.

**Ýalym,** *kön.s. – ser.* Ýalçy. ◊ Ýalym.

**Ýamaç** – etek, ýanbaş, gapdal, böwür. ◊ *Bir gün şol köpriniň ýamajyna bir oba göçüp geldi* ("Gorkut ata").

**Ýampy** – tekiz, ýasy depe, üsti tekiz belent düzlük. ◊ Ýampy.

**Ýampyk –** *ser.* Ýampy. ◊ Ýampykburun.

**Ýan** [ýa:n] – dagyň, baýryň, gyryň, depäniň we ş.m. ýanbaşy, gapdaly. ◊ Ýanajy, Ýandepiz, Ýanýol, Ýançeşme, Ýanýap.

**Ýanalga** [ýa:nalga] – köpriniň (*ser.* Köpri – 2) gapdalynda gämileriň gelip ýanalmagy we ýük ýükleýiş-düşüriş işlerini geçirmegi üçin niýetlenen ýer. *ser*. Priçal, Köpri.

**Ýanardag** [ýanarda:g] – depesinden wagtal-wagtal ýerasty suwuk erginler (lawa) zogdurylyp çykýan dag, gaýnag, wulkan.

**Ýanardag ojagy** [ýanarda:g o:jagy] – gaýnagyň zogdurylyp çykýan, atylýan ýeri, krateri.

**Ýanaw ýer** [ýa:naw…] – dag eteklerindäki ýapgyt düzlükler (Penjiýew).

**Ýanbaş** [ýa:nbaş] – gyryň, baýryň, uzalyp gidýän depeleriň bir gapdaly, biraz ýapaşak, egin bolup gidýän belentlikler. *ser.* Ýan. ◊ Ýanbaş.

**Ýançeşme** [ýa:nçeşme] – dagyň ýanbaşyndan çykýan bulaklar, gözbaşlar.

**Ýansalma** [ýa:nsalma] – esasy ýapdan aýrylyp, atyzlara gidýän kiçi ýap.

**Ýantam** [ýa:ntam] – *ser.* Ýan, Ýanbaş. ◊ Garaýantam.

**Ýantlym –** bir gezek inip çykarda süriniň içip biljek suwy.

**Ýantym,** *kön.s.* – **1.** Çeşme. **2.** Leňňejiň bir görnüşi.

**Ýaňrak,** *kön.s.* – suwly ýerleriň üstünden geçýän egrem-bugram dag ýodasy.

**Ýaňy – 1.** Mundan biraz wagt öň, ýaňyja, golaýda bolup geçen wagt. **2.** Täze; iki meňzeş desganyň soňky döräni. ◊ Ýaňyaryk, Ýaňygala, Ýaňyguýy, Ýaňyja, Ýaňysuw, Ýaňyýap.

**Ýap** [ýa:p] – **1.** Emeli suw ýoly, aryk ◊ Akýap, Ataýap, Garaýap, Keseýap, Hanýap. **2.** Çeşme, derýajyk (ahal). ◊ Altyýap, Sekizýap.

**Ýapalak,** *ýerli g.* – üsti ýasy, ýapgyt, düz depeler (ärs.). ◊ Ýapalak.

**Ýapaç –** ýapgyt, ýapaşak ýer, şeýle ýerde ekilen ekin. Ýene *ser.* Ýamaç. ◊ Ýapaç.

**Ýapaşak** [ýapaşa:k] – ýapgyt ýer, etek.

**Ýapgyt –** eňňit ýer, ýapy.

**Ýapma,** *ýerli g.* – böwet; takyra gelýän ýagyş suwuny gerek ugra sowmak üçin, onuň öňüne basylýan böwet, çil (Balkan wel.). ◊ Uly Ýapma, Kiçi Ýapma.

**Ýapryk –** üsti ýapyk depe, ýapgyt, ýapy.

**Ýapy – 1.** Dagyň, depäniň, gyryň ýapgyt ýeri, kem-kemden peselip gaýdýan eňňidi. ◊ Saryýapy, Egriýapy. **2.** Ahalda dagyň ýapylaryndaky ekin meýdanlary (Orazow).

**Ýapyk deňiz** – birnäçe döwletiň kenaryny ýuwýan deňiz. Şol döwletler şu deňizde gämili ýüzmegiň aýratyn düzgünlerini, meselem, beýleki döwletleriň harby gämilerini şu deňze goýbermezlik ýa-da ony çäklendirmek baradaky düzgünleri işläp düzýärler. Ýapyk deňizleriň üstünden hemme döwletler üçin halkara ähmiýetli suw ýollary geçmeýär.

**Ýapyk drenaž,** *t.-fr.* – zeý suwlaryny akdyrmak üçin ýeriň astyndan geçirilýän gapdallary deşilen we daşy suw geçiriji madda (aýna süými, çagyl, gamyş, ýylgyn şahalary we ş.m.) bilen örtülen turbalar.

**Ýapyk port,** *t.-fr.* – daşary ýurt gämileriniň, şeýle hem öz ýurdunyň çet ýurtly ýolagçylary gatnadýan gämileriniň gelmegi gadagan edilen porty.

**Ýapyk ýanalga** [… ýa:nalga] – kenarýaka zolagyna çuň aralaşan uly bolmadyk deňiz akwatoriýasy.

**Ýapyýeri –** dagetek ýapylarynyň ýüzünde ekilýän ýerler (ahal).

**Ýar,** *kön.s.* – *jar* sözüniň *ý* sesi bilen aýdylýan gadymy görnüşi. Kaşgarly bu sözi “siliň oýup giden jary” diýip düşündirýär. *Ýar* sözi “kert kenar” manysynda rus diline-de geçipdir (*Beloýarsk, Krasnoýarsk*). Aslynda bu adalga *ýarmak* işligindendir. ◊ Gyzylýar.

**Ýard,** *iňl.* – 3 futa ýa-da 91,44 sm. deň bolan iňlis uzynlyk ölçegi.

**Ýarmak** [ýa:rmak], *ýerli g.* – gazmak (ýap, kanal barada. Daşoguz wel.). ◊ Kyýasýaran, Köneýarmyş, Täzeýarmyş, Ýarmyş.

**Ýarmarka,** *nem.* – şäherlerde we obalarda alyp-satmak üçin wagtal-wagtal guralýan uly bazar.

**Ýarty** [ýa:rty] – bütin desganyň (depäniň, galanyň, binanyň…) ýarpysy. ◊ Ýartygala, Ýartygaýa, Ýartygümmez, Ýartydepe, Ýartykümmet.

**Ýaryk** [ýa:ryk] – dagyň, gyryň, galanyň aýrylan, deşilen ýeri, gowak, köwek. ◊ Ýarykly, Garnyýaryk.

**Ýarylgan** [ýa:rylgan] – tolkunyň kenara ýakyn saýa (saýlyga) ýa-da suwasty daşlara ýetip, yza serpilmegi, pytramagy, dargamagy we köpürjiklemegi.

**Ýarym ada** [ýa:rym a:da] – materigiň deňziň içine süsňäp giden we üç tarapynyň suw bilen gurşalan bölegi. Adanyň ähli tarapy (töweregi) suw bilen gurşalan bolsa, ýarym adanyň bir tarapy gury ýer kenary bilen sepleşýär. ◊ Çeleken ýarym adasy (1925-nji ýyla çenli ada).

**Ýarym çarwa [**ýarym…] – *ser.* Çomry çarwa.

**Ýarym çöl** [ýa:rym…] – gurak klimat şertlerinde çölüň sähra ýa-da daglyk bilen serhetleşýän ýerinde ýüze çykýan tebigy zonanyň, landşaftyň bir görnüşi. Türkmenistanyň çygrynyň dagetek ýerleri ýarym çöllüge degişlidir.

**Ýarymkeleme** [ýa:rymkeleme], *kön.s.* – inçeýapdan alty hojalyk üçin alty sagatlap suw alýan kiçi ýap (Mary).

**Ýaryş** [ýa:ryş] – **1.** At çapyşygy (ýaryş) geçirilýän meýdan. ◊ Ýaryş. **2.** *kön.s.* Düzlük (Orhon-Ýeniseý ýazgylary).

**Ýasga,** *ýerli g.* – saý; suwuň boý berýän ýeri; güzer, mallaryň suwa inýän güzeri, suwlat (ýom., ata, gök. şiweleri. Bu adalga *ýesge* görnüşinde hem ulanylýar). ◊ Gumýasga, Garryýasga, Çägeýasga, Süýjiýasga, Şorýasga, Ýasga, Mergenýasga.

**Ýassy –** garaňky gatlyşandan 1,5-2 sagat geçenden soňraky wagt.

**Ýassyn** [ýassy:n] – ýassy wagty.

**Ýasy –** üsti ýasy depeler, gyr, dag. ◊ Ýasyaýrak, Ýasygum, Ýasygyr, Ýasydepe.

**Ýasydag –** üsti tekiz daglar.

**Ýasy depelik –** üsti tekizleşen gyrlar, baýyrlar we ş.m. (şol sanda adam tarapyndan döredilen) relýef şekilleri.

**Ýaşmak –** batmak (Aý, Gün, ýyldyzlar barada).

**Ýaşun,** *kön.s.* – ýyldyrym. ◊ *Şol güzerden ýagşy gullar misli ýaşun dek öter* (Zelili).

**Ýata –** *ser.* Ýata suw.

**Ýata goltuk –** Amyderýada akmaýan suwuň eýeleýän, ýerleşýän hapasy, aýlagy. Käbir halatlarda gyşyna gämi duralgasy hökmünde ulanylýar.

**Ýatak – 1.** Mal ýygnalýan ýer, agyl. ◊ Gargaýatak; *Ýaby bolsa hiç ýere sowulman, göni ýatagyna baryp durdy* (A. Durdyýew. "Bagtly ýigit"). **2.** Kän, tebigy baýlyklaryň gazylyp alynýan ýeri. ◊ Nebit ýatagy. **3.** *ser.* Suwýatak.

**Ýata köl** […kö:l] – suwy hiç ýere akmaýan köl.

**Ýatalga – 1.** Ýatyp gitmek üçin ýer, myhmanhana. **2.** *ser.* Ýatak. **3.** Gämileriň durmagy üçin ykda ýerleşen (ýelden goralan) kiçijik aýlag.

**Ýata suw –** akman duran suw; oýa toplanyp, köp wagt duran suw. Kaşgarly şu manyda *durgun suw* adalgasyny ulanypdyr.

**Ýatym –** aw atmak ýa-da garşydaş duşmanyňa gaýtawul bermek üçin taýýarlanan ýer, gazylan garym. ◊ *Ol ýabyň raýyşyny ýassanyp, ýatymda ýatan mergen ýaly garawullap ýatyrdy* (B. Kerbabaýew. "Aýgytly ädim"). *Öwezmyrat batyr olara ýatymlar hem garymlar edilmeli ýerleri görkezdi* (A. Gowşudow. "Perman").

**Ýat ýurt** [ýa:t ýu:rt] – çet ülke, nätanyş ýer.

**Ýaý** [ýa:ý] – **1.** *kön.s.* Ýaz sözüniň gadymy görnüşi (Orhon-Ýeniseý ýazgylary). **2.** Ýaý, doluşmadyk Aý ýaly egri depeler, baýyrlar, ýapylar. ◊ Rüstemiň ýaýy, Sadyrlynyň ýaýy.

**Ýaýkyldamak** – eýläk-beýläk yranyp durmak. ◊ Ýaýkyldap ýatan köpri.

**Ýaýla** [ýa:ýla] – **1.** Mydama oturymly (çomry) hojalyklar bilen deňeşdirende, ýazyna, tomsuna we güýzüne ýazlaga göçülip oturylýan ýer, ýazlag. ◊ Akýaýla, Gökýaýla, Şyhýaýla, Ýaýlagaraahmet, Ýaýlajyk. **2.** Mal bakylýan otluk sähra, öri meýdany, ýaýlag. ◊ Ýaýlaçäge, Ýaşylýaýla, Ýolýaýla. **3.** Ahalda: Dagetek düzlükleriň gum bilen sepleşen zolagy we şol zolakda mydama oturyp, hem

maldarçylyk, hem ekerançylyk bilen meşgullanýan ilatyň obalary (Orazow). ◊ Bagajaýaýla, Gagşalýaýla, Ganjykýaýla, Tilkiýaýla.

**Ýaýlag** [ýa:ýlag] – *ýaýla* sözüniň gadymy görnüşi. ◊ Köneýaýla, Saryýaýlag, Uzynýolýaýlag, Hanýaýlag, Akjaýaýlag, Gyzylýaýlag.

**Ýaýlah** [ýa:ýlah] – *ýaýlag* sözüniň bir görnüşi. ◊ *Sapar edip barsak Nuşah mülküne, Köňül isläni dek ýaýlahlary bar* (Magt.).

**Ýaýlaň** [ýa:ýlaň], *kön.s.* – ýaýlamaga amatly ýer, öri meýdany. ◊ *Garşy ýatan gara dagdan oglana ýaýlaň berdi* ("Gorkut ata").

**Ýaýlym – 1.** Süri agym berer ýaly mukdardaky öri meýdany. **2.** Radioda we telewideniýede anyk bir geografik nokatda geçirilýän resmi çäre baradaky gepleşik.

**Ýaýraň –** dagynyk, pytraňňy, giň. ◊ Ýaýraň depe, ýaýraň oba.

**Ýaýraw –** çygyr, areal, mesgen.

**Ýaýyk –** püre-pür doly suwly, kenardan aşýan suw. ◊ Ýaýyk – Ural derýasynyň öňki türki ady.

**Ýaýyn –** *ser.* Ýaýla. ◊ Harynýaýyn.

**Ýaz** [ýa:z] – gyşdan soň gelýän we mart, aprel, maý aýlaryny öz içine alýan pasyl, bahar, göklem. Gadymy türki dilde bu söz *ýaý* görnüşinde ulanylypdyr.

**Ýazlag –** ýaz aýlary mal bakmak, goýun sagmak we ony gyrkmak üçin göçülip barylýan otly-suwly ýer, meýdan.

**Ýazlamak** [ýa:zlamak], *kön.s.* – owlak-guzy almak, mesge we saryýag öndürmek, gurt edinmek we ş.m. çäreleri amala aşyrmak.

**Ýaz-u-gyş** [ýa:z-u:-gyş] – gyşyn-ýazyn, gyş we ýaz; bütin ýyl dowamynda.

**Ýazy** – tekiz meýdan, düzlük; sähra. ◊ Garaýazy, Saryýazy, Kiçijik ýazy.

**Ýazy ýer,** *kön.s.* – sähra (Attuhfatuz).

**Ýaz ýurt** – Garagumda baharda barylýan, ýazlamak üçin wagtlaýynça mesgen tutunylýan ýer. Ol otuň-suwuň köplügi-azlygy bilen baglanyşyklylykda üýtgäp durýar. ◊ Ýazýurt.

**Ýediderýa** [ýediderýa:] – **1.** Orta Aziýanyň aýtymyndaky ýedi derýanyň umumy ady (Wahş, Penç, Kafirnigan-Kapyrläheň, Duşanbe,

Amyderýa, Murgap, Tejen). **2.** Köp ýurtlar, dürli tebigatly ýerler, üýtgeşik landşaftly alyş ýerler. ◊ *Ýedideryanyň suwuny içen* birnäçe döwleti baryp gören, köp çarşenbäni başdan geçiren adam.

**Ýedigen** (Uly ýedigen) – Ýer şarynyň demirgazyk böleginiň esasy ýyldyzlar toplumy, uzak ýola gidýän kerwenleriň we deňizçileriň asmandaky ugur kesgitleýän belligi, çelgisi (7 ýyldyzdan ybarat bu toparyň yzky iki ýyldyzynyň üstünden göni çyzyk geçirseň, ol Demirgazyk ýyldyzyna baryp direýär. Borjakow).

**Ýegre –** *ser.* Degre.

**Ýegşem –** belent gerişleriň, dagyň, gyryň geçmek üçin amatly, ýapgydrak ýeri (*egilmek, ýegşermek* sözleri bilen asyldaş). Bu söze derek *ýegşik, egşem* sözleri hem ulanylýar (Balkan wel.). ◊ Ýegşem.

**Ýegşik –** *ser.* Ýegşem. ◊ Gökýegşik.

**Ýekenlik –** ýeken diýen ösümligiň köp ýeri.

**Ýel –** atmosfera basyşynyň dürli bolmagy netijesinde howanyň ýeriň ýüzündäki hereketi. ◊ Ýellioý, Ýel, Ýelgol, Ýelarbat, Ýelbaýyr, Ýeldepe, Ýellioý.

**Ýele –** ýeliň, şemalyň öwüsýän tarapy, ygyň garşysy.

**Ýelekenar** […kena:r] – ýeliň öwüsýän tarapynda ýerleşýän gury ýer, kenar.

**Ýel-guz** [ýel-gu:z] – *ser.* Ýel.

**Ýelharaz –** ýeliň güýji bilen herekete getirilýän, galla, däne üweýän desga we onuň ýeliň degýän belent ýerlerinde oturdylan ýerleri.

**Ýelsiz tolkun –** deňizde ýeliň ýok wagty suwuň ýüzünde emele gelýän nätekizlik.

**Ýeňse –** depäniň, dagyň, gyryň we ş.m. zatlaryň arka tarapy, yzy, syrty.

**Ýeňseki –** *ser.* Ýeňse.

**Ýer** – **1.** Ýaşaýan planetamyz. **2.** Gury ýer. ◊ Ýergöbek, Ýerdüýbi, Ýerkemer, Ýeroýulan. **3.** Ekin meýdany, ilat ýaşaýan mesgen. ◊ Ýerli, Gawunýer, Gyzylýer, Seýdiýer, Uýguryer, Uşakýer.

**Ýerasty baýlyklar** […ba:ýlyklar] – Türkmenistanda olara gazylyp alynýan nebit, tebigy gaz, kömür, alýuminiý, demir, mis,

magniý, gurşun, altyn birleşmeleri bolan magdanlar; ýod-bromly we beýleki minerallary düzüminde saklaýan suwlar ýaly gymmatlyklar degişlidir.

**Ýerasty suwlar –** ýeriň aşaky, dürli çuňlukdaky gatlagynda ýerleşen, dürli derejede minerallaşan suwlaryň umumy ady.

**Ýerdöle –** gyşda mal saklamak üçin ýerden gazylyp, üsti basyrylýan jaý, ýatak.

**Ýerdüýbi –** örän çuň oý. ◊ Ýerdüýbi.

**Ýer-gök** […gö:k] – älem-jahan, dünýä. ◊ *Ýer-gök doly aşyk durur* (Ýunus Emre).

**Ýerküme –** ýaşamak üçin ýerden gazylyp edilen jaý.

**Ýerzemin** [ýerzemi:n], *t.-p.* – jaýyň aşagyndan ýer gazylyp, ýörite, tomus salkyn, gyş ýyly bolar ýaly edilen otag, jaý.

**Ýesge –** *ser.* Ýasga.

**Ýetim** [ýeti:m] – ýer-ýurt atlarynda: ýalňyz, ýeke duran (depe, gala, dag…). ◊ Ýetimala, Ýetimbaýyr, Ýetimdag, Ýetimekýapy, Ýetimjeçulba, Ýetimjylga.

**Ýetimaryk** [ýeti:ma:ryk] – atyzyň içinde (gyradan 4 metrlikde) keşlere suw akdyrmak üçin çekilýän salma, ýap (Tejen; Penjiýew).

**Ýetimdag** [ýeti:mda:g] – dag massiwinden uzakda, ýekelikde ýerleşýän dag. ◊ Ýetimdag, Ýetimekdag.

**Ýirik –** gaçy, kenar, raýyş, diwar ýaly zatlaryň ýykylan, ýirilen ýerleri.

**Ýogla –** deňizdäki "0" bal bilen bellenilýän ýelsiz, asuda howa. Maňgyşlak türkmenleri bu sözi *ýowla* görnüşinde ulanýarlar. Ýogla wagty Aýyň ýagtysynda deňiz suwunyň endigan agaryp görünýändigi, kümüş reňklidigi üçin, oňa *akýogla* (akýowla), ruslar bolsa *serebrýanyý ştil* diýýärler.

**Ýogyn suw** [ýogy:n…] – galyň suw, içmäge çala ýaramly, şorrak suwlar.

**Ýogynýap** [ýogy:nýa:p], *kön.s.* – uly ýap (Mary). Geçen asyryň 80-nji ýyllaryna çenli Mary ülkesinde jemi 24 bölüg bolup, olaryň hersiniň bir ýogynýaby bar eken. Bu uly ýaplaryň her biri dört sany

inçe ýaba bölünipdir. Tejende jardan (baş kanaldan) baş alýan ene ýaba *ýogynýap* diýilýär (Penjiýew).

**Ýoda** [ýo:da] – tebigy gurşawda adamyň ýa-da jandarlaryň köp gatnaw etmegi netijesinde emele gelen inçejik ýoljagaz. ◊ *Ýoda yzlasaň ýola barar, ýol yzlasaň ile* (nakyl).

**Ýokarky** – **1.** Biri-biriniň üstünde, astlaýyn-üstleýin ýerleşen iki zadyň üstündäkisi. **2.** Käbir etraplarda gündogarda, beýlekilerde günorta-gündogarda çölde, üçünji etraplarda günortada baýyrda, ýaplaryň, çeşmeleriň başynda ýerleşen. ◊ Ýokarky Şor, Ýokarky Çüli.

**Ýokary** – **1.** Günorta bilen gündogaryň arasyndaky tarap, aşak tarapyň garşysy. Ol $135^0$ bilen bellenilýär. **2.** Belentlikleriň üstki bölegi. **3.** Çeşmeleriň, ýaplaryň başlanýan tarapynda ýerleşen. ◊ Ýokary Bagty, Ýokary Mugal, Ýokary Suhty, Ýokary Topýatan, Ýokary Sumbar.

**Ýol** [ýo:l] – **1.** Gatnaw, hereket etmek üçin köçe, gatnaw edilýän ýer, köpçülikleýin ýörelýän zolak. ◊ Ýüpek ýoly, Ýolaşangyr, Ýolöten, Gökýol, Ýolçilik. **2.** Gökde uçarlaryň, deňiz-derýada gämileriň hereketiniň ugurlary. **3.** Döwletiň syýasy ugry, ýörelgesi. ◊ Dogryýol, Täzeýol.

**Ýolak** [ýo:lak], *kön.s.* – **1.** Ýoda (Kaşg.). **2.** Bulak, çeşme (Kaşg.).

**Ýolaşan** [ýo:la:şan] – üstünden ýol geçýän belent gyrlar, daglar, alaňlar. ◊ Ýolaşan, Ýolaşangyr.

**Ýolaýyrt** [ýo:laýyrt] – ýoluň ikä ýa-da birnäçe bölege bölünýän ýeri, çatryk. Ýoluň şeýle ýerine *ýolçilik* hem diýilýär. ◊ Ýolaýyrt.

**Ýolçilik** [ýo:lçilik] – *ser.* Ýolaýyrt. ◊ Ýolçilik.

**Ýomalak, ýumalak,** *ýerli g.* – togalak depeler (Lebap wel.).

**Ýowla** – *ser.* Ýogla.

**Ýul,** *kön.s.; ýerli g.* – çeşme, bulak (Kaşg., salar). Bu söz häzirki türkmen dilinde “çabga” manysyndaky *jala* sözünde saklanypdyr. Çuwaş dilinde bulaga häzir hem *jal, jala* diýilýär.

**Ýulak,** *kön.s.* – çeşme, gözbaş, bulak (Kaşg.). Bu söz *ýylga* adalgasynyň düzüminde-de duş gelýär.

**Ýumalak,** *ýerli g. – ser.* Togalak (Far.). ◊ Ýumalak, Ýumalakdepe.

**Ýumry** – üsti togalak depeler. ◊ Ýumrugyzyl, Ýumrudag, Ýumrudepe.

**Ýumşak suw** – suwuň talhlyk derejesi az bolan süýji suwlar.

**Ýurt** [Ýu:rt] – **1.** Watan, ülke, döwlet, mekan, mesgen, ýaşalýan ýer. Ata ýurdy. **2.** Oba, ýazlag, gyşlag. ◊ Üstýurt, Dikýurt, Ýazýurt, Çukurýurt. **3.** Göçen obanyň orny. ◊ Çeltekýurt.

**Ýuwan** – **1.** Duzsuz suw, guýy. ◊ Ýuwançaý, Ýuwanguýy. **2.** Sil suwunyň gorp, kert emele getiren ýeri. ◊ Ýuwangala, Ýuwandere.

**Ýuwaş** – **1.** Aramja ýel. **2.** Tolkuny äpet bolmadyk deňiz, suw giňişligi. ◊ Ýuwaş okean.

**Ýuwga,** *kön.s.* – gözbaşy bolmadyk akyn, sil (Kaşg.).

**Ýuwmak** – suwuň kenara degýän, kenar bilen sepleşýän ýeri, derýanyň batly akymynyň kenary opurmagy.

**Ýuwug,** *kön.s.* – sil suwlarynyň dagdan akym bilen getirip, ýuwup düşüren uly daşlary (Kaşg.).

**Ýuwuş suwy** – ýeriň şoruny aýyrmak üçin topragy çuň basdyryp tutulýan suw.

**Ýürek, ýürekdepe** – görnüşi ýürege meňzeş şekildäki togalak daşlar, depeler, daglar. ◊ Ýürekdepe, Ýürekliçulba.

**Ýüz** – **1.** Näme-de bolsa bir zadyň öň tarapy, üsti, ýokarsy. ◊ Deňziň, kölüň ýüzi, ýapynyň ýüzi, Günüň ýüzi, haýatyň ýüzi. **2.**Tarap. ◊ Gaýraýüz, Ileriýüz, Gyzylýüz.

**Ýüzüş** – bir ýerden beýleki bir ýere suw ýoly bilen ulagly ýa-da ulagsyz geçmeklik.

**Ýygyrt** – dag ýapgytlarynyň ýa-da jynslarynyň gasyn-gasyn bolup duran ýeri.

**Ýykgyn** – *ser.* Degiş. ◊ Köçebaýýykgyn.

**Ýyl** – on iki aýdan ybarat bolan wagt birligi.

**Ýylçyr** – üsti ösümliksiz ýalçy daşdan durýan dag, ýapy.

**Ýyldyrym** – Atmosferada elektrik güýçleriniň toplanmagyndan howada birden ýüze çykýan ýagtylyk: bulutlaryň arasyndaky,

bulutlaryň öz içindäki ýa-da bulut bilen ýerüstüniň arasyndaky görünýän elektrik razrýady – zarýadsyzlanmagy.

**Ýyldyz** – gijesine ýönekeý göz ýa-da ýörite gurallar arkaly görmek mümkin bolan, öz-özünden ýagtylanýan asman jisimi. ◊ Ýyldyzdepe, Ýyldyz, Ýyldyzly.

**Ýylga,** *kön.s.* – **1.** Bulak, çeşme, derýa. **2.** *ýerli g.* Akyn; suw akýan käl (Stawr.).

**Ýylkyk** – içmäge çala ýaramly suw. ◊ Ýylkyk.

**Ýylma** – *ser.* Ýylman.

**Ýylman, ýylmanak, ýylmançak** – daşlaryň, ýeriň, gaýanyň ýüzlerini suwuň ýylmap giden ýerleri. ◊ Ýylmangaýa.

**Ýyluw,** *kön.s.* – **1.** Suwuň doňan ýüzünden suw almak ýa-da balyk tutmak üçin edilýän oýuklar. **2.** Derýanyň, kölüň doňmaýan ýeri (G.galp.).

**Ýyly – 1.** Maýyl. **2.** Ýyly suwly çeşme. ◊ Ýylyja, Ýylysuw.

**Ýylym** – *ser.* Ýyluw.

**Ýympyk** – tagamsyz suw, guýy.

**Ýyrmak** – *ser.* Yrmak.

**Ýyrtyk** – joşgun suwuň öz kenaryny, raýyşyny ýa-da gaçyny böwsen ýeri (Tejen). ◊ Ýyrtyk, Ýazynyň ýyrtygy.

**Ýyş,** *kön.s.* – **1.** Üsti tokaýly dag. **2.** Belentlik (Kaşg.). **3.** Ýaşamak üçin amatly dere, jülge (ДТС).

## – Z –

**Zakaznik,** *r.* – çäkli goraghana. Ol özbaşdak ýa-da goraghananyň garamagynda bolýar.

**Zaman** [zama:n], *a.* – wagt, eýýam, döwür.

**Zamana** [zama:na] – *ser.* Zaman.

**Zapowednik,** *r.* – *ser.* Goraghana.

**Zarmy** – ýerzemin (Mäne-Çäçe).

**Zastawa,** *r.* – serhet goşunlarynyň ýörite bellenen topary, birikmesi we olaryň ýaşaýan şäherçesi.

**Zaw** [za:w], *p.* – **1.** Kiçiräk dere, julgejik. **2.** Köwek, gowak. ◊ *Aždarha eýeläp zawyň ýagşysyň* (Magt.). **3.** Dagda deräniň gutaran ýerindäki kert ýer, uçut, gaýa. ◊ Akzaw, Bekzaw, Zerzaw, Pälwanzaw. Täjikler dag jülgelerine we üstüne çykmasy kyn gerişlere hem *zaw* diýýärler.

**Zemin** [zemi:n], *p.* – ýer, toprak, gum. ◊ *Zemin kaýsy, zaman kaýsy bilmedim* (“Saýatly-Hemra”).

**Zemistan** [zemista:n], *p.* – gyş. ◊ *Gidende zemistan, gelende bahar* (“Saýatly-Hemra”).

**Zäh,** *p. -ser.* Zeý.

**Zäharyk** [zäha:ryk] – zeý suwlaryny akdyrmak üçin çekilýän çuň ýaplar (ärs.). Olara *yzgarýap* hem diýilýär.

**Zeý,** *p.* – ýerasty suwlaryň köpelmegi hetijesinde ýeriň ýüzüne, ylaýta-da pes ýerlere çykýan suw, yzgar. ◊ Zeýgala.

**Zeýakaba, zeýkanal** – zeýkeşlerde toplanýan şor suwlary daýhan birleşiginiň, etrabyň, welaýatyň çäginden äkitmek üçin gazylýan uly ýaplar, akaba – kanallar. *ser.* Akaba.

**Zeýkanal** – *ser.* Zeýakaba.

**Zeýkeş,** *p.* – ýeriň artykmaç yzgaryny çekdirmek, zeý suwlaryny akdyrmak üçin çekilýän ilkinji ululy-kiçili ýaplar. Soňra olar zeýakabalara birikdirilýär.

**Zeýlemek** – **1.** Ýerasty suwlaryň ýokary galmagy netijesinde ýeriň şorlamagy, zaýalanmagy. **2.** Binalaryň, jaýlaryň düýbüniň – fundamentiniň yzgar bilen gelen duzlaryň toplanyp agarmagy.

**Zilzile,** *a.* – ýer titreme, ýer yranma.

**Zine** [zi:ne], *p.* – basgançak; dagyň, belent we dik depeleriň basgançak bolup duran ýerleri.

**Zol** [zo:l] – **1.** *ser.* Zolak. ◊ *Ýediguýy, uzak bolýar zollaryň* (Z.B.Muhammedowa); Dokuzzol. **2.** Derýanyň (ýabyň) kenarynda uzaboýuna açylan insiz ekerançylyk ýerler, zolaklar (Penjiýew, 1993). **3.** *ser.* Dol. ◊ Zolluguýy.

**Zolak** [zo:lak] – giňişligiň içinden bir ugra uzap gidýän bölegi, ýap, çil, geriş bilen arasy uzynlygyna kesilen meýdan. ◊ *Goranyş zolagy çöwrülip ýatyr* (Paýzy Oraz).

**Zolluguýy** [zo:lluguýy] – *ser.* Dolluguýy. ◊ Zolluguýy.

**Zona,** *ýun.* – belli bir çägiň aralygyndaky giňişlik, bir ugruň boýy, belli bir mahsus aýratynlygy bilen tapawutlanýan ululy-kiçili zolak, meýdan, çäk. ◊ Serhet zonasy, Çöl zonasy, Medeni zona.

**Zoopark,** *ýun.-iňl.* – haýwanat seýilgähi (parky), her hili haýwanlary saklamak üçin ýörite bejerilen seýilgäh. Manydaş sözi *janly muzeý.*

**Züm –** *ser.* Sum. ◊ Zümkän.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

## *TÜRKMEN DILINDE*

**1. Atanyýazow S.** Türkmen diliniň sözköki (etimologik) sözlügi. Aşgabat: Miras, 2004.

**2. Atanyýazow S.** Türkmenistanyň geografik atlarynyň düşündirişli sözlügi. Aşgabat: Ylym, 1980.

**3. Atanyýazow S.** Geografik terminler Türkmenistanyň toponimikasynda. // TSSR YA-nyň habarlary, jemgyýetçilik ylym-larynyň seriýasy. 1969. № 1.

**4. Atanyýazow S.** Türkmenistanyň toponimiýasy. Aşgabat: Ylym, 1981.

**5. Borjakow Ş.** Türkmen diliniň deňiz we derýa leksikasynyň gysgaça sözlügi. Aşgabat: Ylym, 1980.

**6. Çommadow O.** Türkmen diliniň kerki topar dialektleri. Aşgabat: Ylym, 1991.

**7. Gurbanow Ö., Arnageldiýew A.** Ülkäniň tebigatyny öwrenmek. Aşgabat: Ylym, 1994.

**8. Hudaýberenow J.** Türkmen diliniň ýemreli dialekti. Aşgabat: Ylym, 1977.

**9. Lawrow Al.P.** Türkmenistanyň çetki nokatlary // “Ýaş kommunist”. 1970. 12-nji maý.

**10. Lawrow Ark.P.**, **Lawrow Al.P.** Geografiýa terminleriniň rusça-türkmençe gysgaça düşündirişli sözlügi. Aşgabat: TSSR YA-nyň neşirýaty. 1954.

**11. Mawyýew N.** Türkmen diliniň arabaçy dialekti. Aşgabat: Ylym, 1987.

**12. Magtymguly**. Saýlanan eserler. Iki tomluk, 1-2 tomlar. Aşgabat: Türkmenistan, 1983.

**13. Meredow A., Ahally S.** Türkmen klassyky edebiýatynyň sözlügi. Aşgabat: Türkmenistan, 1988.

**14. Oba** hojalyk terminleriniň türkmençe-rusça sözlügi / B.B. Kerbabaýewiň we G.A. Ataýewiň redaksiýasy bilen. Aşgabat: Ylym, 1979.

**15. Penjiýew M.** Ekerançylyk we toprakçylyk terminleriniň sözlügi. Aşgabat: Ylym, 1993.

**16. Penjiýew M.** Türkmen diliniň ekerançylyk leksikasy. Aşgabat: Ylym, 1979.

*RUS DILINDE*

**17. Atаниязов С.** Местные географические термины и некоторые другие слова, входящие в состав топонимов Туркменистана // Советский Союз. Географическое описание в 22-х томах. М., 1969.

**18. Атаниязов С.** Отражение в топонимике природно-хозяйственных условий Туркменистана / Очерки по истории хозяйства народов Средней Азии и Казахстана // Труды Института этнографии им. Н.Н. Миклухо-Маклая. Т. XCVIII. Л., 1973.

**19. Бабаев А.Г., Орловский Н.С.** В пустынях Средней Азии // Курьер ЮНЕСКО. 1977. Июль.

**20. Бабаев А.Г., Зонн И.С., Дроздов Н.Н., Фрейкин З.Г.** Пустыни. М.: Мысль, 1986.

**21. Боровков А.К.** Лексика среднеазиатского тефсира XII–XIII вв. М.: Изд-во вост. л-ры, 1963.

**22. Бушуева Е.Н.** Словарь русской транскрипции географических терминов и других слов, встречающихся в топонимии Азербайджанской ССР, М., 1971.

**23. Вальтер Г.** Растительность земного шара. Т. 1, 1968.

**24. Гельдыханов М**. Географические термины, связанные с гидрографией Туркменистана // Проблемы освоения пустынь. 1967. № 6.

**25. Гельдыханов М.** Местные географические термины Туркменистана: Автореф. дис ... канд. геогр. наук. Баку, 1973.

**26. Гельдыханов М**. Этимология терминов, относящихся к добыче воды в Каракумах // Проблемы освоения пустынь. 1969. № 2.

**27. Гельдыханов М.** Гидрографические термины Турк-менистана // Вопросы географии. Сб. 81. М.: Мысль, 1979.

**28. Древнетюркский** словарь. Л.: Наука, 1969.

**28а. Кончубаев Е.** Краткий топонимический словарь топонимов Казахстана. Алма-Ата: Наука, 1974.

**29. Конкашпаев Г.К.** Казахские народные географические термины: Автореф. дис. канд. геогр. наук. Алма-Ата, 1948.

**30. Конкашпаев Г.К.** Казахские народные географические термины. Алма-Ата, 1951.

**31. Конкашпаев Г.К.** Казахские народные географические термины // Изв. АН Каз. ССР. 1951. Сер. геогр. Вып. 3. № 99.

**32. Конкашпаев Г.К.** Словарь казахских географических названий. Алма-Ата: Изд-во АН Каз. ССР, 1963.

**33. Конкашпаев Г.К.** Общие закономерности местной тюркоязычной географической терминологии Средней Азии и Казахстана. / Местные географические термины в топонимии // Тез. докл. М., 1966.

**34. Конкашпаев Г.К.** Цветовые слова в тюркских топонимах // Географические науки. Алма-Ата, 1969.

**34а. Кононов А.Н.** Родословная туркмен. Сочинение Абу-л-Гази хана Хивинского. М.–Л.: Изд-во АН СССР, 1958.

**35. Маллицкий Н.Г.** О некоторых географических терминах, имеющих отношение к Средней Азии // Изв. ВГО. 1939. Т. 71.

**36. Малов С.Е.** Памятники древнетюркской письменности Монголии и Киргизии. Словарь. М.; Л.: Изд-во АН СССР. 1959.

**37. Мельхеев М.Н.** Местные географические термины Восточной Сибири // Труды Иркутского университета. Сер. геогр. 1958. Т. 24. Вып. 1.

**38. Местные** географические термины // Вопросы гео-графии. М.: Мысль, 1970. Сб. 81.

**39. Мурзаев Э.М.** Местные географические термины и их роль в топонимике. Местные географические термины в топонимии // Тез. докл. М., 1966.

**40. Мурзаев Э.М.** К географической терминологии туркмен // Изв. ВГО. 1939. Т. 71.

**41. Мурзаевы Э. и В.** Словарь местных географических терминов. М.: Гос. изд-во геогр. лит., 1959.

**42. Мурзаев Э.М.** Местные географические термины и их роль в топонимии. Анатомическая лексика в народной географической терминологии // Очерки топонимики. М., 1974.

**43. Мурзаев Э.М.** Словарь народных географических терминов. М.: Мысль, 1984.

**44. Нафасов Т.** Древне-иранские слова в гидронимии Южного Узбекистана // Ономастика Узбекистана. Ташкент, 1987.

**45. Никонов В.А.** Краткий топонимический словарь. М.: Мысль, 1966.

**46. Оразов А.** О типологии источников водопоя в Центральных и Юго-Восточных Каракумах // Очерк этнографии населения Южного Туркменистана (XIX – начало XX в.). Ашхабад, 1979.

**47. Оразов А.** Этнографические очерки хозяйства туркмен Ахала в XIX – начале XX в. Ашхабад: Ылым, 1985.

**48. Петров М.П.** Пустыни земного шара. Л.: Наука, 1973.

**49. Радлов В.В.** Опыт словаря тюркских наречий. Т. I–IV. СПб., 1893–1911.

**50. Розен М.Ф., Малолетко А.М.** Географические термины Западной Сибири. Томск: Изд-во Томского ун-та, 1986.

**51. Савина В.И.** Гидронимические термины на картах Афганистана // Географические названия на карте. (Сб. науч. тр. ЦНИИГА и К). М., 1985. Вып. 236.

**52. Савина В.И**. Словарь географических терминов и других слов, формирующих топонимию Ирана. М., 1971.

**53. Словарь** географических терминов и других слов, формирующих топонимию Таджикской ССР. М.: Наука, 1975.

**54. Тенишев Э.Р.** Строй саларского языка. М.: Наука, 1976.

**55. Титова А.С.** Словарь русской транскрипции терминов и слов, часто встречающихся в названиях Казахской ССР. М., 1960.

**56. Хуррамов К.** Узбекские народные географические термины Узбекистана: Автореф. дис. канд. филол. наук. Ташкент, 1981.

**57. Фрейкин З.** Краткий географический словарь-справочник аридной зоны СССР. Ашхабад: Ылым, 1982.

## *TÜRKI DILLERDE*

**58. Ali Riza Yalman (Yalkin).** Cenupta türkmen oymaklari. I. Ankara, Coğrafi deýim ve terimler bölümi, 1977. 136–139 sah.

**59. Аттухфатуз** закияту филлугатит туркия [туркий тил (кипчок тили) хакида ноёб тухфа]. Тошкент: Фан, 1968.

**60. Devellioğlu Zerit**. Osmanlica-Türkce Ansiklopedik Lugat. Eski ve yeni harflerde (3. Ofset baski). Ankara, 1978.

**61. Йузбашов Р.** Азербайчан чографийа терминлäри. Бакы, 1966.

**62. Кошгарий Махмуд**. Девоны лугот ат-турк. Т. I–III, Тошкент: Фан, 1960, 1961, 1963; Divanü Lugatit-Türk Tercümesi. Ceviren Besim Atalaý. Çilt I–III. Ankara, 1992.

**63. Нафасов Т.** Жанубий Узбекистон топонимиясининг этнолингвистик анализи. Тошкент, 1985.

**64. Нафасов Т.** Узбекистон топонимларининг изохли лугати. Тошкент: Укитувчи, 1988.

**65. Узбек** шевалари лексикаси. Тошкент: Фан, 1966.

**66. Хасанов Х.** География терминлери лугати. Тошкент: Фан, 1964.

## MAZMUNY

Giriş....................................7
Halk geografik adalgalary barada gysgaça maglumatlar ....................................9
Sözlügiň gurluşy barada....................................17
Gysgaltmalar....................................19
Türkmen elipbiýi....................................21
A ....................................22
B ....................................34
Ç ....................................43
D ....................................55
E ....................................67
Ä ....................................71
F ....................................71
G ....................................71
H ....................................91
I ....................................95
J ....................................97
K ....................................99
L ....................................109
M ....................................110
N ....................................115
O ....................................117
Ö ....................................121
P ....................................124
R ....................................129
S ....................................130
Ş ....................................142
T ....................................146
U ....................................157
Ü ....................................159
W ....................................161
Y ....................................162
Ý ....................................163
Z ....................................174
Peỳdalanylan edebiỳatlar ....................................177

*S. Atanyỳazow, Ö. Gurbanow, P. Esenow*

# HALK GEOGRAFIK ADALGALARYNYŇ SÖZLÜGI

Redaktory *N. Kakalyýewa*
Teh. redaktor *T. Aslanowa*

Ýygnamaga berildi 05.11.2012. Çap etmäge rugsat edildi 22.01.2013.
A-76006. Ölçegi 60x84 1/16. Çap listi 11,5. Hasap-neşir listi 7,07.
Neşir № 7. Sargyt № 10. Sany 300.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” çaphanasy.
744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan şaýoly, 15.